Türkmenistanyň Bilim ministrligi
Magtymguly adyndaky Türkmen
döwlet uniwersiteti

**Agamyrat Mämmedow**

# HABAR BERIŞ SERIŞDELERINIŇ YKDYSADYÝETI WE MENEJMENTI

***Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby***

*Türkmenistanyň bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

**Aşgabat -2010**

**Mämmedow A.**
**Habar beriş serişdeleriniň ykdysadyýeti we menejmenti .** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy.– A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010. 127 sah.

# Giriş

Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň bazar gatnaşyklaryna geçýän tapgyrynda we beýik özgertmeler döwründe žurnalistika hünäri boýunça ýokary okuw mekdeplerinde bilim alýan talyplara “Habar beriş serişdeleriniň ykdysadyýeti we menejmenti“ barada giňişleýin düşünje berilmegi zerurdyr.

Çünki, ýurdumyzda ykdysady gatnaşyklaryň kämilleşýän we bazar gatnaşyklaryna tapgyrlaýyn geçilýän häzirki döwürde habar beri serişdeleriniň ykdysadyýetinden we menjmentinden ýakyndan habarly bolmaklygyň wajypdygy ikuçsyzdyr.Dolandyryş işlerininiň has ähmiýetli alnyp barylmagy, menejerleriň ýerine ýetirýän amallarynyň içgin öwrenilmegi täze ykdysady gatnaşyklar şertlerinde zrurlyk bolup durýar. Dolandyryş işleriniň haýsy basgançaklarynda işleriň alnyp barylýandygyna garamazdan, olaryň her birinde dolandyrýan bilen dolandyrylýanlaryň özara gatnaşyklaryny has bähbitli gurap, düşewüntli netijeler bilen bäsdeşlik artykmaçlyklaryny gazanmak menejerleriň esasy wezipesi hasaplanýar.

Talyplaryň “Habar beriş serişdeleriniň ykdysadyýeti we menejmenti“ dersiniň alabalaýyk özleşdirilmegi üçin mähriban Prezidentimiziň

parasatly ýolbaşçylygynda Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň häzirki ýeten belent derejelerinden, ýurdumyzyň habar beriş serişdeleri, neşirýat ulgamy hem-de olaryň Garaşsyz , baky Bittarap Diýarymyzyň täze Galkynyş we beýik özgertmeler eýýamyndaky eýeleýän mynasyp orny baradaky bilimleri özleşdirmekleri, menejerligiň filosofiýasyndan, menejerligiň sosial – psihologiýasyndan, ykdysady ösüşiň nazaryýetinden, makroykdysadyýetden, mikroykdysadyýetden, habar beriş serişdeleriniň önümçiligininň häzirkizaman tehnologiýasynyň ösüş nazaryýetinden, maglumatlaryň we kompýuterleriň nazaryýetinden we sosial–psihologiki sazlaşdyrmagyň nazaryýetinden bilimleriniň bolmagynyň uly ähmiýeti bardyr.

Žurnalist-talyplar bu gollanma arkaly медиабизнесiň nämedigi, redaksiýanyň edara tarap hökmünde bellige alynmagynyň guramaçylyk-hukuk görnüşleri, olaryň tapawutly aýratynlyklary hakynda bilimleri alarlar. Menejmentiň nämedigini, redaksiýalarda olaryň haýsy görnüşleriniň ulanylýandygyny, gazet redaksiýalaryndaky zähmet gatnaşyklarynyň guralyşyny öwrenerler.

Redaksiýalarda bazar şertlerinde žurnalistleriň zähmetine hak tölenilişi, önümçilik maksatlary we usullary bilen ýakyndan tanşarlar.

Bu mysaly gollanma talyplara:Maliýe menejmenti näme, onuň nähili maksatlary, ugurlary we usullary bar? Redaksýanyň sermaýa gaznasyna

nämeler giryär we ol nähli formirlenýär? Redaksiýanyň esasy we dolanyşyk serişdelerine näme degişli? diýen ýaly we başga sowallara jogap tapmaga kömek eder.

Gollanmada redaksion býujetiň esasy çykdaly maddalarynyň haýsylardygy, habar beriş serişdeleriniň redaksiýalarynyň nähili möhüm girdeji çeşmeleriniň bardygy, redaksiýalaryň tiraž syýasatynyň düzüm bölekleriniň haýsylardygy, tiraž syýasatynyň redaksiýalaryň nyrh syýasaty bilen nähili özara baglanyşygynyň bardygy barada maglumatlar berilýär.

Redaksiýanyň mazamlama syýasatynyň nämäni aňladýandygy, gazetiň sanynyň,gazet sahypalaryndaky mazamlamanyň optimal bahasynyň nähili kesgitlenilýändigi barada habarly bolarlar.

Gazet redaksiýasynda biznes-meýilnamalaşdyrmanyň nähili ähmiýetiniň, naksadynyň we usullarynyň bardygy, habar beriş serişdeleriniň nähili ykdysady artykmaçlyklara eýedigi, şeýle hem, HBS-iň brэndiniň nämedigi we onuň ähmiýetiniň nämeden ybaratdygyna hem şu gollanma arkaly göz ýetirmek bolar.

# Täze Galkynyş we beýik özgertmeler eýýamynda türkmen ykdysadyýetiniň belent derejeleri we köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň orny

## T*ürkmen ykdysadyýeti ynamly ösüş ýolunda*

Milli Liderimiziň 2010-njy ýylyň 10-ny maýyndaky,,Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna” diýen giň göwrümi, çuň mazmunly konseptual makalasy ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň täze Galkynyş we beýik özgertmeler eýýamynda ýeten belent derjeleri we şol düýpli ösüşleri gazanmaklyga giň ýol açýan faktorlaryň düýp özenine aýdyň göz ýeirmäge ajaýyp mümkinçilik berýär. Bäş bölümden ybarat bu tutumly metbugat çykyşynda hormarly Prezidentimiziň ,,Biziň ýurdumyz öz halkynyň gujur-gaýratyna we ruhubelentligine daýanyp, ertekileriň gahrymany äpet pälwanlar ýaly, päsgelçilikeri we kynçylyklary çalt ýeňip geçýär” diýen sözleriniň çuňňur manysy bardyr.

Ata Watanymyz dünýä bileleşiginde ygtybarly, mynasyp hyzmatdaş hökmünde giňden tanalýar. Hormatly Prezidentimiziň öz netbugat çyjyşynda örän ýerlikli belleýşi ýaly, döwletimiz ygtybarlylygy, açyklygy, howpsuzlygy üpjün edýän ýurt hökmünde uly abraýdan peýdalanýar. Bu biziň ýurdumyza iňňän uly halkara ykdysady taslamalaryny

durmuşa geçirmekde daşary ýurt hyzmatdaşlary bilen arkalaşykly, ynamly iş alyp barmaga mümkinçilik berýär. Täze uly göwrümli maksatnamalary amala aşyrmaklygy meýilleşdirmäge giň ýol açýar.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow durmuşa ornaşdyrýan döwrebap özgertmeleri netijesinde dwersifikasiýa esaslanýan ykdysadyýetimizde guwandyryjy netijeler gazanylýar. 2009-njy ýylda jemi içerki önüm babatdaky görkeziji 2008-nji ýyldaky bilen deňeşdirilende 106 göterimden artdy.

Bu görkeziji ýurtda alnyp barylýan ykdysady syýasatyň öz oňyn netijlerini berýändigini aýdyň görkezýär. Içerki bazarlarymyzda esasy harytlara we hyzmatlara bolan nyrhlaryň öňküligine saklanýandygy maliýe-ykdysady özgertmeleriniň dürs alnyp barylýandygyny, milli manadymyzyň hümmetiniň durnukly saklanylýandygyny görkezýär.

2010-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan ýurdumyzda iş haklarynyň, pensiýalaryň, döwlet kömek pullarynyň we talyp haklarynyň 10% ýokarlandyrdylmagy halkymyzyň durmuş-ýaşaýyş derejesiniň ep-esli gowulandyrylmagyna ýardam etdi.

Milli Liderimiziň alyp barýan içeri we daşary syýasatynyň özeni türkmen halkynyň abadan bolçulykly ýaşaýşyny üpjün etmek, sebit we dünýä ýurtlary bilen dostana gatnaşyklary, dürli ugurlar boýunça hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak bilen ýer ýüzünde parahatrçylygy goramak, şol sanda dünýä

müşgillikleriniň oňyn çözgütlerini tapmaklyga önjeýli goşant goşmak, dünýäniň iň ösen döwletleriniň hataryna tiz goşulyşmak baradaky ajaýyp ýörelgelerden ybaratdyr.

Daşary syýasat babatda hormatly Prezidentimiz iňňän uly tagallalary edýär. 2009-njy ýylda milli Liuderimiziň ýolbaşçylygynda ýurdumyzyň hökümet wekilýetiniň 15 gezek daşary ýurtlarda saparda bolanmagy, daşary ýurtlaryň döwlet we hökümet ýolbaşçylarynyň baştutanlygynda döwlet we hökümet wekiliýelriniň 15-i Garaşsyz Diýarymyzda bolandygy we dürli derejedäki daşary ýurtlaryň, halkara guramalarynyň ýolbaşçylary bilen duşuşyklaryň geçirilmegi bu ugra aýratyn uly üns berilýäliginiň aýdyň alamatydyr.

Türkmenistan Halkara derejsinde geçirilýän iri forumlaryň mekanyna öwrülip, daşary ýurt işewür adamlarynyň, maýadarlarynyň, bilermenleriňiň ünsüni hemişe özüne çekip durýar. Milli Liderimiziň „Syýasat ykdysadyýete hyzmat etmelidir!“ diýen döwrebap ýörelgesiniň oňyn netjesi hökmünde ýurdumyzda örzn iri halkara ykdysady taslamalaryň ulgamy mälimdir.

Bu beýik tslamalaryň hatarynda 2009-ny ýylyň dekabrynda dört döwletiň ýolbaşçylarynyň gatnaşmagynda dabaraly ýagdaýda ulanylmaga berlen umumy uzynlygy 7 müň kilometre golaý bolan Türkmenistan–Özbegistan-Gazagystan-Hytaý transmilli gaz geçirijisini, Türkmen-Eýran gaz

geçirijisini, giň gerimler bilen gurluşygy alnyp barylýan ,,Awaza“ milli syýahatçylyk zolagyny, ulanylmaga berlen Atamyart–Kerkiçi demirýol köprüsini, ,,Demirgazyk-Günorta“ halkara demirýol geçelgesini, ,, Altyn Asyr“ Türkmen kölüni we başgalary mysal görkezmek bolar.

Şeýle giň göwrümli asyryň gurluşyklaryny diňe kuwwatly döwletiň amala aşyryp biljekdigi bolsa, elbetde, hemmelere aýan hakykatdyr. Mili Liderimiziň ,,Goý, Türkmenistan gurluşyk meýdançasyna öwrülsin!“ diýen ganatly şygary barha dabaralanmak bilen şu iki ýylyň içinde milli hem-de daşary ýurt serişdeleriniň hasabyna bu pudaga goýuljak maýa goýumynyň 23,6 milliard amerikan dollaryna barabar bolmagy munuň aýdyň güwäsidir.

2010-njy ýyl üçin Türkmenistanyň Döwlet býujetinde iri desgalaryň 240-synyň bina edilmegi üçin 12 milliard amerikan dollaryna golaý serişdäniň göz öňünde tutulýandygy jenneti mekana öwrülýän ýurdumyzyň has-da gözelleşjekdiginden habar berýär. Bu möhüm gurluşyklar öz gezeginde eziz Diýarymyzyň ähli ugurlar boýunça gülläp ösmegine ygtybarly hyzmat eder.

Ýokary ösüşler babatda ata Watanymyzyň öňünde giň mümkinçilikler açylýar. Milli Liderimiziň alyp barýan iňňän oýlanyşykly içeri we daşary syýasaty, ýurdumyzyň geosyýasy taýdan örän amatly ýerleşişi, egsilmez ýerüsti we ýerasty tebigy baýlyklary, dowam edýän durnukly ykdysady, jemgyýetçilik-syýasy

ýagdaýy, durmuşa ornaşdyrylýan döwrebap reformalar netijesinde dünýädäki abraýy barha artýan geljegi örän uly ýurt hökmünde, dürli ugurlar boýunça, hususanda, ykdysadyýet babatda potensial ygtybarly hyzmatdaş hökmünde barha özüne çekiji döwlete öwrülýär. Daşary ykdysady gatnaşyklarymyz gitdigiçe ösýär, kämilleşýär, bu ugurdaky görkezijileriň depgini-de barha ýokarlanmak bilen. Eziz Diýarymyzyň ähli ugurlarda durnukly ösüşleri, dünýäniň iň öňdebaryjy döwletleriniň hataryna tiz goşulyşmak üçin döreýän ajaýyp perspektiwalary ildeşlerimizi beýik ýeňişlere ruhalndyrýar.

Häzirki wagtda dünýä ykdysadyýetiniň maliýe çökgünligini başdan geçirip, ösüşiň pese düşýän,ýurtlaryň köpüsinde önümçilidiň depgininiň gowşaýan, iş orunlarynyň azaldylýan, zähmet haklarynyň peselýän döwründe mili Liderimiziň ynamly ýolbaşçylygynda ykdysadyýetimiziň ösüş depiniň gowşamaýan depginde dowam etdirýändigi dünýä ýüzünde ykrar edildi.

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň 2009-njy ýylyň 26-njy noýabrynda geçirilen mejlisinde global maliýe-ykdysady krizis zerarly dünýä bazarlarynda emele gelen ýagdaý ara alnyp maslahatlaşyldy we ýurdumyzyň ykdysadyýetini pugtalandyrmak bilen baglanyşykly öňüni alyş çäreler bellenildi.

Ýurdumyzda gyssagly çäreleriň görülmegi dünýä ykdysady-maliýe krizisiniň zyýanly tasiriniň öňünden sowlup geçmäge mümkinçilik berdi.Hormatly

Prezidentimiziň başlangyjy bilen ýurdumyzda durnuklaşdyryş gaznasynyň döredilmegi, tebigy gazymyzyň bahasynyň ýokary derejede saklanylmagy,düipli gurluşugyň esasan, döwlet tabşyrygy esasynda alnyp barylmagy, milli ykdysayýetimiziň esasy ulgamlarynyň sazlaşykly ösdürilmegi, bazar gatnaşyklaryna ewolýusion ýol bilen türkmen milli modeli arkaly gaçilýändigi we başgalar global krizisden sowlup geçmäge mümkinçilik berdi.
Parasatly Prezidentimiziň öňdengörüjilikli sysaty netijesinde Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň adatdakysy ýaly, durnukly ösýändigini,maliýe-ykdysady ulgamynyň özüni ynamly duýýar.

Ýurdumyzda maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleriniň hasabyna, maýa goýumy 2 esse artdy. Ilata has amatly ýaşaýyş jaýlaryny satyn almak üçin berlen ipoteka karzlarynyň möçberi 667 mlrd. manada barabar boldy, ykdysadyýetiň hususy bölegine berlen karzlaryň mukdary 35 göterim artdy.

Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda ykdysadyýetimizi döwrebaplaşdyrmak babatda alnyp barylýan düýpli özgertmeleriň üstünlikli durmuşa ornaşdyrylmagy „Döwlet adam üçindir!“ diýen baş şygarymyzyň barha dabaralanmagyny üpjün eder.

Ýurdumyzda ýokary depginde dowam edýän ykdysady özgertmelerine halkara derejesinde hem örän ýokary baha berilýändigi biziň diýseň guwandyrýar. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň

mejlisinde Halkara pul gaznasynyň, Bütindünýä bankynyň, Ýewropa abatlaýyş we ösüş bankynyň hut şeýle oňat pikirdedigi bellenilip geçildi. Şu ýerde Türkmenistan bilen ýakyn hyzmatdaşlyk saklaýan Yslam ösüş bankynyň (YÖB) Prezidenti Ahmed Muhammed Ali Al Madaniniň 2009-njy ýylyň oktýabr aýynda Aşgabatda geçirilen „Türkmenistanyň maýa goýumy“ halkara forumyna gatnaşan mahaly bu babatda, „Dünýäde dowam edýäm maliýe çökgünligine garamazdan, Türkmenistan durmuş ykdysady babatda durnukly ösüşini dowam etdirýar we bu ugurlarda oňat perspektiwlalara garaşylýar. Munuň üçin bolsa ýurduň döwrebaplaşdyrylýan ykdysady potensialy, tebygy-energetiki resurslary, geografiki taýdan ýerleşişi giň mümkinçilikleri açýar" diýen sözlerini sözlerini ýatlap geçmek ýerliklidir. Dünýäde iri maliýe institutlarynyň biri bolan YÖB 2009-njyýylyň ahyrynda türkmen ykdysadyýýetine 1 milliard ABŞ-nyň dollaryna golaý maýa goýumyny gönükdirmek bardaky karara geldi.

Hormatly Prezidentimiz eziz Diýrymyzy dünýäniň iň ösen döwletleriniň hataryna diz goşmak ugrunda 2010-njy ýylda durmuşa geçirtilemeli tutumly işleri kesgitlemek bilen döwletimiziň hukuk we ykdysasy esaslarynyň mundan beýläk hem pugtalandyrmak maksady bilen, täze kanunlar işlenilip düzülmegini,„ýurdumyzy ösdürmek boýunça ähli maksatnamalaryň 2030-njy ýyl ýyla çenli döwür göz öňünde tutulyp,gysga wagtda täzeden serediljekdigini,

ösüşimiziň täze esasy ugurlary kesgitleniljekdigini, ykdysadyýetimiziň diwersifikasiýasyň tamalanjakdygyny nygtady. Hususy ýeýçilge giň derim berilmegi,, iş haklarynyň mundan beýlägem artdyryljakdygy bellenildi.Ilatyň ýaşaýyş-durmuşyny ýoklandyrmak baradaky maksatnamalaryň ýerine eýetirilişinňi çaltlandyrmaklygyň gaýragoýulmasyz wezipe bolup durýandygy nygtady.

Milli Liderimiziň bu çuň mazmunly metbugat çykyşynyň ,,Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna"diýlip atlandyrylmagynyň çuňňur simwoliki manysy bardyr.

Makalada täze Galkynyş we beýik özgertmeler eýýamynda öňe sürlen ,,Döwlet adam üçindir!" diýen baş şygarynyň many-mazmuny açylyp görkezilýär.

Belli bolşy ýaly, Türkmenistanyň Esasy Kanunyň täze redaksiýasynda ýurdumyzda jemgyýetiň we döwletiň iň gymmatly hazynasynyň adamdygy bellenilýär. Hormatly Prezidentimiziň beýik özgertmeleriniň tutuş halkymyz tarapyndan uly ruhubelenlik bilen garşylanyp, uly goldawa mynasyp bolýandygy, olaryň durmuşa geçirilmegine ildeşlerimiziň yhlasly ýapyşýandyklaryn ,,Adam döwlet üçindir!" diýenýörelgäniň barha giň gerim alyp, ýurdumyzda dowam edýän beýik özgertmeleriň durmuşa geçirilmeginiň bir uly girewi bolup durýar. Iliň güýji-siliň güýji! Uly il bolup, agzybirlikde ýapyşylan işiň bolsa, bitmejek gümany ýok!

Bu pursat Esengulydan başlanan özgertmeleriniň ýurdumyzyň ähli welaýatlary boýunça uly depginler bilen giňden ýaýbaňlandyrylan döwletli işler arkaly Mähriban Prezidentimiz tarapyndan mähir alada bilen gurşalyp alynýan eziz ildeşlerimiziň, ilkinji nobatda hem ýaşuly neslimiziň wekilleriniň çar ýandan ýagýan alkyş sözleri hakydaňda janlanýar. Daşary döwlet ýolbaşçylarynyň biriniň dünýäde döwlet tarapyndan Türkmenistandaky ýaly halk üçin alada edilýän başga bir ýurt ýokdur diýip aýdanlary biygtyýar hakydaňa dolýar we onuň doly hakykata laýyk gelýändigini guwanç bilen tasssyklaýarsyň.Işgärleriň zähmet halkarynyň , pensiýalaryň,talyphaklarynyň we hemaýat pullarynyň yzygioderli ýokarlandyrylyp durulmagy, tebigy gazyň, elektrik energiýasynyň,, suwuň, nahar duzunyň, ulag üçin ýangyjyň mugt berilmegini ýatlap geçmek erlilidir.

Milli Liderimiziň ady agzalan metbugat çykyşynda ýurdumyzda maliýe-bank ulgamynyň ösdürilişi, gurluşyk ulgamynyň giňden ýaýabaňlandyrylmagy, hususy eýeçilige giň ýolm açylmagy we başga-da ykdysady ösüşlerimiziň birnäçe ugurlary boýunça aýdylaýn ajaýyp pikirler özüniň döwrebaplygy we türkmen ykdysadyýetiniň häzirki wagtda eýeleýän ornuna doly we aýdyň göz ýetirmekde uly ähmiýetiniň bardygy, şeýle bilen örän uly ähmiýete eýedir. Uly ösüşleriň esasynda bolsa oýlanyşykly we parasatly saýlanylyp alnan ileri tutulýan ýörelgeleriň,

maksanamalaryň durýandygyny hormatly Prezidentimiz örän ýerlikli belläp geçdi.

Garaşsyz ýurdumyzyň durmuş-ykdysady babatda durnukly ösüşini yzygideri dowam etdirýändigine käbir mysallar arkaly nygtamak geçmek bolar.

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň mejlisinde 2010-njy ýylyň dört aýynda milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynda durnukly ösüşe eýe bolnup, ýanwar –mart aýynda, hususan-da, gurluşyk, ulaglar we aragatnaşyk ýaly pudaklarda işleriň 2-3esse artmagynyň hasabyna jemi içerki önümiň durnukly ösüşi gazanyldy.

Türkkmenistanyň Ýaşulularynyň 14-nji maýda Daşoguzda geçirilen Maslahatynda milli Liderimiz tarapyndan ,,Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011-2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasyna" gol çekildi.Ol ygtybarlylyga, açyklyga, howpsuzlyga esaslanýan ösüş ýolunyň özboluşly nusgasy saýlanylyp alnan we öz ykdysady strategiýanyzy işläp düzmek bilen, milli ykdadyýtimizi diwersifikasiýalaşdyrmak arkaly ösdürmegi, ony zähmet bölünişiginiň dünýä bazarynda ukyply etmekligi göz öňünde tutýan örän uly ähmiýetli makksatnamadyr.Ýurdumyzyň köp ýyllaryň dowamyndaky geljekki ösüşleriniň ugurlaryny kesgetledi, Halka daýanylyp gazanylýan ýokary ykdysady netijeler halkyň hatyrasyna ulanmak bilen, täze Milli maksatnama ildeşlerimiziň durmuşyny täze hil derejesine çykarmakda aýgytly rol

oýnar.Ýurdumyzda häzirki zaman obasenagat infrastukturasyny döretmekde, netjede bolsa, hormatly Prezidentimiziň obany düýpli galkyndyrmak babatda öňde goýýan belent wezipeleriniň durmuşa geçirilmegi ugrundaky uly öňegidişlik bolar.

Hormatly Prezidentimiziň Türkmenistanyň Ýaşulularynyň Daşoguzda geçirilen Maslahatynda „ Biziň esasy wezipelerimiziň biri şurdumyzda-durmuş-ýaşaýyş maksatly, garyşyk görnüşli öesen bazar ykdysadyýetini döretmekden ybaratdyr“ dýidi we Biziň öňde goýýan maksatlarymyz hakynda gysgaça aýdanymyzda bolsa, ol: „Demokratik bazar özgertmeleri-her bir naşgalanyň bolelin ýaşamagy-kuwwatly döwlet“ diýmekdir diýip nygtady.

Hormatly Prezidentimiziň amala aşyran özgertmeleri netijesinde hususy telekeçiligiň döwlet tarapyndan goldanylmagy döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir.

## *Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri täze Galkynyş eýýamynda*

Magtymguly Pyragynyň „Ykballynyň ugran işi oň görner“ diýen ajaýyp setiri häzirki türkmen halkynyň ýeten derejesine haýran galdyryjy derejede laýyk gelýär. Bu gün- beýik Galkynyş eýýamynda mähriban Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda „Aşyşy bir suprada taýýar kylynýan“, „ykbaly göterilen türkmeniň“ ugran işi oňuna.Milli Liderimiziň,

Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna“ atly konseptual metbug at çykyşynda nygtalyşy ýaly, biziň saýlap alan ýolumyz wagtyň ähli synaglaryndan geçdi. Bu ösüşlerde ýurdumyzyň milli metbugatynyň-da mynasyp orny bardyr.

Beýik Galkynyş we täze özgertmeler eýýamynda gazet-žurnallaryň, radio-telewideniýe ýaýlymlarynyň baş wezipesi hormatly Prezidentimiziň taryhy il-ýurt bähbitli ykdysady, medeni we durmuş maksatnamalarynyň durmuşa geçirilmeginiň ideologiýa taýdan ýpjünçiligini amala aşyrmakdan ybaratdyr.

Türkmen žurnalistikasynyň döwrüň aýnasy bomak funksiýasyny ýerine ýetirmek bilen,ýurdumyzyň durmuşynda bolup geçýän ähli wakalaryň habar beriş serdeleri arkaly talabalaýyk, operatiw-derhal beýan edilmegini elmydama üns merkezinde saklaýan hormatly Prezidentimiziň bu babatda öz maslahatlaryny, tankydy belliklerini yzygiderli aýdyp gelýändiginiň uly ähmiýeti bardyr.

Bu günki gün habar beriş serişdeleriniň durmuş hakykatyny dogruçyl we takyk beýan etmeginde, beýik Galkynyş we täze özgertmeler eýýamynyň ajaýyp döwlet syýasatyny şöhlelendirmekde milli Liderimiziň eserleri, ýurdumyzda geçirilýän dürli derejelerdäki mejlislerde we forumlarda, daşary ýurtlarda geçirilýän ýokary derejedäki duşuşyklarynda sözleýän sözleri ilkinji ýolgörkeziji çelgi bolup durýar.

Täze türkmen ideologiýasynyň kemala gelmeginde, beýik Galkynyşyň we özgertmeleriň durmuşa ynamly ornaşdyrylmagynda ähli medeniýet , sungat işgärleri bilen bir hatarda mill demokratiýamyzyň ýörelgelerine esaslanýan habar beriş serişdeleriniň işgärlerine hem möhüm orun degişlidir. Hut şonuň üçin-de köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň işgärleri öz hünär derejelerini has ýokarlandyrmak, döwrebap pikirlenmek, wakalary çuň beýan etmek, operatiw işlemegi ökdelik bilen başarmak ugrunda tutanýerli tagalla edýärler. Hormatly Prezidentimiziň döredijilik intelligensiýasy bilen geçiren taryhy duşuşygynda aýdan gymmatly ideýalaryny pugta özleşdirip, adam mertebesini şeýle belende göterýän beýik Galkynyş zamanasynda milli demokratiýanyň barha ýaýbaňlanýan ata Watanymyzy şöhratlandyrmagyň hatyrasyna ähli ukyplaryny, başarnyklaryny gaýgyrman zähmet çekýärler.

Hormatly Prezidentimiz 2008-nji ýylyň 19-njy fewralynda döredijilik intelligensiýasy bilen geçiren taryhy maslahatynda täze türkmen ideologiýasynda,, Döwlet adam üçindir” diýen şygara daýanmalydyr” diýen ýörelgäni öňe sürmek bilen, Türkmenistanyň dünýewi, demokratik, hukuk döwletginden ugur alynmadygynyň möhümdigini aýratyn belledi.Bu çuň manyly ynsanperwer ýörelge hut şol pursatdan ýurdumyzyň ähli habar beriş serişdeleriniň baş şygaryna öwrüldi..Ýurdumyzda täze, türkmeniň

ruhuna we mentalitetine örän bap gelýän aňyýetiň özenini hut şu beýik ýörelge düzdi.

Milli Lideimiz döredijilik intelligensiýasy bilen şu ýylyň 24-nji fewralynda geçirilen taryhy maslahatynda bolsa haklymyzyň ruhy galkynyşyny güýçlendirmek ugrunda maksada okgunly hereket etmek barada zerur maslahatlary berip, döredijilik adamlaryna, şol sanda, habar beriş serişdeleriniň işgärlerine döwrebap işlemek barada düýpli çäreleri görmekligi wezipe edip goýdy.

Türkmen žurnalistleri ýurdumyzda durmuşa ornaşdyrylýan beýik işleriň mynasyp ýyl ýazgyçysy-senenamaçysy hökmünde bagtyýar eýýamyň iňňän buýsandyryjy wakalarynyň şaýady hem-de gatnaşyjylary bolup durýarlar.

Täze zamananyň ösüşleriniň strategiýasynda milli demokratiýamyzyň esasy sütünleriniň biri bolan köpçülikleýin habar beriş serişdeleri arkaly jemgyýetçilik aňyny kemala getirmek, halka estetiki terbiýe bermeklik, täze beýik ýörelgeleriniň durmuşa ornaşdyrylmagyna gönükdirilen kanunlaryň,permanlardyr kararlaryň many-mazmunyny giňden düşyndirmeklik möhüm ähmiýete eýedir.

Elbetde, köpçülikleýin habar serişdeleriniň beýik Galkynyş we täze özgertmeler eýýamy bilen deň gadam urmaga çalyşýandyklary aýdyň duýulýar.

Milli Liderimiziň eziz Diýarymyzy dünýäniň iň ösen döwletleriniň derejesine çykarmak ugrunda alyp

barýan içeri we daşary syýasaty türkmen žurnalistikasyny hem has belent derejelere çykaryp, onuň gerimini has giňeltdi, many-mazmunyny has çuňlaşdyrdy. Bu gün türkmen žurnalistikasy halkara derejesine çykýar.

Türkmen žurnalistleriniň ençemesiniň hünär derejelerini ýokarlandyrmak maksady, şeýle hem, iş saparlary bilen daşary ýurtlaryň birnäçesinde bolmaklary netijesinde, gazet-žurnallaryň sahypalarynda halkara temasyndaky uly göwrümli publisistik makalalar ýygy-ýygydan peýda bolýar.

Täze eýýam täzeçe işlemek bilen birllikde, dünýä derejesine laýyk geljek makalalary-da talap edýär. Ýakyn geljekde daşary ýurt gatnaşyklary bilen baglanyşykly seljerme häsiýetli makalalaryň barha köpeljekdigi, onuň adaty ýagdaýa öwrüljekdigi-de bigumandyr.

Internetden peýdalanmak hem giň gerime eýe bolýar.

Geçen ýylyň sentýabrynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 64-nji sessiýsyndaky taryhy çykyşyndan soň, Mähriban Prezidentimiziň Aşgabatda ýurdumyzyň gazet-žurnallarynyň, teleradio ýaýlymlarynyň ýolbaşçylarynyň, işgärleriniň, dünýäniň meşhur habar beriş serişdeleiriniň wekilleriniň şeýle hem ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň žurnalistika hünäri boýunça mugallymlarynyň we talyplarynyň gatnaşmagynda geçiren metbugat konferensiýasy ýurdumyzyň jemgyýetçilik durmuşynda milli demokratiýanyň we

aýanlygyň durmuşa ornaşdyrylmagyny alamatlandyrýan möhüm waka bolandygyny şu pursatda aýratyn belläp geçesimiz gelýär.

Belent mertebeli Pezidentimiz maslahata gatnaşýan žurnalistleriň köpsanly sowallaryna jogap bermek bilen, Nýu-Ýorka bolan saparynyň çäklerinde geçirilen köp sanly duşuşyklaryň, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýsynyň 64-nji sessiýasynyň wise-başlygy Hökmünde Türkmenistanistanyň hormatly Prezidentiniň belent müberden eden çuň mazmunly çykyşynyň eziz ýurdumyzyň abraý-mertebesini has-da belende götermekde uly ähmiýete eýe bolandygyny aýratyn nygtamagy bu mebugat konferensiýasynyna gatnaşyjylar hökmünde bizde örän uly täsir galdyrdy.

Şu ýerde bellemeli zat, öň şahyr-ýazyjylaryň eserleri, alymlaryň ylmy işleri gaýry dillere terjime edilip çap edilen bolsa,indi žurnalistleriň makalalary-da başga dillere terjime edilýär.

Ýeri gelende, ,,Türükmenistanyň nebiti we gazy hem-de mineral serişdeleri”, ,,Diýar”, ,,Miras” ýaly žurnallaryň türkmençe, rusça we iňlis dillerinde çap edilýändigini, radio-tele ýaýlymlarda täzelikleriň hem 3 dilde berilýändigini, ,,Türkmenistan“ teleýaýlymynyň gepleşikleriniň 7 dilde göýberilýändigini, geljekde teleýaýlymlarynyň sanynyň 10-a ýetiriljekdigini-de belläp geçmek ýerliklidir. Indi daşary ýurt dillerini bilýän žurnalistler hem zerur bolup durýar. Daşary

ýurtlardan biziň ýurdumyza gelip-gidýän žurnalistler hem az däl. Bu elbetde, döwrüň talaby.

Milli Liderimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda bazar ykdysady gatnaşyklaryna ynamly girýän ýurdumyzyň baý tebigy, ykdysady, medeni, syýahatçylyk-sport potensiallaryny mahabatlandyrmak babatda dürli dillerde taýýarlanylmaly mahabat çärelerine hem ünsüň barha güýçlendirilýänligini, we bu ulgamda hem dil bilýän başarjaň žurnalistleriň zähmetiniň-de talap ediljekdigi we ukyply ýaşlaryň ýetişjekdigi-de ikuçsyzdyr.

Ýurdumyzda alnyp barylýan syýasy-ykdysady özgertmelere täzeçe, professional derejede teswirlemeleri berip biljek häzirki zaman žurnalist hünärmenlerini taýýarlamagy hormatly Prezidentinmiziň ýaş žurnalist kadrlarynyň taýýarlanylmagyny pugta üns merkezinde saklaýandygy guwandyrýar. Hormatly Prezidentimiziň türkmen žurnalistikasynyň geljegi barada atalyk aladasy netijesinde 2007-2008-nji okuw ýylyndan Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetine žurnalistika hünäri boýunça ýaşlaryň kabul edilýändigini, şol ýaşlaryň arasynda bolsa, eýýäm, Türkmenistanyň Prezidentiniň „Türkmeniň Altyn asyry“ bäsleşiginiň ýeňijisi hökmünde hormatly Prezidentimiziň Altyn zynjyryna mynasyp bolanlarynyň bardygyny-da belläp geçesimiz gelýär. 2008-2009-njy okuw ýylyndan Türkmenistanyň DIM-niň Halkara gatnaşyklar institutyna hem bu ugurdan

talyplyga kabul edilip başlanmagy halkara gatnaşyklary boýunça ýöriteleşen žurnalistleriniň taýýarlanylmagyna uly ýardam eder diýip tama etmek bolar.

Hormatly Prezidentimiziň häzirki döwürde bize ýurdumyzyň durmuşyny we halkara ýagdaýlaryny oňat bilýän köpugurly žurnalistleri taýýarlamak zerur diýen parasatly sözleri milli Liderimiziň bu maksatnamalaýyn talabynyň durmuşa geçirilmeg nöhüm bolup dyrýar.

2009-njy ýylyň 13-nji martynda geçirilen Ministrler Kabinetiniň Mejlisinde milli medeniýetimize we sungatymyza dahylly düýpli meselere seredilip, milli Liderimiz teleradioýaýlymlarda taýýarlanylýan gepleşikleriň,teatrlaryň sahnalaşdyrylýan oýunlaryň hiliniň has ýokary bolmagyny sargyt etdi we munuň üçin zerur bolan çäreleri salgy berdi.

Ol çäreler bolsa, zehinli, döredijilikli işleýän ýaşlary tapmakdan,ýagny, olary bäsleşik esasynda saýlap-seçip almakdan, galam hakyny tölemek arkaly olaryň döwrebap, döredijilikli işlemeklerine isleg-höwesi artdyrmakdan ybratdyr.Şondan birnäçe gün soň hormatly Prezidentimiz tarapyndan galam haklaryny bellemek baradaky degişli Karara gol çekilmegi, şol mejlisde gozgalan meseleleriň çözgüdiniň logiki dowamydyr. Bu, elbetde, teatrlaryň, teleradio ýaýlymlarynyň işgärleriniň öz hünär ussatlyklary has kämilleşdirmeklerine, halka

hödürlenilýän gepleşikleriniň, taetrlarda goýulýan oýunlaryň hiline oňyn täsir etdi.

Hormatly Prezidentimiziň telewideniýe we radio gepleşikleriniň, şeýle-de teatrlarda goýulýan oýunlaryň hilini gowulandyrmak maksady bilen ukyply, zehinli, döredijilikli pikirlenmegi başarýan ýaş işgärleriň saýlanyp seçilmwgi bilen baglanyşykly hünär bäsleşiklerini geçirmek, hormatly atlary dakmak,telewideniýäniň, radionyň hem-de teatr işgärlerine galam haky töleginiň girizilmegi, ökde hünärli, zehinli işgärlere ýokary hak tölemek arkaly tapawutlandyrylan töleg ulgamynyň girizilmegi ýaly çäreleriň ulgamynyň zerurlygyny bellenilmegi halky ruhy taýan goldamak ugrundaky möhüm wezipäniň durmuşa geçirilmegne gönükdirilen wajyp ädimdir. Bu çäreler döwrebap eserleriň döredilmegi we olaryň tomaşaça, okyja ýokary hünär derejesinde hödürlenilmegine we şonuň bilen birlikde halkyň ruhy taýdan galkynmagyna, intellektual taýdan kämilleşmäge uly ýardam berer.

Aşgabatda döredijilik şäherjiginiň, paýtagtymyzyň ilersinde iň häzirki zaman telediňiň gurulmagynyň meýilleşdirilmegi ulgamyň işgärleri üçin uly sowgatdyr.

Täze Galkynyş eýýamynda halkyň medeni hem-de ruhy durmuşüny ösdürmek , aň-bilimi has-da kämilleşdirmek, döwlet býujetiniň hasabyna maliýeleşdirilýän kitaphanalaryň kitap gaznalarynyň kitaplar we beýleki neşir önümleri bilen yzygiderli

üstüni ýetirip durmak maksady bilen „Galkynyş“ kitap merkezini döretmek hakynda Türkmenistanyň Prezidentiniň 20008-nji ýylyň 23-ne çykaran Kararyna laýyklykda Türkmen döwlet neşirýat gullugunyň tabynlygyndaky„Galkynyş“ kitap merkeziniň döredilmegi milli medeni durmuşymyzda şanly wakalaryň biridir.

Hormatly Prezidentimiziň sargyt edişi ýaly, teatr sahnasynda goýulýan oýunlaryň, teleradioýaýlymlarda berilýän gepleşikleriň, neşir edilýän gazet-žurnallaryň we kitaplaryň jemgyýetçilik aňynda hakyky galkynyşy döretmäge hyzmat etmek pudagyň jana-jan borjy bolup durýar.

## Mediabiznesiň esaslary

Bazar şertlerinde gazet çykarmak üçin gazeti döredijiler we onuň ýolbaşçylary media biznes bilen meşhullanmaga mejbur bolýarlar. Munuň özi peýda almak maksady bilen telekçilik işi bilen meşgullanmaklykdyr. Şonsuz gazetiň redaksiýasynyň işlemegini-ykdysady, maliýe we tehniki binýadyny üpjün etmek, we çykarylmaklygy üpjün etmek mümkin däldir.

Mediabiznesiň ugurlary köptaraply bolmak bilen, şu ýerde bu işiň gazet redaksiýasynyň esasy maksatlary we olary berjaý etmegiň möhüm usullary beýan ediler..

Redaksiýa kärhana hökmünde çykyş edýär we ol hojalyk hukugynyň ähli düzgünlerine tabyn bolmak bilen, onuň ähli düzgünlerine lalýyklykda, degişli döwlet edarasy tarapyndan bellige alynmalydyr. Hojalygy ýöretmekligiň subýetki hökmünde, ol bellige alynmaklygy üçin degişil bellige alyş edarasyna ýüz tutmalydyr we degişli resminmalary almalydyr. Mundan başga-da, redaksiýalar beýleki kärhanalar ýaly, öz statuslaryny Türkmenistanyň Raýat kodeksine laýyk geirýärler.

**Kärhanalaryň formalary**

Ozal, adatça, diňe döwlet kärhanalary bolup, olaryň döredijileri hökmünde bir sany, ýa-da birnäçe gurama çykyş edýärdi. Öň , SSSR döwründe „Prawda“ diýen gazet SSKP MK-nyň organydy. Soňra ol redaksion topar döredijiniň hukugyna eýe boldy. Şol wagtlardan başlap, ilkinji hususy we kooperatiw neşirler, ýerli sowetleriň we jemgyýetçilik hereketleriniň neşirleri peýda bolup ugrýar.

Raýat Kodeksi häzir eýeçiligiň iki görnüşini belledi—döwlet we hususy. Emma kärhahanyň görnüşleri ýa-da hojalygy ýöretmegiň formalary dürli-dürli bolup bilrer. Eger-de neşiriň eýesi bir sany, ýagny, döwlet ýa-da hususy tarap bolup durýan bolsa, onda gürrüňiň unitar kärhana barada barýandygyny aňladýar.

Jemgyýet görnüşindäki kärhana giňden ýaýarandyr. Jogapkärçiligi çäklendirilen jemgyýet (birnäçe dörediji öz kärhanalarynyň borçnamalary easasynda, ozal şertleşilen paýlarda, adata öwrülişi ýaly, sermaýa gaznasyndan artyk bolmadyk çäklerde jogap berýärler). Goşmaça jogapkärçilikli jemgyýet— munda döredijiler kooperatiwe birigip bilerler ( kollektiwleýin dolandyrmaklyga esaslanýan gatnaşyjylaryň paýlarynyň birleşmegi).

Paýdarlar jemgyýeti formasy giňden ýaýrandyr. Onuň açyk görnüşleri we ýapyk görnüşleri bolýar. Açyk paýdarlar jemgyýeti görnüşinde gymmatly kagyzlar-paýnamalar çykarylýar we olar ýazylyşyk esasynda açyk satylýar (Açyk paýdarlar jemgyýeti-APJ) ýa-da geljekki çäkli sandaky döredijileriň arasynda satylýar. Ol Ýapyk paýdarlar jemgyýetidir (ÝPJ)).

Kärhanany döretmekligiň formasy babatda anyk netijä gelnenden soňra, döredijileriň özleri ýa-da hukukçylaryň kömegi bilen, resminamalar bukjasy (Tertipnama, bellige almak hakyndaky ýüz tutma we ş.m.) taýýarlaýarlar, salgyt gullugynda bellige alynýar, möhür edinýärler, bankda hasaplaşyk hasabyny açýarlar, zerur bolan ygtyýarnamalary alýarlar we işe girişýärler.

Kärhanananyň ýapylmagy döredijileriň başlangyjy ýa-da, bankrot bolan (batyp galan) ýagdaýynda, döredijileriň başlangyjy bilen, ol bolsa, adatça hojalyk kazyýetiniň çözgüdi esasynda ýapylýar.

Gazet redaksiýasy telekçilik işi bilen meşgullanmak üçin edara tarap hökmünde hereket etmeilidir. Munuň üçin bosa onuň dördijisi gazeti ýerli häkimiýet tarapyndan belllige aldyrmalydyr. Şonda dowam edýän kanunçylyga laýylykda dörediji hojalyk jemgyýeti, hojalyk şärikligi, ýa-da ýekebara kärhana ýaly görnüşinde guramaçylyk-hukuk görnüşleriniň birini saýlap almalydyr. Şeýle edilmegi dörediji bilen redaksiýanyň hojalyk gatnaşygyny, ýagny onuň eýesiniň kim bolup durýandygy näme emläginiň bardygy, onuň maliýe serişdeleri nähili ulanylýar, redaksiýa tarapyndan gazanylýan girdejileriň ulanylyş- gönükdiriliş tertibi we ş. m. kesgitleniliýär.

Bu guramaçylyk-hukuk formalary iki bölege bölünýär. Onuň birinji bölegine eger onuň esasy maksady girdeji gazanmak bolup durmaýan bolsa, onda döredijiniň saýlan gönüşleri girýär. Beýle ýagdaýda redaksiýa döwlet ýa-da munisipial edarasy görüşünde, täjirçilik däl awtonom gurama hökmbnde we başga görnüşde bellige alnyp bilner.

Eger redaksiýanyň esasy işi girdeji gazanmak bolup durýan bolsa, onda ol jogapkärçiligi çäkli, ýa-da başga bir goşmaça jogapkärçiligi bolan şereket hökmünde edara tarap edilip, kooperatiw unitar kärhana, açyk ýa-da ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýeti we başga bir görnüş hökmünde belllige alynýar.

Kärhananyň bular ýaly görnüşleriniň her biriniň redaksiýanyň emlägine, telekçilik işnden gelen düşewünde eýe bolmak, özbaşdak balansa, bank edaralarynda özbaşdak hasaplaşyk hasabynyň, öz möhüriniň, neşir we haryt nyşanlarynyň we gazetiň adyna eýeçilik etmek hukugynyň bolmagy babatda we ş.m başga öz häsiýetli aýratynlygy bolýar.

Gazetiň redaksiýasynyň edara tarapynyň guramaçylyk-hukuk formasy gazetiň Tertipnamasyna laýyklykda, döredijiniň baş redaktoryň üsti bilen redaksiýanyň işgärleriniň arasyndaky özara gatnaşyklaryň, redaksiýany dolandyrmaklygyň aýratynlyklaryny kesgitleýär.

Ynha, mysal üçin, redaksiýa awtonom täjirçilik däl gurama hökmünde dürli guramalaryň, raýatlaryň meýletinlikdäki emläk goşundylary esasynda döreijiler tarapyndan döredilýär.

Baş maksat okyjylar köpçüligniň isleglerini kanagatlandyrmak. Ol kärhana öz balansynda aýratynlaşdyrylan emläge, özbaşdak balansa we banklarda hasaplara eýe bolýar hem-de öňde durýan wezipeleri durmuşa geçirmek maksadynda telekeçilik işi bilen meşgullanmaga hakly bolýar.

Şeýle redaksiýa Döredijileriň geňeşi arkaly dolandyrylýar, onuň düzüminiň üçden bir bölegi redaksiýanyň işgärlerinden ybarat bolup, onuň galan bölegine bolsa şol guramalaryň we raýatlaryň wekilleri girýärler.

Döredijiler geňeşi geňeşiň başlygynyň ýolbaşçylygy astynda işleýär. Gazetiň redaksiýasynyň baş redaktory bolsa onuň başlygy bolup durýar. Baş redaktor dört ýyldan az bolmadyk möhlet bilen redaksiýanyň žurnalistler topary tarapyndan saýlanylýar we tasssyklanylýar. Baş redaktoryň ýanynda redaksion kollegiýa hereket edýär.

Öz edara tarapyny bellige aldyrmakda başga formany, mysal üçin, paýdarlar jemgyýeti (PJ) görnüşini saýlap alan gazet redaksiýalarynyň hojalyk işiniň guralyşynyň düýpgöter özge aýratynlyklary bardyr. Köp iri redaksiýalar edara tarapyny bellige aldyrmakda hojalyk işiniň esasy maksady girdeji gazanmak bolup durýan şeýle guramaçylyk-hukuk görnüşini saýlap alýarlar. Şeýle redaksiýanyň maliýe binýady gazetiň dördijileriniň ýa-da eýeleriniň redaksiýanyň emlägine goýan pul goýumlarynyň jeminden emele gelýän sermaýa gaznasy bolup durýar.

Ol gymmatly kagyzlar- paýnamalar arkaly aňladylýan belli bir paýlaryň mukdaryna bölünýär. Paýdarlar jemgyýetleriniň iki hili warinantynyň ulanylmagy mümkindir.

Redaksiýa açyk görnüşli paýdarlar jemgyýeti (APJ) bolan ýagdaýynda, beýleki paýdarlaryň razyçylygyny almazdan, paýnamalary erkin çykarmak we gymmat bahaly kagyzlar bazarynda olary satmak, olara ýazylyşygy guramak, şeýlelikide, öz maýalaryny artdyrmak hukugyna eýe bolýarlar.

Ikinji wariant, ýagny, redaksiýa ýapyk paýdarlar jemgyýeti (ÝPJ) bolan ýagdaýynda, onuň paýnamalary erkin çykarmaklyga we satmaklyga hukugy bolmaýar. Ol diňe paýnamalaryň elliden köp bolmadyk çäkli mukdaryny erkin çykarmaga we olary diňe gazeti döredijileriň we deslap kesgitlenilen taraplaryň arasynda paýlamaga haklydyr.

Olar Ýapyk paýdarlar jemgyýetiniň başga paýdarlary tarapyndan satylýan paýnamalary satyn almakda artykmaç hukuga eýedirler.

Paýdarlar jemgyýetiniň ýokary dolandyryjy edarasy paýdarlaryň ýygnagy bolup durýar. Redaksiýanyň gündelik işini ýerine ýetiriji organ-ýeke-täk (baş direktor, baş redaktor), ýa-da, kollegial (dolandyrma, redaktorat) tarapyndan dolandyrylýar. PJ-de derňew organy-Direktorlar geňeşi (gözegçilik ediji geňeş) hem döredilýär.

## HBS-iň ykdysadyýeti we menejmenti

**Bazar** diňe bar bolan ýa-da potensial haryt ýa-da hyzmat satyn alyjylaryň bolmagyny, ýa-da söwda üçin meýdançany aňladanok. Ol alyş-çalyş ugrundaky sosial-ykdysady gatnaşyklarynyň jemidir. Şol gatnaşyklar netijesinde harydyň, hyzmatyň ýerlenilmegi bolup geçýär. Bazar, ol özünde jemgyýetçilik serişdelerini, sarp edijilik harytlarynyň

bazaryny, intellektual önümiň bazaryny we innowasiýalary (açyşlar, oýlap tapyşlar, tehnologiýalar, nou-haular), maliýe bazaryny, işçi güýjüniň bazaryny özünde jemlände, doly derejeli bazar bolýar.

**„**Bazar indiwidleriň erkin hyzmatdaşlygynyň we bäsleşginiň ulgamyny aňladýar“ diýip, amerikan alymy Haýeg belläpdir. Maks Weber bolsa: „ Bazar jemgyýetiň öz-özüni gurnamagyny aňladýar“ diýýip kesgitläpdir.

**Kalassyky, adaty syýasy ykdysadyýetde** „bazar telekeçiniň hususy başlangyjyna esaslanýan önümçiligiň guralyşyny aňladýan kapitalistik sistemadyr“ diýlip düşündirilýär. Telekeçi zähmetkeşleri ekspluatirleýär, şolar jemgyýetiň baýlygy bolan goşmaça gymmaty döredýärmiş.

„Ideýalar bazary“ hakynda hem aýdýarlar. Saýlawlar öňüsyrasynda syýasatçylar munuň bilen ykjam „ýüklenýärler“.

**Marketing a**nyk bir bazary öwrenmek we seljermek işini alyp barýar. Ol harydy „iteklemegiň“ strategiýasy bilen meşgullanýar.

**Memejment** bazar gatnaşyklary ulgamynda kärhanany guramak we dolandyrmak bilen meşgullanýar.

**Ykdysadyýet** (grekçe öýi alyp barmak, öýi dolandyrmak diýilmegini aňladýar) iki manyda bolmak bilen, birinjiden, ol ýurduň tutuş halk hojalygydyr. Ol önümçiligiň we alyş-çalşyň ähli

pudaklaryny we görnüşlerini öz içine alýar. Ikinjiden bolsa, ol taryhy kesgitlenilen önümçilik gatnaşyklarynyň jemidir, önümçilik ukladydyr. Marksizm „Ykdysadyýet jemgyýetiň ykdysady bazisidir“ diýip hasap edýär. Liberalizm nukdaý nazaryndan, ol jemgyýetde agalyk edýän ahlak normalary we ideýalar arkaly kesgitlenilýär we jemgyýetçilik kadalarynyň ösüşiniň netijesi bolup durýar, özboluşly jemgyýetçilik ylalaşygynyň önümi bolup durýar.

Ýöne, ol adamynyň işiniň netijelerini öndürmekde, paýlamakda, çalyşmakda we sarp etmekde, bar bolan resurslary netijeli peýdalanmakda jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň möhüm bölegidir.

Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow: „Syýasat ykdysadyýete hyzmat etmelidir“ diýip nygtaýar.

Häziki zaman ykdysadyýetçileri, adatça, ykdysady ulgamy hojalygy ýöretmegiň prinsipleriniň, formalarynyň, usullarynyň, guramaçylyk-hukuk institutlarynyň özara baglanyşygy hökmünde düşündirýärler.

Meýilnamalay döwletiň ykdysadyýetiniň esasynda ykdysady işi sazlamakda administratiw-buýruk beriji mehanizm durýar.

**Bazar ykdysadyýeti** ykdysady işi sazlamakda bazar mehanizmine esaslanýar. Munda hususy eýeçilik agdyklyk edýär. Önümçilik we sarp ediş nyrh emele getiriliş esasynda ylalaşýarlar. Erkin nyrh

bazarlardaky teklip we isleg esasynda emele gelýär, önüm öndürijileriň arasynda bäsleşik dowam edýär. Döwlet kärhananyň bergisi üçin jogap bermeýär. Pul-karz syýasaty hökümete bagly bolmaýar.

**Geçiş we garyşyk ykdysady ulgam** hem mälimdir. Täjirleşdirmek we bazar döwletiň administratiw hereketi bilen utgaşýan ykdysady ukladdyr. Muňa GDA ýurtlary, Merkezi Ýewropa, Mongoliýa, belli bir derejede Hytaý, Wýetnam degişlidir, kämähal, Aziýanyň we Afrikanyň ösýän ýurtlarynyň köpukladly ykdysadyýeti kapitalizmiň , sosializmiň elementleri feodalizm bilen hem goňşuçylykda bolýar.

Ýewropanyň köp döwletlerinde **sosial bazar gatnaşyklary** dowam edýär. Munda döwlet sosial goraglylyga we paýlamaklyga içgin gatnaşýar.(Germaniýa, Daniýa, Şwesiýa,Awstriýa).

**Arassa bazar gatnaşyklary ýurtlaryna** mysal hökmünde ABŞ, Ýaponiýa, Taýwan, Gonkong... ýaly döwletleri getirmek bolar.

Ylmy nukdaý nazardan, **makroykdysadyýet**-ýeke-täk bitewilikdäki ylym, **mikroykdysadyýe**t bolsa, aýry-aýry bazarlar we ykdysady aspektler bolup, ol pudagyň, firmanyň, nyrh emele getirişini, haryt hyzmatlaryny öwrenýär.

Eger mass-media bazary hakynda gürrüň edilse, munda habar, HBS-iň öz önümi bolan habarlar (metbugat, elktron, radio...) barada aýdylanda, onuň şertleri, biznes-sredasy barada durup geçmeli bolýar.

Meýilnamaly ykdysadyýetde şeýle bazar ýokdy.(Ähli habar beriş serişdeleri hem, abuna ýazylyşyk hem döwletiň elindedi.) Häzir GDA ýurtlarynda şeýle bazarlar bar we dürli şertlerde dowam edýär. Ol ýurtda dowam edýän syýasy, ykdysady ýagdaýlara bagly bolup durýar. Ykdysadyýetde döwletiň eýeleýän udel agramyna, ykdysadyýetiň liberializasiýasyna, kärhanalaryň täjirleşme derjesine bagly bolýar. Hususyýetçiligiň ösüşine we döwlet eýeçiliginiň hususylaşdyrylyşyna, milli puluň ýagdaýyna, Habar beriş serişdeleriniň maýa goýmaga döwtalaplaeyň bardygyna we ýokdugyna bagly. Ýa-da, o, döwletiň monopoliýasyndamy? Habar beriş serişdçeleriniň salgyt meselesi nähili? Sowatly işgärler barmy? Bu hakyň mrentalitetine hem bagly. Onuň bazar gatnaşyklaryna gatnaşygy neneňsi?

Russiýa, Baltiýa ýurtlarynda şeýle bazar eýýäm emele gelipdir.

Islendik redaksiýa, HBS sosial ulgam hökmünde goralýar we şol görnüşde tertipde döwlet belligine alynýar. Neşirýat işi bilen meşgullanmak üçi Döwlet neşirýat gullugyndan lisenziýa-ygtyýarnama alýarlar.

Başga tarapdan bolsa, redaksiýany täjirçilik kärhanasy hökmünde kabul etmek bolar. Edara tarap hökmünde onuň ähli hukuлlary we borçlary bardyr. Redaksiýanyň harydy- adaty däl intellektual, ideologiki harytdyr. Ol žurnalistleriň dördijilik işiniň

önümidir, ol HBS-de (gazet-žurnallar, radio, telewideniýe,internet) amala aşyrylýar, birleşýär. Diýmek, islendik kärhana ýaly, redaksiýa hem bazar ykdysady ulgamyna degişli bolup durýar. Bazar bolsa, ozaly bilen, bäsleşigi teklip edýär.

**Redaksiýanyň maksady** bar bolan we potensial habar satyn alyjylarynyň jemi bolan bazaryň onuň döredijiligini we göwünjeň kabul etmegini, girdejiniň artmaggyny potensial okyjylary, diňleýjileri, tomaşaçylary köpräk çekmegiň hasabyna gazanmakdyr.

## Redaksion menejment: maksatlary, görnüşleri, guralyşy

Redaksion menejmentiň talaplaryny nazara almazdan, mediabiznes bilen meşgullanyp bolmaz.

Şu pursatda menejment diýip, birinjiden, redaksiýanyň toparyny dolandyrmaklyk, bu prosesiň usullarynyň ulgamy we görnüşleni. Ikinjiden bolsa, topara öolbaşçylyk edýändolandyryjylar toparyny häsiýetlendirýän menejjer diýlip atlandyrylýan belli bir anyk hünäriň wekilleri göz öňünde tutulýar.

Ykdysady faktor redaksion menejmentiň tutuş işiniň prosesine örän uly täsir edýär. Ol menejmentiň ,maksatlaryny, ugurlarynyt we häsiýetini kesgitleýär. Biziň bilşimiz ýaly, redaksiýanyň işlemegi, onuň işiniň otnositel erkinligi maliýe garaşsyzlygyna baglydygy sebäpli, gazetiň ýolbaşçylarynyň möhüm

wezipeleriniň bir bölegi neşiriň ykdysady binýadyny döretmek, girdeji gazanmak bolup durýar. Şonuň çin redaksiýany dolandyrmak prosesi , redaksion menejment ykdysady häsiýete eýe bolýar. Ol toparyň ähli işgärleriniň ykdysady taýdan dolandyryşy bolup durýar.

Redaksion menejmentiň ikinji maksady- redaksiýanyň ähli işgärlerinde ykdysady pikirlenmäni, olaryň işiniň redaksiýanyň we gazetiň ykdysady binýadyna täsirini ýetirýändigine akyl ýetirmeklerii terbiýelemekden ybaratdyr.Şunda redaksiýanyň ýolbaşçylary indi onuň toparyny dolandyrmak prosesinde birnäçe ykdysady prinsiplerden ugur alýarlar.

Şolaryň ilkinjisi- möwsümleýin neşiriň girdejililigi. Diňe girdeji gazanylmagy gazetiň ýaşamagyny üpjün edip biler. Şonuň üçin redaksiaýnyň ähli işgärleriniň işi şu maksada gönükdirilen bolmalydyr.

Ikinji prisip- neşiriň bäsleşige ukyplylygy-, ol hem neşiriň girdejililgi bilen baglanyşyklylydyr.

Gazet çykarmaklykdan girdejililik beýleki neşirle bilen diňe nýiti bäsdeşligiň bolmagynda gazanylyp bilner.

Üçünji prinsip-ýterlik drejedäki tygşytlylgyň bolmagy. Redaksiýanyň menejerleriňniň mümkingadar az güýç, serişde, energiýa, wagt sarp edip, öz maksatlaryna ýetmeklige çalyşmalaryny kesgitleýär. Olaryrň işiniň ähli ugurlar boýunça oýlanyşykly tygşytlylygy has az wagtda , iň gysga ýol

bilen we iň tygşytly ýol bilen ýokary netije gazanmagynyň esasyşertleriniň biridir.

Redaksion menejmentiň öz maksatlaryna ýemeklige ymtylmagy redaksiýanyň ähli häsiýetinde, we işinde öz beýanyny tapýar.Gollanmanyň dowamynda gazet redaksiýasynyň işgärleriniň düzüminiň artmagy, gurluşynyň üýtgemegi, göwrüminiň ulalmagy gürrüň ediler. Bu özgertmeler bolsa redaksiýanyň iki bölege-döredijilik we ykdysady bölege bölýär.

Onuň birinji bölegine redaksiýanyň döredijilik gurluşlary, žurnalistler-dolandyryjylar, habarçylar, şeýle hem žurnalistleriň işlemekleri üçin şertleri döredip berýän tehniki bölümler degişlidir. Redaksiýanyň ikinji bölegini bolsa, ykdysady , täjirçilik gurluşlar düzýärler.Bularyň her biriniň-de öz öňünde durýan wezipeleri, şeýle hem olaryň her biriniň öz ýolbaşçylary: birinjisinde baş redaktor hem-de baş menejer bolýar. Bölümleriň her biri-de öz işlerini biri-birlerine garaşsyzlykda erkin ýerine ýetirýärler.

Ol bir wagtyň özünde hem olar biri-biri bilen üznüksiz arabaglanyşykda hereket edýärler we täsir edýärler.Ol işde hem, beýlekisinde hem iş prosesinde işgärlere üznüksiz menejmentde dolandyrýarlar. Ýöne redaksion menejmentiň her biriniň görnüşinde hem işgärleriň öňünde durýan wezipeleriň spesifiki aýratynlylaryna laýyklykda düýpli aýratynlyklary bardyr.

Birinjisinde, redaksiýanyň döreijilik böleginde žurnalistler topary baş redaktoryň ýolbaşçylygynda gazetiň sanlaryny taýýarlamaklygy we çykarmaklygy üpjün edýärler. Bu ýerde žurnalistleržurnalistik makalalary taýýarlamak, olary bezemek we gazeddt sahypasyna bermek işi bilen meşgul. Dolandyryjylar-baş redaktor bilen we beýleki döredijijlik gurluşlarynyň ýolbaşçylary önümçilik menjmenti bilen meşgullanýarlar.

Ikinjisinde, redaksiýanyň ykdysady böleginde ýolbaşçylar-menejerler özmeselerini çözmek bilen ykdysady, iliknji nobatda bolsa maliý menejmenti b ilen meşgullanýarlar. Redaksion menejmentiň özeni umumydyr, ýöne olaryň her biriniň öz spesifikasy bardyr.

## Önümçilik menejmentiniň aýratynlyklary

Munda redaksiýanyň önüminiň taýýarlanyş, önümçilik we goýberiş prosesiniň ähli elementleri göz öňünde tutulýar - olara gatnaşýanlaryň orny we roly, bu prosesiň şertleri we şolar bilen baglanyşykly harajatlar, has ýokary netijeliligi gazanmaklygyň predposylkalary, matariallary, serişdeleri, güýçleri we başgalary tygşytlamagyň mümkinçilikleri nazara alynýar.

Elbetde, munda döredijilik işgärler toparynyň-žurnalistleriň formirlenmeginiň, onuň düzüminiň, göwrüminiň, gurluşynyň kesgitlenilmeginiň, onuň işini guramaklygyň uly ähmiýeti bardyr.

Bularyň özi uly tagallalary we serişdeleri talap edýär. Olaryň möçberi žurnalistik zähmetiniň bazaryndaky ýagdaýa, gazetiň abraýyna, redaksiýanyň žurnalistiň işine hak tölemek babatdaky ýagdaýyna we başga faktoralara baglydyr.

Gazetiň tipine , onuň göwrümine, çykyşynyň möwsümleýinligine baglylykda, baş redaktor redaksiýanyň döredijilik düzüm birligindäki döredijilik işgärleriniň gazetiň çykarylmagyny, okyjylaryň isleglerini kanagatlandyrylmagyny we olaryň sanyny köpeltmekligi üpjün edip biljek minimal möçberini kesgitleýär.

Baş redaktor ştatdan daşary habarçylary köpräk çekmekligiň hasabyna işgärkleriň sanyny azaldyp hem biler. Bu redaksiýanyň urnalistlere zähmet hakyny tölemek babatda harajatlaryny azaltmaga ýardam eder. Ýöne her bir redaksiýada hazetiň derejesini peseltmesden onuň žurnalistleriniň sanyny azaltmagyň çägi bardyr.

Redaksion menejmentiň ulgamyna redaksiýanyň işgärler syýasatyny alyp barmakda hem belli bir derejede orun degişlidir.Ol Baş redaktor tarapyndan amala aşyrylýar, çünki, ol iş beriji bolup durýar we on uň oplbaşçylygynda redaksiýa işgäriň alynmalydygy ýa-da alynmaly däldigi baradaky mesele çözülýär. Birnäçe iri redaksiýalarda işgärler syýasatyny alyp barmaklyga baş redaktora işgärler boýunça menejer kömek edýär.Işgär kabul etmek, redaksiýaň içinde işgäri bir ýerden başga bir wezipä

geçrirmek, wezipeden boşatmak bilen baglanyşykly işgärler syýasaty köplenç gazetiň redaksion kollegiýasynda ara alnyp maslahatlaşylýar we her bir aýratyn mesele boýunça anyk pikire gelinýär, ýöne çözgüdi baş redaktor tarapyndan kabul edilýär.

Habar beriş serişdeleriniň işgärleri bilen iş berijiniň , ýa-da iişgäriň başlangyjy bilen möhletleýin şertnama baglaşylyp bilner. Eger şertnamada nöhlet bellenilmedik bolsa, onda şertnama näbelli möhlet üçin diýlip hasap edilýär.Zähmet şetnamalarynyň dürli görnüşlerini ulanmak arkaly iş beriji- baş redaktor gymmatly işgäri redaksiýada berkitmek üçin onuň bilen şertnamany näbelli möhlet üçin baglaşyp, ýa-da şertnamanyň möhleti tamamlananda onuň möhletini uzaldyp biler ýa-da, munuň tersine, iş beriji täze işgär kabul eden mahaly onuň bilen belli bir möhlet üçin, onuň iş ýüzündäki ukybyny barlamak üçin - ýarymýyllyk, bir ýyllyk synag möhleti bilen baglaşyp biler. Şunuň ýaly şertnama iş berijiniň elinde žurnaliste täsir etmekde, ony dolandyrmakda we onuň işiniň erkinligini çäklendirmekde möhüm gural bolup hyzmat edip biler.

Elbetde, žurnalist häzir öz döredijilik işinde erkindir. Ýöne, bazar gatnaşyklary şertlerinde döwlet syýasy senzurasy bolmasa-da, onuň deregine şondan hem ýowuz ykdysady senzura ýüze çykdy. Redaksiýalaryň önümçilik menejmenti çap edilýän materiallaryň tematikasyny we mazmunyny berk gözegçilik astynda saklamak bilen, olary

redaksiýanyň we onuň eýesiniň ykdysady, maliýe bähbitlerine laýyk bolmagyny talap edýär. Kanunçylyga laýyklykda, žurnallist habar toplamakda we ony ulanmakda köp hukuklara eýe boldy. Ýöne onuň baş redaktory hem önümçilik menejmentiniň prosesinde, eger gazete ykdysady tarapdan zelel ýetirýän bolsa, öz işgäriniň işine düzediş girizmek we çäklendirmek babatda giň hukuklara eýe boldy.

Žurnalistiň hünär ussatlygyna bolan talabedijilik has güýçlendi.

Baş redaktoryň özüniň-de hakyna tutulan menejerdigini ýatda saklamak gerek. Iş beriji ýa-da neşiriň eýesi onuň bilen möhletleýin şertnama baglaşýar. Bu gazetiň baş redaktorynyň orunbasaryna we baş hasapçysyna hem degişlidir.

Redaksiýanyň döredijisi we menejeri- täjirçilik direktory bilen bilelikde žurnalistleriň zähmet haklaryny tölemekligiň ulgamyny kesgitleýärler.

Köplenç gazetleriň redaksiýalarynda žurnalistlere zähmet haky sagatlaýyn-eden işine görä görnüşinde tölenýär. Ol her aýlyk zähmet hakyndan we çap edilen materiallar üçin tölenýän galam hakyndan ybaratdyr. Käbir gurply redaksiýalarda baýraklar yzygideli berlip durulýar. Olar ,köplenç, aýlyk haklaryndan hem köp bolýar.

Günbatar ýurtlarynda galam haky tölenmezden, ýokarlandyrylan aýlyk haklary tölenýän ýerleri hem köp. Kähalatlarda bolsa, žurnalistiň işini has tijemek maksady bilen, zähmet haky aýlyk görnüşinde

tölenmän, edil işgärleriň düzüm birliginden daşary habarçylaryňky ýaly, diňe galam haky tölenýän ýerleri hem bar. Ýöne, şeýle töleg ulgamy seýrek duş gelýär. Munuň özi, maliýe taýdan kynçylyklar dörän mahaly ýüz urulýan ýagdaýdyr. Redaksiýanyň diňe bir žurnalistleriniň däl, tehniki, täjirçilik işgärleriniň zähmetine hak tölemeklik redaksiýanyň býujetiniň iri harajatlar maddasynyň biri bolup durýar.

Redaksiýanyň býujetini formirlemek we şol esasda buhgalteriýada işlenilip düzülýän balansyň redaksiýanyň hakyky harajatlarynyň býujetiň çykdajylaryny görkezýän býujetlemek redaksion menejmentiň iň möhüm guralydyr.

Býujet redaksiýanyň ýolbaşçylaryna olaryň ygtyýarynda nämeleriň bardygyny, belli bir döwürde –maliýe ýylynda redaksiýanyň işini üpjün etmek we gazeti çykarmak üçin nähili serişdeleriň peýdalanylyp bilinjekdigini görkezýär.

Islendik kärhananyňky, guramanyňky ýaly, redaksiýanyň býujeti-de girdeji hem-de çykdajy diýen iki sany bölekden ybaratdyr.

Býujetiň çykdajy bölegine redaksiýanyň döredijilik-žurnalist we tehniki işgärler toparlarynyň gündelik işini üpjün edýän zerur maddalaryň birnäçesi degişlidir. Bu umumy redaksiýa çykdajylary diýilýän bölüme zähmet üçin hak tölemek gaznasy, maddy taýdan höweslendiriş gaznasy we sosial ösüş gaznasy degişlidir. Şolara iş saparlarynyň tölegi, telefon,

internet, faks, hatlar ýaly aragatnaşyk serişdeleriniň ulanylmagy üçin çykdajylar hem goşulýar.

Ulag çykdajylary –awtoulagy saklamak, olara ýangyç guýmak, ulagy goýmak üçin çykdajylary öz içine almak bilen, aýratyn madda hökmünde goşulýar. Redaksiýanyň işgärleriniň gündelik ulanýan zerur materiallary-kagyzlar, fotoapparatura, kserokslary we başga tehnikalary ulanmak üçin köp serişde harç edilýär.

Umumyredaksion harajatlaryň köp bölegi redaksiýanyň hyzmatdaşlyk edýän neşirýatyna sarp edilýär. Eger redaksiýanyň jaýy özüniňki däl bolsa, onda ol jaýyň kärende tölegi, şeýle hem, özüne degişli bolmadyk mebel we tehniki serişdeler üçin, şeýle hem elektrik energiýasy üçin uly möçbede çykdajy etmeli bolýar. Eger jaý, mebel, enjamlar redaksiiýa degişli bolsa, onda ol ammortizasiýa tölegini töleýär.

Býujetiň žurnalistleriniň ömrüni ätiýaçlandyrmak bilen baglanyşykly çykdajylaryň ähmiýeti artýar. Orsýetiň neşirleriniň mysalynda gürrüň edilse, milletara we din üstündäki jenjelleriň bolup geçýän Demirgazyk Kawkaz respublikalaryna, ýakyndaky daşary ýurtlara iş saparyna gidilende, žurnalistler çynlakaý howp-haratra sezewar bolýarlar. Her ýyl Orsýetiň habar beriş serişdeleriniň işgärleriniň birnäçesi şeýle iş saparlary mahalynda heläk bolýarlar we ýaralanýarlar.

Redaksion býujetiň çykdajy maddasynyň ähmiýeti önümçilik menejmentiniň prosesinde artýar.

Redaksiýnyň baş redaktoryna we başga döredijilik işgärlerine diňe bir toparyň ululygyny we düzümini däl-de, onuň işgärleriniň ýerli-ýerinde goýluşyny sazlamaklyk hem degişlidir.

Žurnalist hazaçan-da özüniň hünär derejesine, döredijilik mümkinçilikerine we gyzyklanmalaryna laýyk gelýän wezipede işledilse , ondan has ýokary netijä garaşmak bolar. Haçanda ol „öz ýerinde“ boolsa, ol doly güýjünde işlemek bilen , redaksiýa has köp peýda getirip biler. Bu ykdysady taýdan hem bähbitlidir. Redaksiýanyň işgärleriniň şular ýaly oňaýly ýebe-ýer goýulmagynyň gazanylmagy önümçilik menejmentiniň möhüm wezipeleriniň biridir.

Bu gazetiň we onuň okyjylarynyň žurnalistleriniň belli bir imijiniň emele gelmeginde uly rol oýnar.

Imij-okyjylar tarapyndan döredilen uzak wagtlaryň dowamynda gazet baradaky durnukly obrazydyr. Ol gazetiň makalalarynyň tematikasynyň we mazmunynyň aýartynlyklary, onuň dizaýny, suratlaryň ýerleşdirilişi, bezegi bilen baglydyr.

Nähili awtorlaryň çykyş edýändigine garap hem gazete baha berýärler. Onuň möwsümleýin neşirler bazarynda meşhurlygy we bäsleşige ukyplylygy köplenç şuňa baglydyr. Redaksiýanyň ýokary önümçilik, döredijilik menejmentiniň prosesinde öz žurnalistleriniň imijini göz öňünde tutmak bilen, ony has ýokary ykdysady netijäni gazanmak üçin ulanmaklyga çalyşýarlar.

Şonuň üçin žurnalistiň döredijilik, önümçilik işiniň etika tarapy bilen baglanyşykly meseleler barha köp ykdysady ähmiýete eýe bolýar.Gazetiň imiji formirlenende, onuň möhüm bir bölegi bolan etiki imijiniň ähmiýeti ýokarlaýar.

Baş redaktorlar we beýleki menejerler redaksiýanyň işgärleri tarapyndan professional žurnalistiki etikanyň kadalaryna eýerilmegini gözegçilikde saklamaly bolýarlar.Okyjylar gazete baha berenlerinde diňe bir onuň materiallarynyň mazmunyna, bezegine, ýerleşdirilişine görä baha bermek bilen çäklenmän, žurnalistde kabul edilen ahlak kadalarynyň saklanylyşyna garap hem baha berilýär. Elebetde, gazetiň etiki derejesi onuň auditoriýasynyň etiki derejesine hem köp derejede gabat gelýär.Gazetiň imiji adamlaryň öz aralaryndaky gatnaşyklaryň ahlak normalaryndan pese düşmeli däldir. Ýogsa, gazet köp zat ýitirer, onuň okyjylary azalar.Suda berlen ýagdaýynda gazet jerime tölemegi üçin uly çykdajylara sezewar bolmagy mümkin.

Önümçilik menejmentiniň prosesi döredijilik toparyny dolandyrmagyň dürli usullarynyň ulgamyny ulanylmagy arkaly aýdyňlaşdyrylýar. Bu redaksiýanyň önümçilik menejmentiniň iň möhüm ugurlarynyň biridir. Ol redaksiýanyň ykdysady, maliýe menejmenti bilen organiki baglanyşyklydyr.

## Ykdysady menejmentiň aýratynlyklary

Redaksiýanyň ykdysady garaşsyzlygyny, öz-özüni üpjün etmekligini amala aşyrmakda ykdysady, ozaly bilen-de, maliýe menejmentine örän uly orun degişlidir. Bize mälim bolşy ýaly, munuň bilen redaksiýanyň toparynyň ikinji bölegini düzýän ykdysady menejerler, redaksiýanyň täjirçilik bölümleriniň ýolbaşçylary meşgullnýarlar.

Döredijilik böleginiň ýolbaşçylaryndan tapawutlylykda, olar redaksiýa bilen girdeji gazanmaga ugur alan kärhana hökmünde guramaçylyk-hukuk görnüşleriniň biri boýunça bellige alnan kärhana hökmünde garaýarlar.

Redaksiýanyň ykdysady bölegi her biri ykdysady menejmentiň belli bir bölegi bilen meşgulanýan bölümleriň jemi bolup durýar. Olaryň ählisi-de edil redaksiýalaryň bölegi ýaly özara ysynyşykly baglanyşyklydyrlar we olar redaksiýanyň beýleki bölekleriniň täsir edişi ýaly, birek-birege hen täsir edýärler. Bulara ozaly bilen,redaksiýanyň maliýe gullugy gedişlidir. Oňa bolsa, baş hasapçy tarapyndan ýolbaşçylyk edilýän buhgalteriýa we iri toparlarda meýilleşdiriş-maliýe bölümi girýär. Maliýe gullugyna redaksiýanyň maliýe menejri ýolbaşçylyk edýär. Marketing boýunça marketing menejeri ýolbaşçylyk edýär.

Bu bölümde marketolog hünärmenler işleýärler.

Redaksiýanyň iň möhüm ykdysady gurluşlarynyň biri mahabat bölümidir. Bu bölüme mahabat boýunça jogapkär menejer ýolbaşçylyk edýär. Bu erde mahabatçylar-tekst düzüjiler, mahabat agentleri we başgalar iş alyp barýarlar. Gazeti ýaýratmak bölümine ýaýratmak boýunça hünärmen ýolbaşçylyk edýär. Iri redaksiýalarda ykdysady toparyň bu bölümine habar agentligi, kitap redaksiýasy we başga gulluklar girýärler.

Redaksiýanyň ähli ykdysady gulluklaryna baş menejer (ýerine ýetiriji täjirçilik direktory) ýolbaşçylyk edýär. Adatça, ol baş redaktoryň orunbasarlarynyň biri hökmünde baş redaktora tabyn bolýar, eger redkollegiýa bar bolsa, ol şonuň düzümine hem girýär. Ýöne ol gönüde-göni gazetiň eýesine, neşiriň döredijisine tabynlykda bolup, şonuň öňünde hasabat berip hem biler.

Uly bolmadyk etrap ýa-da şäher gazetinde, köplenç baş redaktoryň özüniň maliýe menejmenti bilen meşgullanýan wagty hem seýrek bolmaýar. Ýöne ol özüniň ykdysady bilimleriniň üstüni ýetirip durmaly bolýar.

Iri redaksiýalarda ol haýsy-da bolsa bir ugur bilen meşgullanýar: özi döredijilik işine ýolbaşçylyk edýär, hakyna tutulan işgär bolsa menejment bilen meşgullanýar Ýa-da onuň özi ykdysady işler bilen meşgullanyp, döredijilik işlerini alyp barmaklygy orunbasarlarynyň birine tabşyrýar. Belki-de, ol orunbasaryna döredijilik meseleleri bilen

meşgullanmagy ynanyp, özi ykdysady ugurlary ýöredip hem biler.

Redaksiýada ykdysady menejmentde üstünlik gazanamkda iň möhüm zat onuň döredijilerinde we ýolbaşçylarynda munuň üçin zerur bolan maýa serişdeleriniň bolmagydyr, ýagny, ýeterlik derejede aktiwleriň, önümçiligi başlamak we dowam etdirmek üçin möhüm bolan fiziki, pul, adam we başga resularynyň ýeterlik bolmagydyr.

Maýa iki görnüşe bölünýär- esasy we dolanyşyk.

Esasy maýa redaksiýanyň jaýyny gurmak ýa-da satyn almak, onuň enjamlaryny, tehnikasyny, ulag serişdelerini we ş.m. üçin goýulýar.

Dolanyşyk maýasyna bolsa bazarda haryt bolup durýan gazeti öndürmek üçin goýulýan serideler degişlidir. Ol gazet satylanyndan soň, redaksiýa pul görnüşinde dolanyp gelýär.

Dolanyşyk maýasyna, şeýle-de, gazet öndürmek üçin harçlanylýan materiallary satyn almak , elektrik energiýasy üçin, işgärlere hak tölemäge we başga harajatlar üçin sarp edilýän serişdeler hem degişli.

Redaksiýanyň maýasy gazeti döredijiniň, maýadarlarlary bank karzynyň we elbetde, redaksiýanyň girdejileriniň hasabyna formirlenýär. Maýanyň ulanylyş maksatlaryna görä, dörli gaznalar döredilýär.

Neşiriň maliýe binýady redaksiýanyň sermaýa gaznasy arkaly üpjün edilýär.Ol gazeti döredijileriň ýa-da eýeleriniň redaksiýanyň emlägine goşan pul

goýumlarynyň jeminde emele gelýär: sermaýa gaznasyna esasy we dolanyşyk gaznalary girýär. Munuň soňkusy meselem, kagyzlar, taýýar edilen, ýöne heniz satylmadyk önümler ýaly ätiýaçlyk materiallardan ybaratdyr.

Dolanyşyk serişdelerine şeýle hem, redaksiýanyň işgärleriniň aýlyk haklary we onuň hereket etmegi üçin gerek bolan ähli pul serişdeleri degişli bolup durýar.

Redaksiýanyň sermaýa gaznasy başlanggyç maýany-redaksiýanyň işläp başlamagy we gazetiň öndüriip başlanmagyny üpjün etmäge ýeterlik derejede serişde bilen üpjün edýär. Ýöne soňra gazetiň çykarylmagyny dowam etdirmek üçin bu maýa barha ösdürilmelidir.

Redaksiýalaryň menejerleriniň maliýe syýasatynyň maksady girdejileriň çykdajylardan artmagyny, peýdanyň gazanylmagyny we maliýe gytçylygynyň bolmazlygyny gazanamkdan ybaratdyr. Muny redaksiýanyň maliýe hojalygynyň ýagdaýynyň doly hasabatynyň üznüksiz we takyk alnyp barylmagy, önümçilik bilen baglanyşykly harajatlaryň gözegçiligini üpjün etmek arkaly gazanmak bolar. Özi-de girdejiniň ähli çeşmelerini we mümkinçiliklerini bilmek hem-de ulanmak zerurdyr.

Bularyň ählisi redaksiýanyň býujetde we şonuň esasynda düzülýän balansda şöhlelendirilýär. Ýagny, redaksiýadan gidýän we oňa gelýän maliýe akymlarynyň hereketiniň netijelri äşgär bolýar.

Gazet öndürmek bilen baglanyşykly neşirýat harajatlary diýilýän çykdajy redaksion menejmentiň gözýetiminde bolýar.

Bu ilkinji nobatda gazet öndürmek üçin satyn alynýan kagyzyň tölegidir. Bu örän uly çykdajy maddasynyň möçberi kagyz bazarynyň
ýagdaýyna, satyjynyň saýlanylyp alnyşyna, şeýle hem, kagyzyň hiline (sortuna-görnüşine) we dykyzlgyna, redaksiýanyň nenejerleriniň tiraž syýastyna baglylykda üýtgäp durýar.

Gowusy kagyzüsti tölegi bar bolan çaphanalarynda gazeti neşir etdirmekdir. Adatça, çaphanalar redaksiýalara kagyzy öz hakyky bahasynyň üstüne biraz nasenka goýup hödürleýärler. Ýöne bu redaksiýalary bazarda kagyz gözlemek, tölemek, ony daşamak, ammarda ýerleşdirmek ýaly meseleleriň hysyrdysyndan dyndarýar. Ýöne öz çaphanasy bar bolan iri gazetleriň redaksiýasy, kagyz öndürijileriň biri- sellýoza-kagyz kombinatlaryň biri bilen gönüden-göni işleşip, gazeti uzak wagtlap çykarmak üçin zerur bolan kagyzyň uly tapgyryny satyn alyp we ony öz ammarynda ýerleşdirip biler. Hernähili ýagdaý bolanynda hem, gazetiň ähli sanlaryny we tiražlaryny göz öňünde tutmak bilen, näçe mukdarda kagyzyň gerekdigini, sortuny we agramyny deslap kesitlemek peýdalydyr.

Çaphana işleriniň tölegi hem az harajatlary talap etmeýär. Onuň ululygy birnäçe faktorlar bilen hem kesgitlenilýär.Haýsy çaphanadygyna, kagyzyň we

çap edilişiniň görnüşiniň, şeýle hem, şol gazetiň çaphanada nähili sikl strukturasyny başdan geçirýändigine laýyklykda kesgitlenilýär.

Öz çaphanasy bar bolan redaksiýa utuşly ýagdaýda bolýar. Ýöne çaphanany döretmek üçin köp serişde talap edilýär. Bolmasa redaksiýanyň menejeri neşirýat bazaryna çykyp, gazetiň çykarylmagyny üpjün edip biljek amatly çaphana gözlemeli bolýar. Gazet çykarmak bilen baglanyşykly harajatlary çekmäge ukyply uly tiražly redaksiýalar ýa-da neşirýat öýleri üçin bu gözleg tiz wagtyň içinde çaphana bilen şertnamanyň baglaşylmagyna getirip biler. Emma az tiražda gazet çykarýan redaksiýalar üçin müşgillikler döräp başlaýar.

Az girdeji berýän işi etmek çaphana üçin amatly däldir.Redaksiýanyň bolsa menejerler tarapyndan hasaplanylyp çykarylan çäkden artyk derejede töleg etmäge mümkinçilikgi ýokdur. Ol gazet çykarmak üçin buýurmasy köp bolmadyk çaphana gözlemeli bolýar, olar bolsa, köplenç şäherden çeträkde ýerleşegen bolýarlar.

Çaphana hyzmatlary bilen baglanyşykly harajatlaryň möçberi çap etmekligiň saýlanyp alnan görnüşine bagly bolýandygy barada ýokarda bellenilip geçilipdi. Onuň iň arzan görnüşi bolsa ýokary çap ediliş usulydyr. Ýöne ol çaphana usulynyň iň pes hilli derejesidir.

Ol gazetiň dizaýnyna, onuň illýustrasiýasyna ýaramaz täsir edýär, Bular bolsa, ahyrky netijede,

gazetiň bäsdeşlige ukyplylygyny peseldýär. Has gymmadrak bolan ofset usulyndaky çap ediliş usuly has amatlyrakdyr. Munuň üçin bolsa, has döwrebap enjamlar zerurdyr, ol iň ýokary hil derejsinde gazet çykarmaga mümkinçilik berýär. Ol eger, redaksiýanyň serişdesi bar bolsa, gazeti birnäçe reňkde çykarmaga hem şert döredýär.

Eger çaphanada gazetiň sanyny çykarmak üçin ulanylýan amallar azaldylsa, onda, çaphana harajatlary üçin tölegleriň möçberini azaltmak mümkin. Eger teksti ýygmakdan başlap, tiražy çap etmäge çenli, gazet çykarmak üçin tutuş önümçilik siklini öz içine alsa, onda çaphana hyzmatlary üçin töleg ep-esli ýokary möçberde bolar.

Emma eger gazeti çykarmagyň başlangyç siklleri- teksti ýygmakdan başlap çap formasynyň döredilmegine çenli redaksiýada elektron-neşir toplumy ulanylyp amala aşyrylsa we çaphanada, ýa-da diňe gazetiň tiražy çap edilse, çaphana harajatlaryny düýpli azaltmak mümkin. Elbetde, şeýle toplum ysatyn almak , şonda işlejek hünärmene hak tölemek üçin köp serşde gerek bolýar. Ýöne, redaksiýanyň menejeri munuň haýsy biriniň has bähbitli bljakdygynyň hasabyny çykarýar: belli bir döwrüň dowam ynda býujetiň ýörite gaznasynda tehnika satyn almak üçin zerur bolan pul möçberini tamamlamalymy, ýa-da çaphana hyzmatlarynyň çykdajylar maddasyny öňküligine, üýtgewsizligine galdyrmalymy?

Redaksiýanyň neşirýat çykdajylaryna gazetiň sanlaryny taýýarlamak üçin gerek bolan habarlary satyn almak üçin serişdeler hem neşirýat çykdajylaryna degişlidir. Bular redaksiýanyň işgärleriniň özleriniň üpjün edip bilmejek, ýöne okyjylar üçin möhüm bolan habarlardyr.

Mysal üçin.Orsýetiň ýerli we sebit gazetleri ýerli, sebit we daşary ýurt habarlaryny döwlet hem-de täirçilik agentliklerinden satyn alyp bilerler.

Redaksiýanyň menejerleri şeýle agentlikler bilen olaryň hyzmatlaryny tölemek blen şertnama baglaşýarlar.Artykmaç harajatlardan gaça durmak maksady bilen ,redaksiýanyň döredijilik bölegininiň ýolbaşçylary bilen gazetiň nobatdaky sanlaryny çykarmak üçin nähili we haýsy möçberdäki habarlaryň yzygiderli gerekdigini kesgitleýär

Redaksiýanyň býujetiniň möhüm çykdajy maddalarynyň ýene biri-de tiražy ýaýratmagyň tölegidir. Adatgça, ol çaphana hyzmatlarynyň tölegine barabar gelýär. Kähalatda bolsa, , ondanam okary bolýar. Redaksion neşirýat marketingini geçirmeklik , gazetiň mazamlamasyny başga habar beriş serşdelerinde geçirmek we ş.m. hem şu madda goşulýar.

Redaksiýanyň kärhana bolup durýandygy sebäpli, o, döwletiň öňündäki salgyt babatdaky borçleryny berjaý etmelidir. Redaksiýa döwlet we ýerlibýujete salgytlar boýunça , zähmete hak tölemek gaznasyna, peýda, mazamlama we redaksiýanyň

önümini satmaklygyň golşmaça goşmaça gymmat üçin yzygiderli töleg geçirmek bilen meşgullanýarlar. Şunuň ýaly býujet hökmany çykdajy maddasyna sostrah boýunça tölegler hem degişlidir. Balans düzülende buhgalteriýa redaksion menejmente salgyt tölegleri barada maglumat berýär.

Döwlet tarapyndan birnäçe ýylyň dowamynda olaryň bazar ykdysadyýetine girmeklik üçin habar beriş serişdelerine ýeňillikleri göz öňünde tutulýar. Bu baradaky Kanunlaryň birnäçesi kabul edilipdir,Şolara laýyklykda HBS-iň önümlerini ýerlemekdäki dolanyşykdan goşmaça gymmat üçin tölegden, şeýle hem, gazet we žurnal önümini öndürmek işi redaksion, neşirýat we çaphana goşmaça gymmatdan boşadylan.

Mundanam başga, möwsümleýin çaphana neşirlerini daşamak, ýüklemek, düşürmek býunça hyzmatlary hem bu salgytdan boşadylandyr. Şeýle salgytdan diňe bilim, ylym we medeniýet bilen baglanyşykly bolan gazetleriň redaksiýalary boşadyldy. Ol mazamlama, täjirçilik neşirlerine degişli däldir.

Şeýle hem kanun gazet redaksiýalaryny öz çykarýan neşirlerini ýaýaratmakdan alan girdejilerini bu salgytdan boşadýar.

Orsýetde bazar gatnaşyklarynyň ösmegi bilen redaksiýalara hem edil beýleki kärhanalar ýaly, barha berk talap bildirilýär. Habar beriş serişdelerine berilýän ykdysady ýeňillikleri ýatyrmak baradaky

meýiller hem döreýär. Bu bolsa goşmaça gymmat üçin salgyt töleginiň adatdakylaryňkydan bary-ýogy 10% -e getirildi.

HBS-leriň redaksiýalarynyň uzak wagtlap peýdalanan ykdysady ýeňillikleriniň doly aýryljakdygy-da daşda däl bolsa gerek. Bu redaksiýalary doly, adaty bazar ykdysadyýetiniň kärhanasyna öwrer.

Gazeti taýarlamak, ony möwsümleýin neşirler bazarynda öňe sürmek we ýerlemek bilen baglanyşykly çykdajylar jemlenilýär we olar redaksiýanyň işlemegini üpjün etmek üçin zerur bolan iň az derejesiniň nähildigi barada düşünje berýär.

Bu serişdeler dürli çeşmerlden redaksiýa gelýän serşdeleriň möçberi bilen barabarlaşdyrylan bolmalydyr. Ýöne redaksiýanyň maliýe menejerleriniň wezipesi kollektiwiň işini optimizasiýalaşdyrmak, neşiriň derejesini ýokarlandyrmak, onuň bazardaky ornuny pugtalandyrmak naksady bilen girdejileriň çykdajylardan artyk gelmegini gazanyp, peýda gazanylmagyny üpjün etmekden ybaratdyr.

Bu girdeji çeşmeleri redaksion býujetiň ikinji böleginde hem şöhlelendirilýär. Ol indiki maliýe ýyly üçin redaksiýanyň geljegi, ykdysady işiniň meýilnamalary barada göz öňüne getirmäge mümkinçilik berýär,. Bu çeşmeleriň käbiri redaksiýanyň we onuň gazetiniň ýaşamagynda uly ähmiýete eýedir.

Gazetiň tiražyndan we mazamlalamalardyr bildirişleri çap etmekden gelýän girdeji çeşmeleri şolaryň hataryna degişlidir. Olar hemişe diýen ýaly redaksion balansda buhgalteriýanyň baş redaktora we redaksion menejere berýän hasabatynda öz beýanyny tapýar.

Diňe haçan-da gazet mugt peýdalanylýan ýa-da mazamlama materiallary çap edilmeýän bolsa, bu çykdajy maddalary redaksion býujetde bolmaýar. Ýöne onda şolardan başga çeşmelerden, mysal üçin, dotasiýa ýa-da inwestisiýa görnüşinde gelýän maliýe serişdeleri şöhlelendirilýär.

Ýöne köp redaksiýalarbaşga goşmaça girdeji çeşmelerinden peýdalanýarlar. Şolaryň arasynda redaksiýalar tarapyndan meşgullanylýan neşirýat we täjirçilik işinden üçin gelýän serişdeler hem bar. Olaryň redaksiýanyň ýaşamagy üçin düýpli ähmiýeti ýokdur.Ýöne ol gazetiň maliýe ýagdaýyny gowulandyrmaga täsir edip biler.

## Redaksiýanyň tiraž syýasaty.

Uzak wagtlaryň dowamynda gazetiň tiražyny ýerlemekden gelýän girdeji redaksiýalaryň köpüsi üçin iňňän möhüm girdeji çeşmesi hasaplanylýardy. Redaksiýalaryň bazar ykdysadyýetine girmegi bilen, titažyň ähmiýeti düýpli azaldy.

Indi gazet redaksiýanyň diňe tiražy ýerlemekden alýan girdejisiniň hasabyna ýaşap

bilmeýär. Ýöne häzirki girdeji maddasynyň redaksiýanyň býujetini emele getirmekde tutýan orny kiçi däldir. Bu aýratynam, başga girdeji çeşmelerini ulanmak kyn bolan we tiražy ýerlemeklik şol redaksiýalaryň ýolbaşçylary tarapyndan maliýe syýasatyny ýörertmekde öňdäki orunlara geçýän uly bolmadyk etrap we şäher gazetlerinde uly ähmiýete eýedir. Ýöne, islendik redaksiýada girdejiniň bu maddasynyň netijeli ulanylmaggy diňe onuň menejeri tarapyndan optimal tiraž syýasaty alnyp barlan ýagdaýynda mümkindir.

Gazetiň tiraž syýasatyna: gazetiň optimal tiražynyň şu tiražyň strukturasynyň, gazet sanynyň bahasynyň kesgitlenilmegi degişlidir.

Gazetiň optimal tiražy diýlip, onuň ýerlenilmegi bilen redaksiýa has köp girdeji berýän tiraža düşünilýär. Munuň kesgitlenilmegi üçin gazeti taýýarlamak we çykarmak üçin zerur bolan harajatlaryň tölegine ýeterlik bolan serişdäniň gazanylmagy üçin gerek bolan iň pes tiraž hasaplanylyp çykarylýar.

Ýitgisiz diýlip hasaplanylýan derejäniň gazanylmagy, elbetde, redaksiýa girdeji gazanmaga mümkinçilik bermeýär. Ol diňe ähli harajatlaryň käbir bölegini ýapmaklyga mümkinçilik berýär. Redaksiýanyň diňe tiražy köpeltmek bilen girdeji gazanyp başlamagy mümkin. Ýöne, şonda goşmaça kagyz satyn almak üçin artýan çaphana hyzmatlary bilen baglanyşykly harajatlar hem köpelýär.

Satuwdan gelýän serideleriň gazeti çykarmak üçin edilýän harajatlaryňyň gatnaşygyny anyklap, optimal tiražyň möçberi kesgitlenilýär.Şondan ýokary girdejileriň gazanylmagy diňe goşmaça çeşmeleriň hasabyna gazanylýan girdejiler arkaly artýan çykdajylaryň ýapylmagy bilen gazanylyp bilner. RF-niň Habar beriş serişdeleri hakyndaky kanuna laýyklykda redaksiýa her sanyndaky çykyş maglumatlarynda onuň tiražynyň hem görkezilmegi bellenilýär. Emma käbir redaksiýalar mazamlama berijileri özlerine çekmek we girdejilerini ýokarlandyrmak maksady bilen , hakyky tiražy has ýokarlandyryp görkezip çap edýärler. Şeýle hereketler özüniň iň ýaramaz netijelerini berip bilerler. Orsýetde şeýle ýol bilen okyjylaryň aldanylmagynyň öňüni almak maksady bilen, Milli titaž gullugy işleýär. Ol görkezilen tiražyň onuň çykmaly sanyna deň gelişine gözegçilik edýär we çykyş maglumatlarda özüniň nyşanyny goýmak bilen tassyklaýar.

Redaksiýanyň tiraž syýasatyny alyp barmakda gazetiň tiražynyň strukturasynyň kesgitlenilmeginiň uly ähmiýeti bardyr. Gazet redaksiýalarynyň köpüsinde ol iki bölekden ybaratdyr.

Bellemeli zat, redaksiýalaryň köpüsi öz tiražlarynyň ýaýradylmagynyň bir görnüşli häsiýetini saklap galýarlar.Ynha, gyäzyklanmalar we hünär boýunça çäklendirilen ýöriteleşdirilen auditoriýalar üçin niýelenen neşirleiň redaksiýalary diňe bir abuna ýazylyşyk tiražyny nazarlaýarlar. Ol tiražyň uly

bölegini düzýär we uly bolmadyk uzak wagtyň dowamynda durnuklaşan okyjylar auditoriýasy bolan etrap we şäher gazetlerine degişlidir. Munuň tersine, agşamky gazetleriň, şeýle hem, habarlar, maglumatnama, güýmenje neşirler diňe bölek-satuw tiražyny göz öňünde tutýarlar. Bular ýaly redaksiýalar üçin abuna diňe kömekçi häsiýete eýedir. Gazetiň tiražynyň strukturasyna laýyklykda, redaksion menejerleriň olary ýaýratmak babatdaky işiniň aýratynlyklary kesgitleilýär.

Redaksiýanyň tiraž syýasaty onuň nyrh syýasaty bilen gönüden-göni baglanyşyklydyr. Menejeriň gazet sanynyň bölek-satuw we abuna ýazylyşyk optimal bahalaryny kesgitlemegi gerek.

Şunda ençeme faktor göz öňünde tutulýar. Şolaryň biri-de kagyzyň we çaphana işiniň bahasyny goşmak bilen redaksiýanyň gazet sanyny öndürmek üçin edilýän çykdajylardyr.Munu ň özi gazetiň nyrhyny kesgitlemekde çykyş nokadydyr.Ilkinji bazar faktory- gazete bolan isleg. Onuň köpelmegi ýa-da azalmagy degişlilikde gazet sanynyň aşakladylmagyna ýa-da ýokarlandyrylmagyna mejbur edýär.

Üçünji faktory- abuna ýazylyşygy üçin ep-esli tölemeli bolýan satyn alyjynyň tölege ukyplylygydyr. Eger gazetiň potensial okyjysy ony ýazylyp almaga, ýa-da onuň sanlaryny satyn almaga mümkiçiligi bolmasa, onda, redaksiýa gazetiň bahasyny arzanlatmaga mejbur bolýar. Ahyryn-da redaksiýanyň

menejerihemişe ýerli habarlar bazarynyň ýagdaýyny synlap görýär we bäsdeş neşirleriň nyrlaryny göz öňünde tutmak bilen, onuň bahasyny peseldýär.

Elbetde, ýurtda emele geýän maliýe ýagdaýy redaksiýanyň nyrh we tiraž syýasatyna düýpli täsir edýär.Hümmetsizlenmäniň güýçlenmegi, puluň güýjüniň gaçmagy tiz gazetiň tiražynyň strukturasyna, onuň abuna ýazylyşygyna täsir edýär. Abuna ýazylyşygy redaksiýanyň amatsyz täsir edýär: abuna ýazylyşygynyň ahyrynda redaksiýa gelýän uly pul möçberi, adatça, tiz hümmetsizlenýär. Redaksiýa abuna ýazylyşyk tiražyny azaltmaly, bölek-satuw bölegininiň nyrhynyň we şol bir wagtda onuň sanynyň nyrhyny ýokarlandyrmaly bolýar.

Ýurtda maliýe ýagdaýynyň durnyklaşýan döwründe hem redaksiýanyň menejeriniň öňünde çylşyrymlylyygy boýunça öňküden pes bolmadyk meseleler ör boýuna galýar. Gazetiň sanynyň özüne düşýän gymmatyny- ony öndürmek üçin edilýän çykdajylaryň möçberi kesgitlenilip we ony ýerlemekden girdeji gazanmagy meýilleşdirýän redaksiýa nyrhyna nadbawka goýar, ahyrky netijede onuň onuň satuw nyrhyny kesgitleýär.

Abuna ýazylyşyk amala aşyrylýan döwürde çykmaly sanlarynyň möçberini kesgitlemek blen, ýarymýyllyk, çärýek, aý üçin neşiriň katalog bahasy bellenilýär. Bu barada möwsümleýin metbugaty ýaýratmak bilen meşgullanýan döwlet edarasyna ýa-da başga täjirçilik firma habar berýär. Ol bolsa

katalog nyrhynyň üstüne öz hyzmatlary üçin öz nadbaşkasyny goýup, gazet sanynyň abuna ýazylyşyk bahasyny yglan edýär. Köplenç ýagdaýda , abunaçynyň töleýän pulunyň üçden birine, hatda, ýarysyna hem barabar bolýar. Bölek satuwa goýberilýän gazet tiražynyň hyrhy-da peslär ýaly däl: redaksiýanyň satuwa goýberiş nyrhynyň üstüne paýlaýjy-firma, kiosk satyjysy ýa-da gazeti elinde aýlap satýan adam öz nadbawkalaryny goýýarlar. Bu prosese näçe köp araçy gatnaşýan bolsa, gazetiň sanynyň nyrhy-da şonça ýokary bolýar. Redaksiýalar möwsümleýin neşiri ýaýratmak boýunça agentlik döretmek, gazet satylýan kioskleri satyn alyp goýmak we ş.m. arkaly, onuň bahasyny peseldip bilýär.

Abuna ýzylyşygy boýunça çykarylýan gazet sanlarynyň nyrhy tutuş abuna döwrüniň dowamynda üýtgewsizligine galýar. Emma bölek satuwa goýberilýän gazet sanlarynyň bahasyny redaksiýalar ýa-da gazeti satyjylar bazardaky anyk ýagdaýa görä nyrhy üýtgedýärler. Ol nyrh gazet sanynyň satylýan ýerine baglylykda hem üýtgedilip bilner. Redaksiýanyň ýerleşýän we gazetiň çap edilýän şäheriniň çäklerinde belli bir döwrüň dowamynda onuň bahasy üýtgemeýär. Emma ol bu çäkden daşlaşgygyça, bahasy hem artýar.

Gazetiň sany öndürilen ýerinden näçe uzaklykda satylýan bolsa, onuň nyrhy şonça-da ýokary bolýar: gazetiň bahasynyň üstüne okyja ýetirmek üçin edilýän harajat hem goşulýar.

Gazet sanynyň sebit nyrhlary bilen abunaçy-da, bölek-satuw görnüşindäki alyjy hem ýüzbe-ýüz bolýar

**Redaksiýanyň mazamlama syýasaty**

Redaksiýanyň maliýe binýadyny pugtalandyrmakda onuň mazamlama syýasaty barha uly ähmiýete eýe bolýar.

Mazamlama häsiýetli bildirişleriň çap edilmegi gazet redaksiýalarynyň köpüsiniň esasy girdeji çeşmesine öwrüldi. Ol gazet redaksiýasynyň girdejileriniň 80-90 % -ni düzýär.

Redaksiýanyň mazamlama syýastynyň özeninde mazamlamanyň çeşmeleri, çap edip ony çykarmagyň ulgamy, mazamlamanyň optimal girdejili nyrhy we ony neşir etmekden geljek girdejiniň meýilleşdirilişi durýar.

Şunuň bilen bir hatarda, ýurduň mazamlama bazaryndaky emele gelen ýagdaý, mazamlama bolan islegiň we teklibiň özara gatnaşygy hem mynasyp ähmiýete eýedir.

Gazetiň görnüşine we derejesine görä, menejer mazamlamanyň dürli görnüşlerini, çeşmelerini peýdalanmaklyga özişjeňligini gönükdirýär.

Uly bolmadyk raýon we şäher gazetleri üçin hususy mazamlama berijileriň çekilmegi örän möhüm ähmiýete eýedir. Köp tiraž bilen çykýan iri gazetler üçin mazamlama agentleri bilen işleşmeklik bähbitlidir. Redaksiýa olaryň käbiri bilen şertnama

baglaşyp, gazete üznüksiz mazamlama akymynyň üpjün edilmegi üçin mazamlamanyň bahasyna belli bir indirimleri göz öňünde tutup biler.

Köplenç mazamlama agentliginiň özi, redaksiýadan gazetiň belli bir ölçegdäki meýdanyny satyn alýar we ony öz mazamlamalary blen doldurýar. Redaksiýanyň mazamlama boýunça menejeri her bir işgär üçin mazamlama çekmek we ony işlemek bilen öz bölüminiň işini guraýar.

Mazamlamanyň okyjylara edýän täsiri onuň diňe bir göwrümine, bezegine we başga häsiýetlerine däl-de, gazet sanyna berliş ulgamyna hem baglydyr. Gazet sanynda, adatça, mazamlamalar ýörite mazamlama sahypalarynda berilýär, ýa-da, žurnalistik materiallarynyň ýanynda ýerleşdirilýär. Mazamlamaçylar mazamlamalaryň ýöriteleşdirilip berilmeginiň belli bir haryt, hyzmat boýunça tematiki toparlara bölünmeginiň bir sahypanyň ýüzünde her dürli harytlaryň, hyzmatlaryň garym-gatym edilip hödürlenmeginden has netijelidigini bilýärler.

Redaksiýanyň mazamlama syýasatynyň netjeliligi, köplenç, mazamlamanyň kesgitlernilen optimal nyrhyna baglydyr, Ol mazamlama bazarda emele gelýän konýunktura baglylykda özgerýär. Mazamlama beirjileriň köpüsi köplenç, mazamlama üçin gazet sahypasyny telewizion mazamlamadan diňe arzanlygy üçin ileri tutmaýarlar. Olar gazett sahypasynyň mazamlama materialyny uzak wagtglap

saklamaga mümkinçilik berýändigininden ugur alýarlar.

Olar öz mazamlamalary üçin has giň çäge ýaýradylyp, onuň has köp okyjylaryň ünsüni özüne çekip, omijini has ýokary göterjek köptairažly gazetleri satyn alýarlar.

Elbetde, mazamlama üçin satyn alynýan o diýen uly bolmadyk muzdy hem kem görenoklar. Gazedäki mazamlamalaryň nyrhy mazamlama berijileri ürküzmeli däldir. Şol bir wagtyň özünde hem çendenaşa pesem bolmaly däldir, ýagny, ol redaksiýa girdeji getirmelidir. Ahyrky netijede gazetdäki mazamlamanyň nyrhy iki tarap üçin „Ne çiş köýsün, ne-de –kebap“ diýleni bolmalydyr. Ol redaksiýany hem, mazamlama berijini hem kanagatlanmalydyr.

Iki tarap üçin hem bähbitli şeýle geleşige gelmäge, gazet mazamlamany çap etdirmek üçin nasenkalar hem-de indirimler ulgamy ýardam edýär. Nasenka- redaksiýa tarapyndan mazamlama berijä teklip edilýän hyzmatlar mazamlama berijiniň mazamlama bildirişiniň göwrümi, onuň reňkliligi we ş.m. baglanyşykly isleginiň, isleg-arzuwlarynyň kanagatlandyrylmagy öňde goýulýar.

Indirimleriň berilmegi, sahypadaky mazamlama materialynyň meýdanyny ulaltmak, ony dürli sanlarda gaýtalamak we ş.m. bellenilýär.

Şeýle ulgam mazamlamanyň optimal nyrhy, edil onuň üýtgedilmeginde bolşy ýaly, redaksiýanyň menejeri tarapyndan kesgitlenilýär.

Bu nyrh redaksiýanyň nobatdaky maliýe ýyly üçin maliýe syýasatynyň meýilleşdirilmeginiň formirleniliş prosesinde kesgitlenilýär. Munda ähli harajatlaryň möçberi hasaplanylyp çykarylýar we ähli çykdajylar maddalary boýunça redaksiýanyň býujetine salynýar. Şondan soň redaksiýanyň mazamlama çap etmekden başga ähli çeşmelerden gelýän girdejileriň ululygy kesgitlenilýär.

Eger redaksiýanyň harajatlary girdejilerden artyk gelýän bolsa, onda, girdejileriň jem mukdaryny çykdajylaryň jem mukdaryndan aýyrýarlar.

Netije defisiti görkezýär. Bu ululyk hem mazamlama arkaly gelýän girdeji bilen ýapmaly jem mukdary ýüze çykarýar.

Şundan soň gazet sanynyň formatyna laýyklykda mazamlama çap etmek üçin meýdan kesgitlenilýär. Russiýa Federasiýasynyň Habar beriş serişdeleri hakyndaky kanunyna laýyklykda, ol tutuş gazet sanynyň 40 % -inden ýokary bolmaly däldir. Mazamlama meýdanynyň göwrümi inedördül santimetrde kesgitlenilýär, çünki, mazamlama inedördül santimetrde ölçelýär. Emele gelen ululyk maliýe ýylynyň dowamynda gazetleriň sanyna köpeldilýär.

Netijede, redaksiýanyň bu döwürde satyp bljek mazamlama meýdanynyň umumy göwrümi kesgitlenilýär. Defisit jem mukdaryny gazetiň umumy mazamlama meýdanyndaky inedördül santimetriň möçberine bölmek bilen bir santimetriň

bahasyny bilýärler. Ýöne düşewüntliligini gazanmak-girdejiniň harajatlaryň girdejiden artyk bolmagyny gazanmak üçin mazamlamanyň bahasyny hem redaksiýany, hem mazamlama berijini kanagatlandyrar ýaly derejedäki optimal nyrha çenli ýokarlandyrýarlar.

Mazamlama berijileriň ony gazetde ýerleşdirmegiň nyrhlary we olaryň üýtgetmeler bilen yzygiderli habarly edilip durulmagy, redaksiýa tarapyndan girdeji almagyň iň möhüm çeşmesi hökmünde mazamlama çap etmegiň möhüm şertleriniň biri bolup durýar. Menejerler nyrhy kesgitlemekde hem bäsdeş neşirlerde alnyp barylýan nyrh syýasatynyndan, şeýle hem, mazamlama berijileriň tölege ukyplylygyndan ugur alýarlar.

Redaksiýanyň goşmaça girdeji çeşmesi hökmünde gazetde hususy bildirişleriň çap edilmegi hyzmat edip biler. Bary-ýogy birnäçe sözden ýa-da sözlemden ybarat bolan şeýle bildirişler köp okyjy üçin gyzykly boljak habardan ybaradyr. Şolarda dürli harytlar we hyzmatlar teklip edip, olar setir mazamlamasy diýlip atlandyrylýar.

Onuň başga görnüşleri bolsa raýatlaryň şahsy durmuşy bilen baglanyşykly bolmak bilen, täjirçilik däl habarlardan- geljekki ýubileý, toý, ýygnak, dabara, duşuşyk, maslahatlar bilen we şuňa meňzeşlerden ybaratdyr. Ýene bir bölegi lukmanlara, mugallymlara minnetdarlyk, poçta markalaryny, edebiýatlary çalyşmak we ş.m. özünde jemleýärler.

Ýöne bu bildirişleriň ählisiniň nyrhy olaryň awtorlary arkaly tölenilýär. Redaksiýa bular üçin ep-eslije pul serişdesini edinýär.

Bu girdeji çeşmesi iri mazamlamalary almaga mümkinçiligi bolmadyk ýerli gazetlerde aýratyn ähmiýete eýdir. Hususy bildirişleriň çap edilmegi bolsa, üznüksiz dowam edipi, tutuş gazet sahypalaryny eýeläp biler. Redaksion menejere bolsa olaryň redaksiýada olaryň kabul edilip alynmagyny guramak we çap edilýän bildirişleriň olaryň göwrümine, başga häsiýetlerine görä, optimal nyrhyny kesgitlemeklik galýar.

Köp redaksiýalaryň menejerleri goşmaça girdejileri gazanmaklygyň mümkinçilikleriniň özlerinden sowa geçmezligini gazanmak maksady bilen neşirýat we täjirçilik işiniň dürli görnüşlerini ulanýarlar. Bu ugruň ilkinjileriniň hatarynda kitap edebiýatyny we öz gazetleriniň goşmaçalaryny çykarmaklygy guraýarlar.

Kitaplardyr broşýuralary çykaryp, soňra olary kitap bazarynda ýerleýän redaksion neşirýaty ýa-da bölümi döredýärler. Elbetde, munuň özi köp möçberdäki başlangyç maýa goýumyny talap edýär. Olar redaksion býujetde döredilýän gaznada jemlenilýär.

Gazetiň goşundylarynyň neşir edilmegi hem az harajat talap etmeýär. Olaryň her biri gazetiň okyjylar auditoriýasynyň giňeldilmegi we şol bir wagtyň

özünde mazamlamany ýerleşdirmek üçin goşmaça meýdan gazanmaklygy maksat edinilip döredilýär.

Goşundynyň çykarylmagy onuň neşir edilmegi üçin zerur bolan kagyz satyn almak we bu iş bilen meşgullanjak işgäre hak tölemäge, çaphana işleri we olary ýaýratmak üçin goşmaça serişdeleri talap edýär. Ýöne, okyjylaryň dürli toparlaryna gönükdirilen dürli görnüşdäki goşundylaryň ulgamyny döretmek bilen, redaksiýa bu harajatlaryň öwezini dolup, ep-esli girdeji gazanyp biler.

Tejribäniň görkezişine görä, redaksiýalaryň täjirçilik işi – dürli harytlaryň önümçiligini we olaryň söwdasyny ýola goýmakdan, sagaldyş merkezlerini döretmekden we gyzykly çäreleri guramakdan başlap, biržadaky maliýe amallaryna gatnaşmaklyga çenli dürli ugurlar boýunça ýaýbaňlandyrylyp bilner. Şol dürli görnüşeriň biri-de gazet sahypalaryň kärendesine berilmegidir. Munda redaksiýa haýsydyr bir firma bilen gazetiň bir sahypasyny kärendesine bermek barada şertnama baglaşýar we şol şol şertnama laýyklda firma sahypany belli bir möhletlerde öz maksatlary üçin, ýagny, mazamlamalary ýerleşdirmäge, öz işgärleri tarapyndan ýa-da sarp edijiler tarapyndan taýýarlanylan tekstleri çap etmäge hukuk gazanýar. Adatça, kärendeçi, redaksion mazamlama sahypasynyň degişli nyrhyny töleýär. Sahypada berilýän materillaryň mazmuny bolsa Haber beriş serişdeleri hakyndaky kanun arkaly kadalaşdyrylýar.

Redaksion menejerleriň işiniň üstünlikli bolmagy onuň inisiatiwalylygyna, tiz we çee pikirlenmegi başarmagyna bagly bolýar. Bu babatda olar bäsdeş-biznesmenlerinden birjrk-de asgyn durmaýarlar, köplenç bolsa, öz medeniýeti, munuň üstüne-de, köptaraplaýyn derhal habarlara eýe bolýandygy bilen rüstem hem gelýärler.

Bir tarapdan , täjirçilik işi, olara girdeji almak bilen baglanyşykly giň mümkinçilikleri açýar. Emma başga bir tarapdan bolsa, duýdansyz ýagdaýda uly möçberdäki puly ýitirmek bilen baglanyşykly howpa-töwekgelçilige hem sezewar edip biler.

Bu işe laýyklykda redaksiýanyň içinde hem, onuň daşynda hem täjirçilik strukturalar dördilýär.

Redaksiýada ol kompýuter merkezi bolup, ol diňe, öz gazetiniň däl-de, degişli tölegler bilen başga möwsümleýin neşirlere hem hyzmat edip biler. Redaksion habarlar agentligi bolsa, ähli isleg bildirýänlere öz hyzmat edýän sebitinde bolup geçýän wakalar baradaky habarlary satyp bilýär. Zerur bolan halatynda, redaksiýadan daşarda mazamlama işi bilen ýerli ilaty dürli görnüşdäki, ozaly bilen-de, habalar boýunça hyzmatlary amala aşyrmak bilen meşgullanýan kiçi kärhanalary döredýärler.

Her nähili ýagdaýda bolanda hem, redaksiýa üçin az bolmadyk girdeji getirýän täjirçilik işi baş maksat bolmaly däldir. Ol redaksiýanyň işgärleri üçin gazetiň maliýe binýadyny pugtalandyrmak ugrunda goşmaça mümkinçilik bolmalydyr.

## Redaksion marketing

Bazary öwrenmezden öňürti we bazara tarap haryt bilen hereket etmezden öň öz-özüňe göz aýlamaly, öz redaksiýaň, öz işgärleriň ýagdaýlaryna, nähili mümkinçilikleriniň bardygyna üns bermeli. Şonuň üçin biznes-meýilnamanyň kompaniýany tanyşdyrylyş bölümi 1-nji orunda durýar.

Bigüman , bu ýerde, gürrüň kärhananyň ady, söwda markalary,(HBS babatda hem bu hut şeýle), kärhanayň ýuridiki formasy, nirde we kim tarapyndan bellilge alnandygy barada, döregdijisi we eýesi kim, eger ol Paýdarlar jemgyýeti görnüşinde bolsa, onda onuň esasy maýadarlary kim, nähili şertlerde işleýär, siziň işiňiziň gerimi haýsy sebiti nazarlaýar.

Esasy maksadyň anyk kesgitlenilmegi ,,kompaniýanyň missiýasy“ düşünjesine degişlidir. Esasy alyp baryjy işgärler, ýolbaşçy, baş direktor, baş rdaktor, esasy menejerler, işgärleriň sanynyň jemi barada hem görkezmek zerurdyr.

Haçan-da, kompaniýanyň ösüş stadiýasy barada gürrüň edilende, onuň taryhy, döredilen wagty, geljek üçin meýilnamasy, ösüş tapgyrlary barada gürrüň berilýär. Elbetde, kompaniýanyň hödürleýän esasy harytlary we hyzmatlary, olaryň möçberleri we görnüşleri beýan edilýär. Maliýe ýagdaýy iň soňky ýylyň satylyş göwrümi boýunça we şol ýyldaky heniz salgyt salynmadyk aýratyn bölümler boýunça bölünen

ýagdaýda görkezilýär, işgärleriň mukdary, bir ýyl üçin zerur bolan maliýeleşdirmegiň möçberi bellenilýär. Maliýleşdirmegiň esasy çeşmeleri, esasy maliýe borçnamalary beýan edilýär.

Bulardan başga hem, kompaniýada nähili patentleriň, ygtyýarnamalaryň (lisenziýalaryň) bardygy, işiň ýöredilişiniň gizlinliginiň (konfedensiallygy) öpjün edilmeginiň ýola goýluşy, kärhanananyň näderejede howpsuzlygynyň üpjün edilişi şöhlelendirilýär.

## Marketing düşünjesi we onuň HBS-däki aýratynlyklary

Marketing- ylymda iň ýaş ugur bolup, onuň anyk apparaty durnukly däldir. Bu ugurda dürli düşündirişler berilýär. Emma her näme-de bolsa, anyk ýörelgeler-düşünjeler aýdyňlaşýar. Düşündirişler dürli-dürli bolup, ol barada doly dolandyryş ulgamy hökmünde hasaplanylýar.

Market harydy satmak, ony bazara iteklemek we şol bazary öwrenmek diýen many-da hem ulanylýar. Bu hakykata ýakyn görünýär. Şunuň üçin biz bazaryň nähili öwrenilýändigi, satmak üçin harydya taýýrlanylyşy we onuň satylyşy barada gürrüň ederis. Bu babatda kärhananyň nähli kommunikasiýalary (aragatnaşyk ulgamy) herekete getirýändigi we ösdürýändigi hakynda gürrüň etmek gerek. Bu mesele marketing kommunikasiýasy

bolup durýar. Özi-de häzirki globallaşýan we habarly jemgyýetde köp hünärmenleriň garaýşyça, kalassyky marketing ilkinji derejä geçýär, kärhana bolsa, köplenç öz imijini satyn alylyjylaryň boýnuna dakýar. Munda mazamlamana işjeňlik bilen ulanylýar.

Häzirki zaman haryt öndürijileri islege görä uýgunlaşman, auditoriýanyň aňyna täsir etmek arkaly şeýle islegleri özleri döredýärler.

Her näme-de bolsa, marketing bazar we önüm sarp edijiler baradaky habar-maglumat toplamakdan başlanýar.

Habar beriş serişdelerinde bazaryň döremekligi bizi täjirçilik inisiatiwalylygyna gözükdirýär.

Metbugatyň maliýeleşdirilişiniň taze şertlerine uýgunlaşmagy başarmak gerek. Häzir şeýle ýagdaý Russiýada, Baltiýa ýurtlarynda, Ukrainada has agdyklyk edýär.

Redaksiýalar önümi ýerlemegiň berk bäsleşigine girmeli bolýarlar. Diňe bir makalalaryň, gepleşikleriň hili barada alada etmeli däl-de, ony döretmeklik üçin özüne düşýän gymmatyny peseltmek, tiražy ýaýratmagyň has amatly ugurlaryny hem tapmaly, amatly formaty we eşitdirmegiň we görkezmegiň geografiýasyny aýdyňlaşdyrmaly bolýar. Bu ýerde gürrüň önümi ýerlemegiň täjirçilik ýollary hakynda barýar. Bu işde marketinge uly orun degişlidir: bazar gatnaşyklarynyň şertleriniň hemme taraplaýyn seljerilmegi we hasaba alynmagy, gazet-

žurnallaryň, radio-telewideniýäniň önümleriniň bazarda ýerlenilmeginiň iň amatly ýollarynyň gözlenilmegi üçin zerur bolan usullarynyň ornaşdyrylmagy göz öňünde tutlýar. Ýerlemekligiň möçberini artdyrmagyň ýoluny tapmaly.

Häzirki döwür HBS-den tejribede marketingi özleşdirmekligi talap edýär. Ol bazar gatnaşyklaryna konsentrasiýalaşmakdyr we bazarda iş alyp barmagyň ýoludyr.

XX asyryryň otuzynjy ýylaryndan bäri, özakymlaýynlyk ýagdaýyndan marketinge geçilýär. Marketinge dürlüçe kesgitleme berilýär. Mysal üçin, marketing diýip önümçilik, paýlaýyş we önümi ýerlemekligiň çäklerinde dörän ulgama düşünilýär. Bu ulgam harydy döredijileriň, satyjylaryň we sarp edljileriň ykdysady, hukuk, etiki we başga gatnaşyklaryny öz içine alýar.

1.Marketing- adamyň çalyşmak ýoly bilen zerurlyklary we hajatlary kanagatlandyrmaklyga gönükdirilen işiniň görnüşidir we ş.m. ,,Zerurlylkary gözläp tapyň we kanagatlandyryň“ diýen şygar örän meşhur. ,,Harydy we harydyň ýanynda özüňi däl-de, müşderini söýüň !“ Satyp biljek zadyňyzy öndüriň, öndürýän zadyňyzy satjak bolmaň!“

Marketing doly mana eýe bolanda, öz doly manysyna eýe bolýar:

-Bazar harytdan artykmajy bilen doly, teklip islegden artyk gelýär. Siz satyn alyjylaryň

bazarynda işleýärsiňiz, şonda satyn alyjylar däl-de, alyjylar kesgitleýärler.
-bäsdeşlik bar bolsa, satyn alyjynyň ünsüni gazanmak ugrunda göreş gidýär.
-erkin bazar gatnaşyklary bolanda hakyky paýlamak däl-de, saýlamak usuly bolýar. Satmakda we satyn almakda, nyrh kesgitlemekde
bazary saýlamakda hiç kim çäklendirilmeýär. Täjirçilik strategiýasy özbaşdak kesgitlenilýär.
Kärhananyň administrasiýasy öz hereketlerinde– firmanyň maksatlaryny, gurluşyny, zähmet haklaryny kesgitlemekde, serişdeleri paýlamakda erkindirler.

Söwet merkezleşdirilen ykdysadyýetinde, gytçylygyň we nobatlaryň ykdysadyýetinde bu beýle däldi. Marketing bolsa „Olaryň ahlagy“ diýlen ýaly rubriklarda tankytlara sezewar edilýärdi. Emma indi, diňe satyn alynjak zat çykarylýar. Indi sarp edijiniň isleglerini kärhananyň girdejisine öwürmek sungatyna eýe bolmak zerur. Sarp edijileriň şol isleglerini formirlemek başarnygyň bolsa elbetde, has gowy.

## HBS-iň marketingini nädip kesgitlemeli?

Redaksion menejmentiň esaslarynyň biri we onuň üstünliginiň şerti marketing bolup durýar. Bu çaphana möwsümleýin neşirleriň bazaryny öwrenmekligi, bazarda öz gazetiniň tutýan ornuny we bu ugurda ony öňe sürmekligiň usuly, onuň okyjylar auditoriýasyny we onuň bäsdeşlerini aňladýar.

Redaksiýada marketing bilen marketologlar meşgullanýarlar. Olara degişli bölümiň baştutany marketing bilen meşgullanýan redaksion menejerlerdir.

Ol redaksion menejerligi, žurnalistikany we gazet işini hem-de bazar ykdysadyýetini utgaşykly bilýän professionaldyr.

Marketologyň öňünde durýan ilkinji we iň möhüm mesele öz gazetiniň çykan ýa-da çykmaga meýil edýän möwsümleýin neşirler bazaryny öwrenmekdir. Gürrüň, ozaly bilen, gazetler bazary barada barýar. Emma marketology başga möwsümleýin neşirler-žurnallar, býulletenler we başgalar hem gyzyklandyrýar. Eýsem olar hem şol sebitde ýaýradylmak bilen, onuň gazetiniň ornuna we ähmiýetine täsir edýär. Olaryň auditoriýasy bir. Munuň üstesine-de, bazary öwrenýän adam başga habar beriş serişdelerine biparh garap bilmez. Eýsem, telewideniýe hem, radio hem öz aýratynlyklaryna we mümkinçiliklerine görä, gazetiň berýän habarlaryny berýär ahyryn.

Eger gürrüň täze döredilen gazet hakynda barýan bolsa, onda marketologyň roly örän uludyr. Ol dörediјä we baş redaktora gazetiň eýelemeli pozisiýasyny aýdyňlaşdyrmaga kömek etmelidir, bazaryň segmentini kesgitläp, onuň şol bölegini,ýagny, gazetiň öz okyjylaryny tapjak, gazetiň tiražyny ýaýratmakda, girdeji gazanmakda eýelmeli ornuny kesgitlemelidir.

Ol gazet täze görnüşdäki ýa-da täze möwsümleýinlikdäki we çykýan wagty babatda täze bir neşir bolup biler. Belki-de, ol okyjylar auditoriýasynyň haýsy-da bolsa bir anyk bölegine gönükdirilen, ýagny, aýallary üçion niýetlenilen, sporty we ş.m. söýüjiler, ýa-da, başga bir alamatlar boýunça- jynsy, ýaşy, milleti...okyjylar toparynyň gazeti bolup biler.
Bazar segmentini saýlamak bilen, mundan beýläkki marketingiň dowamynda has köp girdeji almak üçin nähili habarlary çap edilse gowy boljakdygyny anyklamaga redaksiýa mümkinçilik alar.

Ýöne, onlarça ýyl bäri çykyp gelýän köne gazetiň marketology hem gazetiň ýaýradylýan sebiti baradaky maglumaty yzygiderli ýygnap durýar. Şeýle maglumatlar bolmazdan, menejerler netijeli nyrh we tiraž syýasatyny ýöredip bilmezler. Bu gazetiň ýaýradylýan serhetleri, onuň ilatly ýerler- şäherler, şäherçeler, obalar, olaryň ilatly we olaryň arasyndaky ulag aragatnaşyklar baradaky maglumatlary öz içine alýar. Eýsem, şolaryň her biri, hatda, ferma hem redaksiýa tarapyndan hyzmat edilýän gazet bazarynyň giňişligindäki elementlerini öz içinde jemleýär.

Sebitiň ykdysadyýeti baradaky, onuň aýratynlyklary, senagaty we oba hojalygy baradaky, maliýe ulgamyndaky-banklar, we biržalar we. şm. baradaky maglumatlar hem az ähmiýete eýe däldir. Elbetde, bu ýerde ýaýradylýan habar beriş serişdeleri: çap edilýän we elektron, ýerli we umumydöwlet

neşirler hakynda maglumatlar toplanylýar. Bu maglumatlar mümkin bolan ähli çeşmeler- döwlet, welaýat, jemgyýetçilik çeşmelerinden , çinowniklerden, we şahsy raýatlardan toplanylýar.

Özi-de munuň üçin töleg tölemeli bolýar. Bu harajatlar redaksiýanyň marketing geçirilmegi bilen baglanyşykly ýitgilerine degişlidir.

Marketologyň möhüm wezipeleriniň ikinji biri bolsa, gazetiň okyjylar auditoriýasyny öwrenmekdir.

Ozaly bilen potensial auditoriýany- sebitde gazetiň okyjylary bolup biljekleriň mukdary we düzümi öwrenilmeli. Ilatyň möçberinden körpeleri we sowatsyzlary aýyrmaly bolar. Şeýdip, marketolog gazetiň edinmek isleýän okyjylarynyň- gazetiň satyn alyjylarynyň çägini göz öňüne getirer,emma ol çäge ýetmek hiç wagtam başartmaz. Sebäbi onuň hakyky auditoriýasy potensialdan kiçi bolar. Eger redaksion menejerler we toparyň ýolbaşçylary öz real auditoriýalaryny gowy bilseler, şonça-da olaryň gazet bilen gatnaşyklaryny has gowulandyryp bilerler. Şonuň üçin-de, bu baradaky marketing hiç wagt togtadylmaýar. Munda okyjylar barada bilmek boýunça ähli serişdeler we usullar- žurnallistleriň olar bilen aragatnaşyklary, redaksion poçtany öwrenmek, Internet arkaly hat alyşmak we sosiolog-hünärmenleriň kömegi arkaly yzygiderli, bolmanda her bitnäçe ýyldan bir gezek auditoriýanyň hemme taraplaýyn sosiologik barlaglaryny geçirneklik dowam

etdirilýär. Bularyň hemmesi düýpli harajatlary talap edýär. Ol býujetiň marketinginde meýilleşdirilýär.

Okyjylar auditoriýasyny öwrenmeklik demografiki seljermäni- okyjylaryň jyns, ýaş, millet aýratynlyklaryny öz içine alýar. Sosial seljerme-munuň özi onuň hünär düzümini, işleýänleriň we işsizleriň işe ukyplylaryň we pensionerleriň özara gatnaşygyny, okaýanlar hakda we başga häsiýetnamalary öwrenýär. Munuň üstüne, auditoriýanyň aýratynlyklaryny açyp görkezýän okyjylaryň däp-dessurlary, adatlar, ahlaklary, olaryň uýýan dini bilen baglanyşykly psihigrafiki seljermäniň netijeleri hem goşulsa, peýdaly bolardy. Bu maglumatlaryň ählisi bolsa, gazet makalalarynyň tematikasyny, omuň rubrikalar ulgamyny, onuň optimal tiražyny we ony ýaýaratmagyň ulgaymyny kesgitlemek üçin wajypdyr.

Marketingiň wezipeleriniň biri bäsdeş neşirleri öwrenmek, olaryň artykmaç we ýetmez taraplaryny ýüze çykarmak, olaryň möwsümleýin neşirler bazaryndaky hereketlerini gözegçilikde saklamakdyr. Bu kämahal üznüksiz monitopring geçirmekligiň zerurlygyna getirýär- bäsdeş gazetiň her bir sanyny öwrenmek, onuň gurluşynyň aýratynlygyny, tematiki materiallaryny, dizaýnyny we ş.m. öwrenmek gerek bolýar. Netijede, gazanylan maglumatlar bäsdeşlik göreşiniň ähli strategiýasynda ulanmaklyk üçin redaksiýanyň ýolbaşçylaryna dessine ýetirilýär.

Marketing gazetiň möwsümleýin neşirler bazaryndaky promouşn-öňe tarap ynamly hereketine baglydyr. Ol gazeti bazara hödürlemegiň-çykarmagyň meýilnamasyny işläp düzmegi, onuň bazara çykmaly optimal wagtyny saýlap almagy, bu peosesde ulanylýanmarketingiň usullaryny kesgitlemäge , hususy, dürli HBS-de neşiriň mazamlamasyny, gazetiň tiražyny ýerlemegiň formalaryny we usullaryny öz içine alýar. Ptomouşn prosesinde redaksion menejmentiň birnäçe ýöriteleşdirilen wekilleri-marketologlar, mazamçylar, hünärmen-promouterler bilelikde gatnaşýarlar. Olaryň ählisiniň maksady bolsa birdir: gazetiň tizden-tiz öz okyjylary-satyn alyjylary bilen duşumagyny gazanmakdyr we tiražy ýerlemekden girdeji almakdyr.

Redaksion marketingiň üstünligi köp derejede onuň usullar ulgamynyň işlenilip düzülmegi we olaryň başarjaňlyk bllen ulanylmagy arkaly kesgitlenilýär. Bu ulgama gysga möhletli amallar: hususy çaklamalary taýarlamaklyk- okyjylar auditoriýasynyň möwsümleýin üýtgemegi we ş.m., synag sanlarynyň çykarylmagy we olaryň netjeleriniň seljerilmesi, birgezekleýin çäreler- gazetiň festiwalyny geçirmeklik, möwsümleýin neşirleriň sergilerini, onuň diwarlygyny gurnamak, redaksiýanyň myhmanlary bilen duşuşyklar we ş.m. bilen birlikde, uzakmöhletleýin marketing häsiýetli çäreler degişlidir. Olaryň arasynda –möwsümleýin neşirler bazarynyň, gazetiň ösüşiniň ýakyn geljekdäki ýyllardaky ösüşi we

ş. m. baradaky uzakmöhletleýin çaklamalary işläp düzmeklik hem bar. Redaksion marketologlar öz gazetiniň başga habar beriş serişdelerinde –çap edilýän  şeýle hem elektron görnülerinde marketing kompaniýalaryny we mazamlalary geçirmeklige aýratyn üns bermeklige mejbur bolýarlar. Masrketingiň bu usullaryny ulanmak bilen baglanyşykly harajatlar onuň býujetiniň uly bölegini düzýär.Ýöne bu çykdajylaryň öwezini dolmak we umumyredaksion býujetiň balanslylygyny gazanmak üçin marketing ähli mümkin bolan çeşmelerden redaksiýa pul akymynyň güýçlenmegine ýardam edtmelidir.

Marketing prosesinde neşiriň brendiniň-onuň söwda markasynyň öňe sürülmegi we peýdalanylmagy uly ähmiýete eýedir. Brend(brand-iňlis sözi-tagma. marka) gazet redaksiýasynyň eýeçiligi bolup durýar we kanun arkaly goralýar.Edil islendik firmanyň harydyny brendi ýaly, ol söwdanyň, satyn almanyň-satmagyň obýekti bolup durýar we onuň ep-esli bahasy-da bardyr. Brend bazarda hödürlenilýän harydyň abraýyny aňladýar. Ol gönüden –göni gazetiň imiji bilen baglanyşklydyr. Gazetiň söwda markasy, onuň brendi okyjynyň öňünde söwda markasy(nyşany)- ady, abbrewaturasy ýa-da simwoly söz-slowennoý forme formasynda ýüze çykýar. Ynha, „MK“ gazetiniň redaksiýasy iki sany söwda markasyny: „Moskowskiý komsomoles“ we „MK“ ulanýar. Ol redaksiýa muny patent ekspertizasy

edaralarynda bellige aldyrypdyr, bu barada gazetiň çykyş maglumatlarynda hem habar berilýär. Şu ‚söwda markasy arkaly redaksiýanyň başga neşirleri hem -- „MK- Bulwar“, „MK- Woskresenýe“ we başgalar hem çykýar. Neşiriň haryt nyşany hökmünde bellige alnan ady TM ýa-da ®. Ýörite görkezilen belgisi bilen bellenilýär.

Redaksion menejerler hemişe brending bilen- öz brendlerini işläp taýýarlamak we ony durmuşa geçirmek, ony dolandyrmak bilen meşgullanýarlar. Redaksion marketologlar başga metbugat neşirlerinde, telewideniýede we radioda mazamlamak bilen , onuň brendini, onuň adyny güýçli depginde itekleýärler. Gazetiň abraýy näçe ýokary bolsa, gazetiň brendi potensial satyn alyjylar üçin näçe özüne çekiji we meşhur bolsa, şonça-da onuň tiražy tiz ýerlenilýär we redaksiýanyň girdejileri artýar.

Redaksion marketing- üznüksiz prosesdir. Onuň geçirilmegi möwsümleýin neşirleriň dowam etmeginiň wagty blien çäklendrilýär. Bu döwürde redaksiýanyň maliýe menejeri elmydama marketingiň netijeliligine gözegçilik edýär, ýagdaýy düzetmek üçin guramaçylyk we ykdysady çäreleri görýär.

## Redaksiýada biznes meýilnamalaşdyrylyş

Adaty biznes-meýlnamalşdyrylyşy inwestisiýa syýasatynyň guraly hasap edýärler, ýagny, goşmaça inwestorlardan maýa çekmegiň usuly hökmünde

häsiýetlendirýärler. Biznesi alyp barmak hakda SSSR-e çozuşyp gelen konsultantlar birnäçe ýyllap hut şeýle diýip öwretdiler.
Häzir durmuş öz şertlerini goýýar, täze takyklamalary girizýär. Aslynda, ol firmany içerki dolandyrmagyň guraly bolup hyzmat etmese, inwestisiýa çekmegiň guraly bolup hyzmat edip bilmeýär.
Täze şertlerde habar beriş serişdelerini dolandyrmaklyk diňe bir döredijilik topar hökmünde däl-de, kärhanany doolandyrmaklyk hökmünde amala aşyrylýar. HBS-leriň köpüsinde maliýe direktory, täjirçilik direktory, önümçilik we täjirçilik boýunça direktoryň orunbasary diýen wezipeler girizildi.

**Habar beriş serişdelerinde administrasiýa** (menejer), döredijilik işgärleri, tehniki we täjirçilik işgärleri bolýarlar.
**Adiministarsiýa :-** baş redaktor, onuň orunbasarlary, jogapkär kätip, täjirçilik redaktory, baş byhgalter, redaksiýanyň müdiri ýa-da iş alyp baryjy, sürüji, hojalyk müdiri we ş.m. degişlidir. Muňa kompýuter bölüminiň müdiri, korrektorlaryň müdiri hem goşulýar.
**Döredijilik işgärleri:-** žurnalistler, habarçylar, synçylar, ýörite habarçylar, kätipligiň habarçylary, surathabarçylary, hudožnikler, dizaýnerler, kompýuter wýorstkasynyň (düzüjiniň)dizaýneri degişlidir.

**Tehniki işgärler:-** redaksiýadaky iş şertlerini we gazetiň önümçiligini üpjün edýärler.Olar-korrektorlar, maşinistkalar, stenografiýaçylar, hatlary we resminamalary kabul edip alyjylar we äkidiji çaparlar(kurýerler), tam süpürijiler.
**Täjirçilik işgärleri:-** täjirçilik gulluklary we mazamlama bölüminiň işgärleri, buhgalter.
Biznes meýilnamany düzmezden ozal, maliýe jogapkärçiliginiň merkezini anyklamak, guramaçylyk strukturasyny kesgitlemek gerek. Bu önümi döredip, ýerläp, ahyrky netijede redaksiýa girdeji getirmekligi üpjün edýän gurluşdyr.
Ozaly bilen, kimiň bäsleşige ukyply önüm döredýändigini we girdeji getirýändigini takyklamaly. Haba beriş serişdelerinde: gazetiň abraýyny aýratyn ýokary göterýän awtorlar, welaýatyň ýüzi bolup durýan adamlar, radioýaýlymyň sesi bolup durýan adamlardyr.
Diňleýji, okyjy, tomaşaçy şolaryň çykyşlaryna muşdak. Mazamlama berijiler bilen oňat gatnaşyk saklap, uly göwrümli mazamlamalary getirýän, söwda-barter gatnaşyklaryny amala aşyryp, gazeti kagyz bilen üpjün edýän, çaphana bilen arkalaşykly işleýän adamlar we esasy däl işden girdeji getriýänler şeýle adamlaryň hatarynda tanalýar..
Ýene bir möhüm ýagdaýy belläp geçmek gerek. Redaksiýa döwlet edaralary bilen nähili gatnaşyk saklaýar? Mazamlama bölümi doly güýjüne işleýärmi, ýa-da özakymlaýyn häsiýetde iş alyp barýarmy?

Bölümiň özi mazamlamanyň gözlegindemi, ýa-da, onuň işgärleri dürli tanyşdyrylyş dabaralaryna gatnaşyp, redaksiýa mazamlama getirmän, diňe öz aladalary bilen gümramy?

Belki mazamlamaçylar şahsy mazamlama berijilere, ýekebara taraplaryň mazamlamalaryna kembaha garaýandyrlar? Belki olar her dürli täjirçilik sergilerinde ýeterlik iş alyp barýan däldirler? Sebitdäki kärhanalar bilen ýeterlik derejede işleşip bilýän däldirer. Belki-de, olar mazamlamany has köp berip bilerler! Belki olar mazamlama berijileri has ýakyndan çekmek üçin oňat iş alyp barýan däldirler? Gazetiň redaksiýasynyň bähbitlerini ileri tutmaýan bolmaklary mümkin!? Şonuň üçin mazamlama bölüminde oňaýly, çeýe gurluşy emele getirmek zerurdyr. Nyrhlarda indirimlere üns bermek gerek. Mazamlama agentlrtliniň höweslendiriş ýeke-täk ulgamy bolmaly. Mazamlamany gowy bezemeklige örän düýpli çemeleşmek zerur.Dizaýny ýerlikli ulanmaly (bu radio telewe ýaýlymda has-da derwaýysdyr).

Mazamlama bölüminiň işgärleriniň düzümi barada aýdylanda, ol oýlanyşykly düzülmelidir, ol özüni ödeýän bolmaly. Ol ýerde funksiýalaryň anyklanylyşy aýdyň bolmalydyr. Redaksiýanyň bähbidi üçin ýeke-täk umumy startegiýa bolmaly. Maliýe düzgün-nyzamy pugta saklanylmalydyr.

Redaksiýada köplenç üstünlikli, gowy işleýän 20 göterim işgär onuň ähli girdejilerini, şol sanda, at-abraýyny üpjün edýär. Bu adamlar „komanda“ goşulmalydyrlar. Maliýe jogapkärçiligi merkezleri, günbatarda aşdylyşy ýaly, girdejiniň merkezi biznes- planlaşdyrmanyň obýekti bolup durýar. Diýmek, gazet çykarmakdan we satmakdan (radioteleýaýlymlar), mazamlamadan, diwersifikasiýalaşdyrylan işden näçe girdei aljakdygyňy pugta bilmeli. Biznes-meýilnamanyň reallygy girdejiniň maddalar boýunça meýilleşdirilişi onuň reallygyna baglydyr.

Elbetde, kimiň mäme, näçe etmelidigiiniň, ýumuşlaryň, sargytlaryň barlanmagynyň ulgamy bolmalydyr.

Özüňe tabşyrylan işi we öz tabşyran işiňizi hiç haçan ýatdan çykarmaly dälsiňiz. Tabşyrygy ýazmaça bermegi endik etmeklik gowudyr. Öz tabynlygyňyzdakylardan hem ýazmaça hasabaty talap etmeli, ýöne, çakdan çykmaly däl. Tabşyryklary diňe resmi ýygnakda, redaksion kollegiýanyň ýygnagynda... bermäge çalyşmaly. Netijeliligi artar.

Indiwidual tertipde berilýän tabşyryklar önümçiligiň dowamynda gapma-garşylyklary, jedelleri ýüze çykaryp biler. Mysal üçin, redaktor bir tabşyryk berýär, redaktoryň orunbasary bolsa, başga bir tabşyryk berýär. Aslynda bolsa, irden başga bir material meýilleşdirilen. Netijede, sekretariatda 3-4 sany gyssagly material üýşýär. Jogapkär kätip, baş

redaktoryň ýanyna ýene-de baryp, şolaryň haýsy birini gazetiň şu sanyna bermelidigini soraýar. Şol bir wagtda, ,, zerur“ materialy taýýarlamaklyk tabşyrylan žurnalistiň öz meýilleşdiren materialyny ýazmakdan ünsi sowlupdyr.

Şeýle ýagdaýlar, gazetiň täjirçilik işine zyýanly täsir edýär.Eger, tabşyryk berlen bolsa, onda şolaryň ýerine ýetirlmegini talap etmek gerek. Bularyň ähl isi regulýar(yzygider) menejmente degişlidir. Şol zatlaryň üpjün edilmezligi biznes-meýilnamany strukturalaýyn gurmaklyk diňe wagtyňy ýele sowurmaklygy aňladýar.

Mundan öň habar beriş serişdeleri partiýanyň ideologik ýaragy hökmünde ulanyldy. Regaksiýalaryň işgärleri ony ykdysadyýet taýdan dolandyrmak baradaky meseler bilen meşgullanmadylar. Bu ugurda hünärmenler hem taýýrlanylmady.

HBS-iň menejmenti arkaly maýa toplamagyň tehnologiýasy bolmady. Bu dünýä boýunça bar zat, ol orta we iri biznes tarapyndan ulanylýar.

Kärhanany dolandyrmagyň özeni-biznes meýilnamadyr. Bu içerki firma dolandyryş guralydyr. Munmuň töwereginde gürrüň köp.

**Biznes-meýilnamanyň häsiýetli taraplary**

Adatça, ony inwestisiýa syýasatynyň guraly hasapladylar. Bu GDA ýurtlary üçin has häsiýetlidir.Durmuş muňa täzeçe çemeleşmekligi salgy berýär. Ol içerki firma dolandyryş guraly

bolmazdan, inwestisiýa guraly bolup bilermi? Diýen sowal ýüze çykýar. Biznes-meýilnama- ol içerki dolandyryş işiniň önümidir.Ony sarp edijiler hökmünde bu kärananyň toparyndan başga-da inwestorlar, kreditorlar, işewür hyzmatdaşlar hem bolup bilerler, eger başda şahsy üstünlikleriňiz bolup, wagt bilen berkidilip, ykdysady we psihologiýa taýdan tassyklanylan bolsa.

Adaty ykdysady ylmynda biznes-meýilnama diýlip, hasaplaşyklaryň ulgamyny, tehniki-ykdysady esaslandyrmany, ykdysady görkezijileriň jemini özünde jemleýän telekeçiligiň esasy maksadyna- köp girdeji almaga gönükdirilen çäreleriň we hereketleriň beýan edilmegi ýaly, maksatlaýyn meýilnama resminamasyna aýdylýar.

Bu meýilnama ulgamlaýyn bolup, ol bölümler boýunça düzülýär.

Biznes-meýilnamanyň dürli görnüşleri bolýar:

- *kompaniýanyň biznes-meýilamasy*.- ol täze maliýe ýylynyň öňünden düzülýär we onuň ösüşiniň kanunçylyk esasy bolup durýar.
- *strukturňa bölüminiň biznes-meýilnamasy*.- ol hem maliýe ýylynyň öňünden düzülýär we tutuş kompaniýanyň biznes-meýilnamasynyň düzüm bölegi bolup durýar.

**Biznes-meýilnama-** kredit üçin haýyşnama hökmünde hem bolup biler. Onda ol şu kompaniýanyň biznes-meýilnamasynyň tehniki-ykdysady esaslandyrma görnüşindäki gysgaça beýan edilmesi bolar.

**Grant üçin biznes-meýilnama.** Munda biznes-meýilnama grant berýän tarapyň talaplaryna berk eýerilip düzülýär. Çünki şol guramalaryň grant bermek babatdaky öz bildirýän talaplary bardyr. Ýöne bu biznes-meýilnama hem adaty sowatly düzülen kompaniýanyň biznes-meýilnamasyndan az tapawutlanýar.

**Maýa goýum taslamasynyň biznes-meýilnamasy.** Bu resminama daşarky maliýeleşdirmekligi göz öňünde tutýar we munda kompaniýanyň biznes-meýilnamasynyň bir bölegi bolup durýar we onda marketing barlaglarynyň netijeleri beýan edilýär, bazary özleşdirmekligiň, öňe sürülýän taslamanyň maliýe netijeleri görkezilýär.

Dogrusy, biznes-meýilnama ýolbaşçynyň ideýalarynyň we arzuwlarynyň belli bir standartlardaky forma salynmagy we beýan edilmegi babatdaky synanyşykdyr.

Öz hususy biznesine düýpli göz ýetirmeklik tejribäniň toplanylmagy bilenmümkin bolýar. Bu žurnalistikada hem köp derejede şeýledir.

Ýöne, redaksiýada biznes-meýilnamany üzül-kesil girizmän, öz resurslaryňdan ugur almak zerurdyr. Eger meýilleşdirilen zatlar doly başa barmasa, oňa düzedişleri girizmek gerek.

Redaksiýanyň maliýe syýasaty bilen menejmentiň esasy hökmünde redaksion işiň biznes-meýilleşdiriliş işiniň dowamynda durmuşa geçirilýär.

Meýilnamalaşdyryş- gazet redaksiýasynyň döredijilik bölegini̇ň işini dolandyrmagyň netijeli usullarynyň biridir. Emma habar beriş serişdeler bazaryna girmegi bilen, redaksiýanyň žurnalistleriniň we döredijilik strukturalarynyň işini meýilnamalaşdyrmaklygyň formalaryna we usullaryna täze element – biznes meýilnamalşdyrlyş girdi. Munuň üstesine, ol ähli redaksion işiň, toparyň ähli bölümleriniň döredijilik, şeýle hem täjirçilik bölümleriniň işiniň ykdysady esasy bolup durýar.

*Biznes-meýilama*-kärhana tarapyndan öndürilýän önümiň önümçilik maksatlaryny we guralyşyny hem-de onuň bazarda ýerleniliş prosesini kesgitleýän resminamadyr. Ol kärhananyň maliýe syýasatyny, girdeji almagyň we ony ulanmagyň usullaryny-da kesgitleýär. Bazar ykdysadyýeti şertlerindäki häzirki zaman kärhanasy biznes-meýilamasyz ýaşap bilmeýär. Bu dolulygyna gazet- redaksiýasyna hem degişlidir.

Biznes-meýilnmama arkaly maksatlaryň birnäçesine ýetmeklige ymtylynýar. Şolaryň biri- şu ýurduň, ýa-da, başga bir ýurduň haýsydyr bir guramasyndan – bankdan, gaznadan, haýyr-sahawat kompaniýasyndan, işewür hyzmatdaşdan ýa-da başga bir hemaýatkärden önümçilik üçin inwestisiýa, kärhananyň menejerleri tarapyndan işlenilip taýýarlanylan taslamasyny durmuşa geçirmek maksady bilen grant, karz görnüşindäki maliýe serişdelerini we ş.m. almakdyr. Emma biznes-meýilnamanyň roly kärhananyň özünde, onuň ähli bölümlerinde, önümçilik we maliýe işlerini

guramakdaky ähmiýeti has uludyr. Ol topary netijeli dolandyrmagyň we onuň işiniň has ýokary netjeli bolmagyny üpjün etmegiň serişdesi bolup çykyş edýär.

Redaksiýanyň biznes-meýilnamasy onuň tutuş işiniň meýilnamalaşdyrylyşynyň esasy bolup durýar. Ol nobatdaky maliýe ýylynyň (ýa-da ýarymýyllygynyň, çärýegiň, ýagny, gazet üçin abuna ýazylyşygy döwrüne gabatlap) başyna onuň bütin dowamy üçin ýa-da zerur bolan halatynda hatda, has uzak möhlet üçin işlenilip düzülýär.

Onuň taýarlanmagyna maliýe menejeri jogap berýär, onuň ara alnyp maslahatlaşylmagyna we tassyklanylmagyna baş menejer we baş redaktor gatnaşýar. Biznes-meýilnamada redaksiýanyň ähli girdejileri we çykdajylary, onuň işinň maliýe netijeleri, şele hem, maddy şertleri kesgitlenilýär.

Biznes-meýilnama belli bir anyk durnuklaşan strutura boýnça düzülýär.Onuň özeni meýilnamanyň görüşine garamazda, üýtgewsizdir. Kärhananyň biznes-meýilnamasy örän wajyp bolmak bilen, ol öz bölümleriniň biznes-meýilnamalaryny-da aýdyňlaşdyrýar.

Grant, kredit ýa-da başga inwestisiýalary almak üçin düzüýän biznes-meýilnamalar bulardan tapawutlanýarlar. Soňkuda olar kärhananyň görkezijileriniň umumylaşdyrylan beýany bolup durýar.

Redaksiýanyň biznes-meýilnamasynyň bellenilen netijeliligini gazanmak üçin, onuň durmuşa geçirilmeginiň birnäçe şertleriniň berjaý edilmegi zerurdyr.

Birinjiden, bu onuň girizilmeginiň wezipesiniň aýdyňlygy we onuň deslap pugta işlenilmegi möhüm we oňa esaslandyrylan kadalar goşulmalydyr.

Ikinjiden, onuň ýerine ýetirilmegine üznüksiz gözegçilik, bellenilen kadalaryň we hususan-da, netijeleriň gündelik we möwsümleýin hasabatynyň ýöredilmesiniň berjaý edilmegi wajypdyr.

Üçünjiden, tutuş toparyň, her bir struktura bölüminiň we her bir işgäriň iş prosesiniň oýlanyşykly guralmagy (ol köplenç, logistika diýlip atlandyrylýar) zerurdyr.

Bu işiň ýolbaşçynyň hem, her bir ýerine ýetirijiniň hem ýeterlik derejede özbaşdaklygyny, çözgüt kabul etmekde ýeterlik derejede erkinligini göz öňünde tutýar. Ýolbaşçynyň iş prosesine operatiw-derhal goşulyşmagy göz öňünde tutulýar. Şunuň bilen bir hatarda olaryň her biriniň öz işiniň netijesi, hususan-da, onuň ykdysady, maliýe netijeleri üçin şahsy jogapkärçiligi bellenilýär.

Elbetde, redaksiýanyň dördijilik bölümleriniň we olaryň işgärleriniň işiinň biznes-meýilnamasyny düzmeklik toparyň täjirçilik strukturasynyňkyny düzenden has kyndyr. B i diňe bir biznes-meýilnamalaryň girizilmeginiň we onuň ýerine

ýetirilmeginiň hut öz bähbitlerinedigine göz ýetirerlik derejede žurnalistleriň ykdysady oýlanmasyny, pikirlenmesini terbiýelemek prosesinde doly mümkindir.

## Redaksiýanyň ykdysady işiniň optimizasiýalaşgyrylmagy

Gazetleriň redaksiýalarynyň bazar ykdysadyýetine girmek babatdaky iki on ýyllyga çeken ilkinji döwri tamalanandan soň, olaryň ykdysady binýadynyň amatlaşdyrylmasy , redaksiýalaryň kadaly bazar ykdysady kärhanasyna öwrülmekliginiň prosesi başlandy. Ol Orsýetiň gazet neşirleriniň ulgamynyň tipologiýasynyň özgermeginde, olaryň maddy-tehniki binýadynyň tiz kämilleşmeginde ýüze çykýar. Býujetleriniň düýpli böleginiň özgermegine getiren redaksiýalaryň strukurasyndaky üýtgeşmeler şonuň bilen baghlanyşyklydyr. Redaksiýalarda maliýe menejmentine we bazar marketingine geçilmeginiň prinsipial ähmiýeti bardyr.

Gazet redaksiaýlarynyň mundan beýläkki ykdysady ösüşiniň prosesi ýaýbaňlanar we çaltlaşar. Täze bir ugur hökmünde artykmaçygyny emele getirýän onuň tebigaty, hili, häsiýeti bilen baglanyşykly habar beriş serişdesi hökmünde immanentlerini peýdalanmaklyk öser.

Habar beriş serişdeleriniň ykdysadyýetini öwrenýän hünärmenler oňa eýýäm üns berdiler. Ýöne, heniz bu redaksiýalarda ulanylmaýar.

Gürrüň diňe bir habar beriş serişdeleriniň köpüsiniň peýdalanýan ýeňillikleri barada asla barmaýar.Bu ýeňillikler ýakyn wagtlarda ýitip gidip, redaksiýalar hem beýleki bazar gatnaşykly kärhanalaryň hataryna deňleşmegi mümkindir. Gazet redaksiaýsy üçin emissiýa-maýa çekmek mümkinçiligi has möhüm ähmiýete eýedir. Gazetler üçin açyk görnüşli paýdarlar jemgyýeti hökmünde paýnamalaryň goşmaça mukdaryny çykarmak we olary gymmatly kagyzlar bazarynda ýerlemeklik bu mümkinçiligi açmaýar. Öz gazetine abuna ýazylyşygy üpjün edýän redaksiýalar has uly mümkinçilikleri gazanýarlar. Neşiriň tiražyny ýaýratmak we ýerlemek boýunça ozaldan mälim bolan usulyň düýp manysy maýanyň redaksiýa emissiýasyny aňladýar. Edara tarap hökmünde bellige alynmagynyň guramaçylyk-hukuk formasyna we onuň görnüşine garamazdan, abunany gurap, islendik wagt we islendik döwür üçin yglan edip biler. Munuň üstesine-de, ol paýnamanyň ýerine ýöne bir abuna ýazylyşyk kwitansiýasyny gowşurmak we oňa derek belli bir möçberdäki pul serişdesini almak bilen, abunaçynyň öňünde hiç hili jogapkärçilik çekmeýär. Redaksiýa onuň öňünde diňe oňa berilýän gazet sanlary bilen hasaplaşýar.

Bellemeli zat, redaksiýa öz neşiriniň ýokary derejede bolmagyny gazanmak bilen ,abunaçyny

özüne pugta çekýär we maýanyň özüne gelýän emissiýasynyň dowamlylygyny näbelli dowamlylykdaky möhlete çenli uzaldýar.

Islendik täjirçilik kärhanasy özünde maglumatlar binýadynyň bolmagy, özüniň harydyny satyn alýanlar baradaky maglumatlaryň bolmagy ugrunda aladalanýar. Bu proses uly tagallalary, wagty we harajatlary talap edýär. Emma gazet redaksiýasy şeýle maglumatlary-abunaçylaryň familiýalary we salgylary görkezilen kwitansiýalarynyň toplumyny erkin we mugtuna öz ygtyýaryna alýar. Diňe şolary tertibe salyp, zerur bolsa, olar bilen aragatnaşygy ýola goýup we şeýlelik bilen, alnan informasiýany gazetiň bazara girmek prosesiniň optimizasiýasy we tiražy ýerlemek üçin peýdalamaklyk talap edilýär. Şeýle maglumatlary redaksiýanyň menejerleri gazeti ýaýradýanlardan-abuna ýazylyşygyny geçiren firmalardan alyp bilerler. Bu informasiýa gazetiň eýeçiligi bolup durýar.

Habar beriş serişdeleriniň potensial maliýe artykmaçlygy – informasion kompaniýasynyň , şol sanda, gazet redaksiýasynyň hem, dolanyşyk serişdeleriniň çaltlaşdyrylmagyna mümkinçilik bardyr. Eger adaty senagat kärhanasy tutuş ýylyň dowamynda diňe birnäçe gezek öz maýasynyň dolanyşygyny amala aşyrylmagyny gazanyp bilýän bolsa, redaksiýa, eger zerur bolsa, öz ykdysady menjmenti arkaly, bu sany onlarça we şondan hem köp artdyryp biler. Munuň üçin maýanyň dolanyşygyny dolanyşyk

serişdeleriniň gazet tiražynyň satylmagyndan radaksiýa düşewünt hökmünde gaýdyp gelmegini üpjün etjek her bir gazet sanyynyň çykyşy we ýerlenilmegi bilen baglanyşdyrmaly bolar.
Gazet redaksiýalarynyň şu we başga ykdysady artykmaçlyklarynyň peýdalanylmagy olara geljekde bazardaky öz ýagdaýlaryny pugtalandyrmaga, netijeli menejment alyp barmaga, özüniň durnukly hereket etmegini we mundan beýläkki ösüşini üpjün etmäge mümkinçilik berer.

**Innowasiýalar.** Giň manyda aýdanymyzda ol önümçilgiň tehnologiýasy harydyň özüniň mazmuny, bezegi, hyzmaty bilen baglanyşykly, menejment, işi guramakdaky we dolandyrmakdaky islendik täzeleikleriň girizilmegidir.

Häzirki gün redaksiýanyň ýaşamagynyň möhüm meselesi hökmünde tehnologiki innowasiýa öňe çykýar. Birinjiden, gazetler 80-nji ýyllardan başlap täze tehnologiýalara geçdiler- elektron informasiýalaryň özgermegi bilen, stol üstündäki çaphanalar peýda boldy. Kompýuter arkaly düzülýär(wýorstka edilýär), tekstler kompýuter arkaly işlenilýär, kompýuter garafikasy peýdalanylýar.

Gyzgyn ýygym, gazet-žurnallaryň el bilen ýygylmagy, fotosuratlaryň klişeleri geçmişe gitdi. Tehnologiki innowasiýalar köne enjamlaryň moral taýdan könelmegini ýüze çykaryp, redaksiýalary täzelenmäge mejbur edýär.

Hormatly Pezidentimiziň alyp barýan parasatly içerki we daşary syýasaty netijesinde täze milli galkynyşlar we döwrebaplaşdyrmamalar zamanamyzda dünýäde abraý – mertebesi barha artýan Türkmenistanyň gözel paýtagty ak şäherimiz Aşgabat halkara derejesindäki uly ähmiýetli çäreleriň yzygiderli geçirilýän mesgenine öwrüldi.

2008-nji ýylyň ýanwar aýynyň 19-na Hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzyň döredijilik intelligensiýasy bilen geçiren taryhy duşuşygyňyzda yglan eden beýik Garaşsyzlyk eýýamynyň täze türkmen ideologiýasynyň mynasyp durmuşa ornaşdyrylmagynda , ýagny, halkymyzyň ruhy we medeni derejesini döwrebap ösdürilmeginde, aň-bilim babatda ösen dünýä derejesine çykarylmagynda neşir edilýän gazet-žurnallaryň, okuw kitaplarynyň, çeper eserleriň we beýleki dürli neşirýat önümleriniň möhüm orny bardyr.

Türkmenistanda kitap neşir işi taryhy nukdaýnazardan, iňňän gysga wagtyň içinde, hususan-da Täze Galkynyş we beýik özgertmeler eýýamynda heniz görlüp-eýidilmedik derejelere ýetdi.Metbugat merkeziniň we welaýat çaphanalarynyň binalarynyň ählisiniň durky düýpli täzelenip, dünýäniň ösen döwletleriniň iň kämil enjamlary bilen abzallaşdyrylyp, ýurdumyzda kuwwatly milli neşirýat pudagy kemala geldi. Häzirki zaman türkmen hünärmenleri neşir etmek işiniň iň oňat däplerini dowam etdirip,okuw kitaplaryny,çeper edebiýatlary,

gollanmalary, gazetleri we žurnallary, şol sanda, „Miras“ Türkmen milli medeni merkezi tarapyndan çapa taýýarlanylýan türkmen şahyrlarynyň, akyldarlarynyň,görnükli işlerini çap etmek bilen meşgullanýarlar.

Şu ýerde neşirýat ulgamyny ösdürmek, kagyz garaşsyzlygyny gazanmak bilen bagly tagallalaryň netijesinde dünýä ülňülerine laýyk gelýän kagyz önümçilik toplumynyň döredildigini, kitaphanalaryň kitap gaznalarynyň üstüni kitaplar we beýleki neşir önümleri bilen doldurmak maksady bilen “Galkynyş” atly kitap merkeziniň döredilendigini, Obany ösdürmek boýunça Milli maksatnamamyza laýyklykda, ýurdumyzyň ähli künjeklerinde kitaphanalaryň, şeýle hem neşir önümleriniň söwdasy bilen meşgulanjak dükanlaryň giden bir ulgamynyň döredilendigini-de belläp geçmek gerek.

Häzirki döwürde hem kitaplary, gazet-žurnallary neşir edip çykarýan hünärmenlere-de mynasyp gadyr-gymmat goýulýar. Okuw kitaplaryny, gollanmalary, çeper eserleri, gazet-žurnallary, gadymy golýazmalary ýokary hilli bezäp, neşir edip, halk köpçüligine öz wagtynda ýetirmekde mynasyp işler aknyp barylýar. Halkyň medeni, aň-bilim derejesini ösdürmeklik ösen, kuwwatly döwleti gurmagyň mizemez şertleriniň biridigi äşgärdir. Ösüşler we özgerişler ýoluna ynamly düşen eziz Diýrymyzy dünýäniň ösen döwletleriň hataryna goşmak üçin, ozaly bilen, bilimli, ruhy taýdan baý, maksada okgunly, sagdyn pikirlenýän, Watana wepaly, kämil nesli kemala getirmek

wajyp. Bu möhüm wezipä hötde gelmek ugrunda bilim ulgamy üçin neşir edilen okuw kitaplarynyň, adamlaryň ruhuny galkyndyrýan, çuňňur many-mazmunly, oňat bezegli çeper eserleriň ähmiýete örän uludyr.

Türkmenistanyň döwlet neşirýat gullugy tarapyndan paýtagtymyzdaky sebitde uly Sergi Köşgünde geçirilýän „Kitap– hyzmatdaşlygyň we progresiň ýoly“ atly IV Halkara kitap sergi-ýarmarkasynyň hem-de ylmy –amaly maslahaty Türkmenistanda uzak bolmadyk gysga wagtyň içinde çaphana senagatynyň uly derejelere ýetendihinden äşgär habar berýär. Garaşsyzlyk Milli Baýramymyzy dabaraly belläp geçmegiň çäklerinde geçirilýän oňat däbe öwrülen halkara çäresi ýokary derejedäki poligrafiýa- neşirýat işini amala aşyrýan, şeýle hem neşirýat hyzmatlaryny hödürlemekde adygan daşary ýurtlaryň belli neşirýat öýleriniň, kärhanalarynyň, poligrafiýa kompaniýalarynyň, firmalarynyň, hususy neşirçileriň, alymlaryň, taryhçydyr dilçileriň ençemesini, ýurt garaşsyzlygymyzdan soň kämilleşip, döwrebaplaşdyrylan türkmen çaphana- neşirýat ulgamynyň öňdebňryjylaryny paýtagtymyzdaky ajaýyp Sergi Köşgüne jemläp, milli Garaşsyzlyk baýramymyzyň öň ýanyndaky dabaralaryna dabara goşýar. Sergä gatnaşyjy belli daşary ýurt kärhanalarynyň hatarynda Ukrainadan, Russiýa Federasiýasyndan,Özbegistandan, Saud Arabystany Patyşalygyndan, Germaniýadan, Türkiýeden, Koreýadan,, Awstriýadan, Eýrandan, Päkistandan,

Owganystandan, Belarusdan, Ermenistandan, Täjigistandan,Gazagystandan wekilçilikler we başgalar bolýarlar.

Halkara segisinde döwlet garaşsyzlygymyzyň ýyllary içinde türkmen neşirýat ulgamynyň ýeten belent derejeleri, dürli döwletleriň çaphanalarynyň ösen tehnologiýalary bilen has ýakyndan tanyşmaga oňaýly şertler döredilip, hünärmenleriň, alymlaryň özara tejribe alyşmaklary üçin giň mümkinçilikler bolar. Hyzmatdaşlygyň çäkleriniň has giňeldilmegi üçin özara gepleşikler geçirilýär.

Halkara kitap sergi-ýarmarkasyna dünýäniň dürli ýurtlaryndan neşirýat işi , poligrafiýa senagaty, kitaplary ýaýratmak, kitaphana işi we kitap neşir etmek boýunça telekeçilik bilen meşgullanýan, öz ekspozisiýalaryny görkezýän myhmanlar we edebiýatlaryň awtorlary gatnaşýarlar. Türkmen halkynyň edebi mirasyny wagyz etmek, neşirýatlaryň,döwlet kärhanalarynyň, firmalarynyň, hususy biznesiň döredijilik, ykdysady, tehnologiýa babatdaky aragatnaşyklaryny ýola goýmak,neşirýatlaryň we neşir ediji guramalaryň, çaphanalaryň we poligrafiýa kärhanalarynyň öňdebaryjy tejribelerini ýaýratmak, sergi-ýarmarka gatnaşyjylaryň çykyşlarynyň, nutuklarynyň diňlenilmegi, bazary öwrenmek maksady bilen täze gatnaşyklary ýola goýmak,dünýä halklarynyň edebiýaty bilen tanyşmak ýaly maksatlar göz öňünde tutlýar. Sergä gatnaşyjylar öz öndürýän önümlerini:

dürli temalardaky kitaplaryň, möwsümleýin neşirleriň, geografiki kartalaryň we atlaslaryň hem-de çaphana önümleriniň başga görnüşleriniň görkezilişini gurarlar, poligrafiýa materillary we kiçi ofis we poligrafiýa enjamlary sergä we satuwa çykarylar.

Paýtagtymyzyň ýaşaýjylarynyň we onuň myhmanlarynyň dykgatyna iň häzirki zaman neşitýat önümleri hödürlenilýär, kitap täzelikleriniň, iň ýokary poligragiýa derejesinde ýerine ýetirilen işleriň iň soňky gazananlary görkezilýär.

Sergide ýerleşdiriljek türkmen eksposisiýasynyň göze gelüwli görnüşde ýokary hilli bezelen dürli neşir önümleriniň toplumy bilen sergä gatnaşyjylaryň ünsni çekmek bilen özüniň mynasyp ornyny eýeleýär.

Bu ýerde türkmen neşirýat we poligrafiýa ulgamynyň binýadynyň garaşsyzlyk ýyllarynda ýeten belent sepgitleriniň, ýagny, daşary ýurtly kärdeşleriniň neşirleri bilen arkaýyn bäsleşip biljek Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň önümleriniň iň oňat nusgalary görkezilýär. „Çaphana hyzmatlary” döwlet kärhanasy, „Metbugatüpjünçilik” döwlet kärhanasy hem bu halkara çäresine işjeň gatnaşarýalar. „Hatdat”, „Garant PM”, „Swetoç-ost „Gündogar ýyldyzy”, Altyn dag”, „Altyn asyr”, Türkmen gölleri” ýaly hususy poligarafiýa kärhanalarymyz hem öz önümlerini sergä çykarýarlar.

Mälim bolşy ýaly, Garaşsyzlykdan öň ýurdumyzda kämil neşirýat we çaphana ulgamy diýip

agzyňy dolduryp aýdara zat ýokdy. Hereket eden çaphanalary bolsa barmak basyp sanaýmalydy. Olaryň könelip, birmahal ulanylyş möhleti geçip giden enjamlarynda öndürilýän önümleriň estetiki we harytlyk taýdan hili bolsa örän ýabygorly bolup, yzagalak çaphanalarymyzyň halka hödürleýän önümleriniň halkara derejesinde-hä däl, öz ýurdumyzyň çäginde hem talabyň ýönekeýje şertlerine hem gabat gelmändigi taryhy hakykatdyr.

Garaşsyzlyk döwründe syýasy-jemdyýetçilik, durmuş- ykdysady, medeni ugurlar boýunça ýokary depgindäki ösüşleri gazanmak üçin giň mümkinçilikleriň açylmagy bilen, senagat pudagymyz görlüp eşidilmedik derejede ösdi. Türkmen senagat pudagynyň ýokary derejelerdäki ösüşleriniň gazanylmagy bilen birlikde, ýurdumyzyň milli çaphana- neşirýat ulgamy hem düýpli özgertmeleri başdan geçirdi--Diýarymyzda iň kämil derejedäky , ýokary hilli neşirýat ulgamy döredi.

Ýurdumyzda poligrafiýa neşirýat senagatyny döwrebaplaşdyrmakdaky işjeň döwlet syýasaty netijesinde Garaşsyzlyk döwrümizde düýpli ösüşleri başdan geçiren türkmen çaphana kärhanalarynyň halkara derejesinde bäsleşmäge ukyply kämil önümleriniň bu günki gün „Altyn asyryň altyn neşir önümleri “ atly halkara sergisine çykarylmagyna giň mümkinçilikleriň bardygyny belläp geçesim gelýär. Dogrusy, Garaşsyzlygyň beren datly miweleriniň biri

bolan dünýä ölçeglerindäki neşirýat ulgamy biziň buýsanjymyza öwrüldi.

2000-nji ýylda Türkmenisitanyň metbugat merkezinde abadnlaşdyryş- rejelendiriş işleriniň geçirilmegi bilen bu ýerde Germaniýanyň belli ,,Heýdelberg " firmasynyň önümi bolan dünýä standartlaryna laýyk gelýän bahasy ABŞ-nyň 29 million dollaryna barabar bolan çaphana enjamlary oturdyldy. Munuň netijesinde ýurdumyzyň gazet-žurnallary, okuw kitaplary reňkli görnüşde çykarylyp başlanyldy.

2003-nji ýylda ,,Türkmenistanyň Metbugat Merkezini döwrebaplaşdyrmak hakyndaky", ,,Balkan, Daşoguz, Lebap we Mary welaýat çaphanalaryny döwrebaplaşdyrmak hakyndaky" Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararlary esasynda döwrebap poligrafiýa senagatyny döretmek babatda öňe ynamly ädim ädildi. Netijede , paýtagtymyzdaky hem-de welaýatlarymyzdaky iň häzirki zaman tehnologiýalary bilen enjamlaşdyrylan, binalarynyň durky düýpli täzelenen çaphanalarymyzda ýokary hilli neşir önümlerini çap etmek üçin zerur bolan ähli mümkinçilikler döredildi.

Ýurdumyzyň çaphana-neşirýat pudagynyň halk hojalygynda hem öz mynasyp ornuny eýeleýändigi guwandyrýar.

Ýurt garaşsyzlygymyz ýyllary döwründe döredilin milli kagyz senagatymyz bolsa sebitde iň iri kagyz toplumydyr.

Iň öňdebaryjy poligrafiýa tehnologiýalary bilen enjamlaşdyrylyp, dünýä ülňülerine laýklykda gurlan samandan we pagta übtüginden ekologiýa taýdan arassa kagyz öndürýän Ýaşlykdaky uly kagyz kombinaty ýurdumyzyň bu babatdaky garaşsyzlygyny ünjün etdi. Toplumyň önüm öndürijilik kuwwaty diňe bir öz ýurdumyzyň isleglerini däl, önümleri daşary bazarlara çykarmak üçin hem mümkinçilik berýär.Ol daşary ýurt kompaniýalarynyň hem ünsüni özüne çekýär. Myhmanlar Ýaşlykdaky kagyz – önümçilik toplumynda hem bolup, onuň giň gerimli mümkinçilikleri bilen hem has ýakyndan tanşarlar. Sergide bu kagyz öndüriji ägirt uly kärhanamyzyň döwrebap önümleriniň hem öz mynasyp ornuny eýelejekdigi öz-özünden düşnüklidir.

Türkmen kagyzynda lowurdap duran neşir önümlerini: okuw, çeper, ylmy - syýasy kitaplary, gazet - žurnallary çap edip, halk köpçüligine hödürlemegi başarýandygymyz ähli çaphana işgärlerini buýsandyrýär.

Neşirýat we poligrafiýa işgärleriniň täze nilli galkynyşlar we döwrebaplaşdyryş zamanamyzda döwrebap, estetiki , dizaýn taýdan ýokary talaplara laýyk neşir önümlertini çykaryp, mynasyp altyn asyry gurujylary terbiýelemekde hem öz goşantlaryny goşýändyklaryny hem ynam bilen aýtsa bolar.

Türkmenistanyň döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkeziniň çapçylary tarapyndan milli garaşsyzlyk ýyllarymyzyň içinde Mukaddes Ruhnamamyz we

Atalyk kitaplarymyz, milli medeni mirasymyza degişli , çeper- syýasy, ylmy-populýar we başga mazmunly kitaplaryň uly toplumy çapdan çykaryldy. Häzir Metbugat merkezinde gazetleriň 21-isiniň, žurnallaryň bolsa 15- isiniň ýokary hilde çap edilýändigini beläp geçmek hem ýerlikli bolsa gerek.

Hormatly Prezidentimiziň häzir bilim syýasatyny halkara ülňülerine çykarýan mahaly iň ýokary derejede bezelip neşir edilen döwrebap okuw kitaplarynyň zerurdygy mälimdir. Munuň bolsa neşirýat we poligrafiýa işgärleriniň jogapkärçiligini has-da artdyrýandygyna biz oňat düşünýäris.

Ýokary hilli poligrafiýa-neşirýat önümleri türkmen halkynyň milli medeniýetini,dilini, dinini, däp-dessurlaryny, urp-adatlaryny dikeltmekde hem möhüm ornunyň bardygy, kitaplaryň, gazet- žurnallaryň adamlaryň ruhy iýmitidigi elmydama biziň ýadymyzda.

Milli poligrafiýa pudagynyň wekilleriniň alyp barýan gündelik işleriniň jemgyýetçilik aňynyň kemala gelmeginde iňňän möhüm ähmiýetiniň bardygyny biz bir pursat hem ünsden düşürmän, jogapkärli işimizde

Türkmenistanyň jemgyýetçilik durmuşynyň, ähli ugurlarynda, şol sanda kitap industriýasynda hem sergileri guramaklygyň bazar infrastrukturasynda hökmany çäre bolup durýandygyny aýtmak gerek. Kitap sergileri, ýarmarkalary, aýratynam, halkara derejesinde geçirilýän şeýle wajyp çäreler neşirýat

işini ösdürmek boýunça uly ähmiýete eýedir. Olary neşirýat we poligrafiýa ulgamy babatdaky döwlet syýasatynyň dabaralanmasy hem-de ýurtda we jemgyýetde amala aşyrylýan ägirt uly özgertmeleriň hemrasy hem-de durmuşa geçirijisi hökmünde baha bermek bolar. Halkara kitap sergi-ýarmarkasy Türkmenistanda ýokary halkara derejesinde öndürilýän poligrafiýa önümleri barada giňişleýin maglumatlary berýär, poligrafiýa önümleri baradaky maglumatlaryň özboluşly görkezilişisi bolup hyzmat edýär.

Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurdumyzyň halk hojalygynyň möhüm ugurlarynyň biri bolan neşirýat ulgamynda eýelenen belent sepgitler, gazanylan ösüşler, ýetilen derejeler guwandyryjydyr. Adamzat medeniýetiniň altyn gaznasyna saldamly goşant goşan halkymyzyň ruhy baýlygynyň gönezligi bolan kitaplaryň, şeýle hem gazet-žurnallaryň ata-baba ýol-ýörelgelerimize esaslanan döwrebap many-mazmunly, çeper bezegli, ilhalar neşir edilmegin, şonuň bilen birlikde, döwletimiziň alyp barýan içeri we daşary syýasatyny äleme ýaýmak babatda durmuşa ornaşdyrylýan möhüm ähmiýetli işler ýurdumyzda döwrebap aňyýetiň kemala gelmeginde uly ähmiýete eýedir.

Taryhy özgertmelerde „Döwlet adam üçindir” diýen ynsanperwer ýörelgä eýerilip, täze türkmen ideologiýasynyň üstünlikli durmuşa ornaşdyrylýan häzirki günlerde halky ruhubelentlik, watansöýüjilik

ruhunda terbiýlemek, döwrebap pikirlenmegi başarýan raýatlary terbiýeläp ýetişdirmek, ildeşlerimiziň ylym-bilim derejesini has ýokary götermek maksady bilen häzirki zamanyň, nusgawy edebiýatymyzyň hem-de dünýä edebiýatynyň görnükli wekilleriniň eserlerini çap edilip durulýar.

Biziň bilime, ylma aýratyn hormat goýýan parasatly halkymyz beýik akyldarymyz Magtymguly Pyragynyň „Kitap okan gullar manydan dokdur“ diýen dana sözlerine berk uýup gelýär. Çünki, türkmen halky kitaby has ir wagtlardan bäri ýokary ruhy gymmatlyk, mukaddeslik hasaplap gelendigini aňladýar. XI asyryň başynda döwrüň tas iň iri kitaphanalary häzirki Türkmenistanyň çäginde-Köneürgençde we Merwde ýerleşipdir.Bu kitaphanalardaky gymmatly kitaplardan, golýazmalardan diňe bir ýerli sowatly adamlar peýdalanman, Gündogarynyň iň uzak ülkelerinden gelen alymlar hem bilimleri susup alypdyrlar.

Adamzat durmuşynda kitabyň ähmiýeti hakynda köp zatlary aýtmak bolar. Kitap ösüşiň we hyzmatdaşlygyň ýoludyr, kitap dünýäniň aýnasydyr, hakykata barýan ýoldur hem-de goşa ganatdyr. Ol kämilligiň gözbaşydyr, bilimleriň hem-de älem-jahan syrynyň açarydyr. Kitap pähim-paýhasyň, parasatlylygyň çeşmesidir, güýç-kuwwatdyr. Ol ruhy güýçdür, ruhubelentligiň çeşmesidir, iň ýakyn dostdur we maslahatçydyr. Kitap halklary birleşdirýär. Ynsany ynsana ýar edýän, ykaballary ysnyşdyrýan kitapdyr!

Kitabyň täsin gudraty baradaky söhbeti näçe uzaltsaň uzaldybermeli.

Kitap arkaly jemgyýet özüniň intelektual isleglerini kanagatlandyrýar.

Beýik Galkynyş eýýamynda ylym-bilim ulgamyny reformirlemek, hünärmenleri taýýarlamak bilen baglanyşyklylykda jemgyýetde täze aňyýetiň emele gelmegi bilen, kitap neşir işini guramakda uly özgrtmeler bolup geçýär.Ýurdumyzda medeniýet, sungat ulgamyny ýokary derejede ösdürmeklik döwlet syýasatynyň iň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolmak bilen, kitap neşir işi hem döwrebap derejede kämilleşdirilýär, ýagny, kitap neşir işi özüniň täze galkynyşyna eýe bolýar.

Milli ykdysadyýetimiziň tiz ösýän we geljegi uly pudagyna öwrülen neşirýat senagatynda tehniki serişdeleriň önümçilikdäki we maglumatlary geçirmekdäki ýeten häzirki zaman ösüş derejesi netijesinde, neşirýat ulgamy has ýokary sepgitlere çykaryldy. Ýurdumyzyň kuwwatly poligrafiýa kärhanalary döwrebap hyzmatlaryň örän köp ugurlaryny hödürleýärler.

Beýik Galkynyş we täze özgertmeler zamanasynda türkmen poligrafiýa senagatynyň geljegi bolan ýokary hünärli ýaş milli işgärleri taýýýarlamaklyga ünsi has-da güýçlendirmek bilen ökde hünärli işgärleri taýýarlamaklyga we gaýtadan taýýarlamaklyga hil taýdan täzeçe çemeleşilip, Russiýa Federasiýasynyň tejribeli ýörite we ýokary

mekdeplerinde hünärmenleri taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak boýunça tagallalar edilýär.

**Kitap hakyndaky parasatlardan:**

Kitap ösüşiň we hyzmatdaşlygyň ýoludyr
Kitap- hakykata barýan ýol
Kitap –dünýäniň (durmuşyň) aýnasy
Kitap –kämilligiň gözbaşy
Kitap- goşa ganat
Kitap – älem-jahan syrynyň açary
Kitap bilimleriň açary
Kitap- parasatlylygyň çeşmesi
Kitap- pähim-paýhas çeşmesi
Kitap- güýç-kuwwat
Kitap- ruhy güýç
Kitap - ruhubelentligiň çeşmesi
Kitap- iň ýakyn dost we maslahatçy
Kitap dostlugyň nurana gapysy
Kitaply ýurt-maglumatly il
Kitap sahypasy-dünýäniň halypasy
Kitap halklary birleşdirýär
Kitap açdym- many seçdim
Ynsany ynsana ýar edýän-kitap
Ykaballary ysnyşdyrýan kitapdyr

Türkmen halkynyň edebi mirasyny wagyz etmek;neşirýatlaryň,döwlet kärhanalarynyň, firmalarynyň, hususy biznesiň döredijilik, ykdysady, tehnologiýa babatdaky aragatnaşyklaryny ýola goýmak; neşirýatlaryň we neşir ediji guramalaryň,

çaphanalaryň we poligrafiýa kärhanalarynyň öňdebaryjy tejribelerini ýaýratmak; sergi-ýarmarka gatnaşyjylaryň çykyşlarynyň, leksiýalarynyň, nutuklarynyň diňlenilmegi; kitaplary we neşir etmeklik hukugyny satmak we satyn almak, bazary öwrenmek maksady bilen täze gatnaşyklary ýola goýmak; dünýä halklarynyň edebiýaty bilen tanyşmakda uly ähmiýeti bardyr.

Mälim bolşy ýaly, häzirki günde biziň poligrafiýamyzyň dünýäniň iň häzirki zaman çap ediji enjamlary bilen abzallaşdyrylan çaphanalarynyň neşir önümleri hil babatda halkara ülňülerine doly gabat gelýär

Geçen ýüz ýyllygyň başynda Maryda iri türkmen neşirçisi, kitap söwdagäri, kalligrafiýaçy, kitap daşlamak işiniň ussady Molla Mirzahyd Mirsyddyk oglunyň kitap dükany uly meşhurlykdan peýdalanypdyr. Ol köplenç türkmen milli nusgawy şahyrlarymyzyň eserlerini, türkmen halk dessanlaryny neşir etmek bilen meşgullanypdyr. Türkmenistan öz Garaşsyzlygyna eýe bolanyndan soň, Türkmenistanda ozaldan bar bolan neşir etmek işiniň iň oňat däplerini häzirki zaman türkmen hünärmenleri dowam etdirip,okuw kitaplaryny,çeper edebiýatlary, gollanmalary, gazetleri we žurnallary, çapa taýýarlanylýan türkmen şahyrlarynyň, akyldarlarynyň,görnükli işlerini çap etmek dowam etdirilýär.Bir tarapdan ol önüm bolup durýan bolsa,

ikinji bir tarapdan, kitap jemgyýetiň ruhy gymmatlygy bolup durýar.

Bu günki gün kitap neşir işi jemgyýetiň medeni, bilim ugurlary babatdaky durmuşyna ýiti täsir edýär.Neşir ediş ulgamynyň häzirki ýagdaýy bolsa, jemgyýetiň ösen sosial-ykdysady we medeni derejesini aňladýar diýip ynamly tassyklamak bolar.

Bu ulgamda düýpli özgertmeler bolup geçdi.

Birinjiden, poligrafiýa senagaty milli ykdysadyýetimiziň tiz ösýän we geljegi uly bolan pudagyna öwrüldi. Tehniki serişdeleriň önümçilikdäki we maglumatlary geçirmekdäki häzirki zaman ösüş derejesi neşirýaty has ýokary derejelere çykarmaga mümkinçilik berdi. Bu gün ýurdumyzyň kuwwatly polidrafiýa kärhanasy bolan Türkmenistanyň Metbugat merkezi neşir hyzmatlarynyň örän köp ugurlaryny hödürleýär. Onuň iň häzirki zaman döwrebaplaşdyrylan enjamlary diňe bir işleri örän gysga wagtda ýerine ýetirmek bilen çäklenmän, eýsem, buýurmalary hil taýdan ýokary poligrafiýa derejesinde amala aşyrmaga mümkinçilik berýär.

Ikinjiden, neşirleriň möçberi we nusgalyklary-tiražy artdy. Bu ozaly bilen gazetlere we žurnallara degişlidir. Soňky ýyllarda ýöriteleşdirilen möwsümleýin neşirleriň birgideni açyldy, okuw edebiýatlary çap edildi, halkyň ruhy mirasy bolup durýan edebi we ylmy işler gaýtadan çap edilip çykaryldy.

Türkmenistanyň kitap bazarynyň assortimentine uly gyzyklanma bildirilýänliginiň ýene bir sebäbi-de, onuň belli bir derejede biilm-ylym ulgamynda bolup geçýän prosesleri häsiýetlendirýänligi bilen hem baglanyşyklydyr. Bu gün ýurdumyzdaky kitap neşir işi bilim ulgamyny reformirlemek, hünärmenleri taýýarlamak, beýik Galkynyş eýýamynda jemgyýetde täze aňyýetiň emele gelmegi bilen baglanyşyly öňde durýan wezipelr bilen gönüden göni baglanyşyklydyr.
Türkmenistanda, şol sanda kitap industriýasynda hem sergileri guramaklyk bazar infrastrukturasynda hökmany çäre bolup durýandygyny aýtmak gerek. Kitap sergileri, ýarmarkalary, aýratynam, halkara derejesinde geçirilýän şeýle wajyp çäreler neşirýat işini ösdürmek boýunça uly ähmiýete eýedir. Paýtagtymyz Aşgabatda guralan şu halkara forumymymyz barada aýdylanda bolsa, ony neşirýat we poligrafiýa ulgamy babatdaky döwlet syýasatynyň dabaralanmasy hem-de ýurtda we jemgyýetde amala aşyrylýan ägirt uly özgertmeleriň hemrasy hem-de durmuşa geçirijisi hökmünde häsieýtlendirmek bolardy. Bu halkara kitap sergimiz we kitap ýarmarkamyz Türkmenistanda ýokary halkara derejesinde öndürilýän poligrafiýa önümleri barada giňişleýin maglumatlary berer, poligrafiýa önümleri baradaky maglumatlaryň özboluşly uly görkezilişi-witrinasy bolar diýip umyt edýäris.
- Esasy Kanunymyzdaky ,,Türkmenistanda jemgyýetiň hem-de döwletiň iň gymmatly hazynasy

adamdyr“ diýlen altyna gaplaýmaly dürdäne sözler aýratyn buýsandyrýar.

Hakara forumynyň dowamynda onuň ähli gatnalşyjylary we daşary ýurtly myhmanlar ýurdumyzyň neşirýat pudagynyň 18 ýylyň içinde gazanan ýokary üstünlikleri bilen ýakyndan tanyşmak,medeni aragatnaşyklary ýola goýmak, özara tejrbe alyşmak, türkmen awtorlarynyň eserlerini daşary ýurtlarda çap edip çykarmak, edebiýat we sungat eserleriniň awtorlyk hukugynyň goralmagynyň ýola goýluşy bilen tanyşmak, ýokary okuw mekdepleri üçin , esasanam, Türkmenistanda giňden ösen nebitgaz, energetika we lukmançylyk senagaty pudaklaryna degişli okuw kitaplaryny çap edip çykarmak üçin awtorlyk hukuklaryny satyn almak babatda doly mümkinçilik aldylar.

Ylmy pikiriň ösüş derejesi jemgyýetiň ösüiniň we onuň potensial mümkinçilikleriniň aýdyň görkezisi bolupdy we bolmagynda galýar. Şonuň üçin-de, beýik Galkynyş eýýamynda türkmen çaphana senagatynyň geljegi bolan ýokary hünärli ýaş milli işgärleri taýarlamaga ünsi güýçlendirmek aýratyn möhüm wezipe bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda hünärli işgärleri taýýarlamaga hil taýdan täzeçe çemeleşmek we bu işi düýpli kämilleşdirmek zerurdyr.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy Moskwanyň döwlet çaphana uniwersitetine we Moskwanyň I.Fýodorow adyndaky neşirýat-çaphana kollejine işgärleri

taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak boýunça okuwy guramak baradaky haýyş bilen çykýar.

Neşirýat ulgamynyň Garaşsyzlyk ýyllary içinde ýeten belent sepgitlerini, derejelerini görkezýän neşir önümlerini synlamak sergi-maslahata gatnaşyjylarda örän ýakymly duýgy döretdi. Şonuň ýaly-da sergä gatnaşan daşary ýurtly myhmanlar bilen geçirilen maslahatlaryň, özara alşylan tejribeleriň Türkmenistanyň neşirýat pudagynyň mundan beýläk-de has ösmegine, kämilleşmegine itergi berjekdigi ikuçsyzdyr.

***

Häzirki günde, redaksiýalary kompýuterlsiz göz öňüne getirmek mümkin däl. „Kommersant“ neşirýat öýüniň tehnologiki innowasiýasy barada gürrüň edilse, onuň ilkinji sany 1990-njy ýylda 1990-njy ýylyň ýanwarynda çykan wagty, redaksiýa ýekeje otagda mesgen tutan eken. Üç ýyldan soň, „Kommersant“ neşirýat öýi peýda bolýar(„Kommersant-wlast“, „Kommersant-dengi“, Domowoý“, „Awtopilot“ atly gazet-žurnallar). Redaksiýanyň kärendesine alnan 4 gatly jaýy, iň häzirki zaman kompýuter tehnologiýalary bolýar. Iş amerikan prinsipine görä guralyp, aýna peregorodkalaryň aňyrsynda menejerler: bölbm müdirleri, gazetiň sanyny goýberijiler, ägirt uly habarçylar zallarynda bolsa žurnalistler, repraýterler (redaktorlar), wýorstkaçy-düzüjiler işleýärler. Tekstleriň, suratlaryň ölçegleri boýunça standart-ülňi

berk saklanylýar. Dürli gulluklaryň on sany töweregi gazetiň çykarylmagyna tehniki we informasion kömek bermek bilen meşgullanýarlar.

Innowasiýada informasion tehnologiýalara öz watgyda geçmeklikde diňe bir kompýutere geçilmegi däl-de, elektron poçtanyň ulanylmagy, Internetde gazetiň wersiýalarynyň döredilmegi hem möhüm ähmiýete eýedir. Häzirki günde Gda ýurtlary informasion tehnologiýalar bilen hereket etmegiň derejesi boýunça ABŞ-dan, Ýewropadan, Hytaýdan, Ýaponiýadan, Koreýadan örän yza galýarlar.

Tehnologiki rewolýusiýanyň özi žurnalistleriň nesliniň çalyşmagy baradaky meseläni ýeterlik pugta goýýar. Ýöne bu oýlanylyp tapylan zat bolsa gertek. Ol tehnikany özleşdirmäge bolan ukyplylyk bilen däl-de, adamlaryň mentallygy, täzelige taýýarlygy bilen baglanyşykly bolsa gerek.

Mazmun we bezeg taýdan innowasiýalar wajypdyr: täze standart düzülişler, reňkli görnüşe geçmek, tekstleriň mazmunynda we kompozisiýasynda anyk standartlar zerur. Gurmaçylyk babatda bölümleriň adaty strukturasy hem , ýa-da, anyk polosalara jogap berýän döredijilik toparlary hem bolup bilerler. Şeýle-de wertikal integrirlenen sanlaryň goýberilişi toparlar hem hereket edip bilerler. Mysal üçin, Pterburgyň „Smenasyny“ toparlaryň bäşisi gazekleşip çykarýar. Olaryň hersi hepdede bir gezek öz gününe jogap berýär.. „Moskowskiýe nowosti“ gazetiniň ganatynyň astynda redaksiýalaryň

birnäçesi, öz neşirlerini ýaýaratmagyň we öz dostawka gulluklaryny döretmegiň meselesini çözüpdirler.

Orsýetiň günbatar şäherleriniň gazetleriniň Assosiýasiýasy- 13 redaksiýa öz ösüşlerini maliýeleşdirmek we gymmat düşýän kreditleri almazlyk üçin öz maýalaryny birleşdiripdirler.

**Brend diýip** adatça anyk işlenilip düzülen meýilnama esasynda bazara iteklenýän söwda markasy atlandyrylýar.Özam, bu meýilnamada, naş orny brendi döretmeklik, ýagny, alyjynyň gözüniň öňünde söwda markasynyň oňyn tanalýan keşbiniň imijini döretmek durýar. Öndürilýän önümiň keşbini kesgitleýänligi üçin, söwda kärhanasynyň hemişe maddy däl aktiwi bolup durýardy. Düzgün bolşy ýaly, söwda markasy patent arkaly goralýar we degişli milli ýa-da halkara reýestrne girizilýär.

Adatça, gazetiň söwda markasy onuň sözbaşy bolup durýar. Tele-radiostansiýalaryň söwda markasy –logotipdir. Köplenç lgotipe mazamlama şygary, harydyň aýratynlygyny häsiýetlerndirýän onuň satyjy üçin özüne çekýän slogan-gysgaça şygar utgaşyp gidýändir.

Ol hem söwda markasynyň imijini döretmäge hyz,at edýär. Gazetde, adatça, mazamlama şygary sözbaşy bölümine çykarylýar. („Pawda“ gazetiniňki „Ähli ýurtlaryň proletarlary, birleşiň“Ž, „Türkmenistanyňly“ „Döwlet adam üçindir!“)

Mazamlama döwrüniň hakyky tejribesinde „Gazet Siziň üçin we maşgalaňyz üçin“, „Çözgüt

kabul edýänler üçin gazet“ ýaly şygarlar hem ulanylýarlar.

**Satuwy höweslendirmegiň usulary.**

Satuwy höweslendirmegiň usullary kärhanalaryň haryt hakyndaky maglumatlary ýaýratmak we maksatlaýyn satyn alyjylaryň hut şu harydy satyn almaklaryna ynandyrmak boýunça işidir. Bu diňe bir mazamlama kompaniýalary däl-de, kärhananyň ýa-da harydyň imijini emele geteirýän wagyzyň çäklerindäki dürli çärelerdir. Şeýle çäreleriň wezipesi satyn alyjylaryň subýektiw aňyna ýetirip, önümiň şu önümde özi üçin haýsydyr bir gymmatlylygy tapmagy üçin obýektiw artykmaç taraplaryny tapmaklaryny gazanmakdyr.

Iň gowy usul potensial satyn alyjy bilen söhbetdeş bolup, haryt bilen giňişleýin tanyşdyrmakdyr. Bu potensial alyjynyň hökmany jogap reaksiýasyny döredip biljek gatnaşyklary döretjek, belli bir nyrhlara bolan anyk şahsy gatnaşyklary döretmekligi göz öňünde tutýar.

Satuwy höweslendirmek – satyn alyjylary çekmekde gysga möhletleýin we bir gezekleýin çäreler,ýagny,bäsleşikler, kuponlar, baýraklar ýaly zatlary öz içine alýar.

Olar özüne çekiji bolýarlar, çünki, olar satyn alyja nähildir bir gymmatly, ýa-da peýdaly ýeňillikli ýagdaýy teklip edýärler. Jogap reaksiýasy güýçli we operatiw-derhal reaksiýa döreýär. Ýöne ol ýagdaý durnukly däldir, ýagny, durnukly islegi emele

getirmeýär. Ol diňe bazary öwrenmek, söwda pese gaçanda, kompaniýany alyp çykmak üçin satuwy janlandyrmak zerur bolanda ähmiýetlidir.

Pablik rileýşinz (propaganda, wagyz)- ýiti mazamlamak däl-de, şahsy däl we tölenmeýän täsir-ygtybarly maglumat bilen täzelik aýdylýan satyn aljylaryň giňden öz içine alynmagy.

-**Mazamlama.** Täjirçilik häsiýete eýedir. Gazet mazamlamasy arzanrak, radio-telewideniýe mazamlamasy bolsa gymmadrak bolýar.Ol söwdany güýçlendirmek üçinhem, ýa-da, harydyň durnukly oňyn obraz-keşbini- brendini saklamak üçin edilýär.

Halkyň köpçülikleýin sarp edýän harytlarynyň, şol sanda Habar beriş serişdeleriniň önüminiň satuwynda mazamlama hut ýerlemekligiň höweslenditijisi hökmünde zerurdyr. Senagat harytlarynyň satuwynda bolsa—şahsy satuw usuly we ýerlemekligiň höweslendiririmlegi usuly hökmünde möhümdir.

Iki hili strategiýa bar: haryt geçirilýän tutuş ulgamyň zwenolary boýunça (lomaý, bölek) söwda harydy iteklemeklik (öndürijiniň özi harydyny alyja hödürleýär).

## Nyrh emele getiriliş

*Nyrh düşünjesi*. Bazardaky islendik harydyň öz nyrhy bolýar. Satyn alnan iýmit önümleri, geýim-gejim, gazet-žurnal, radiopriýemnik üçin pul tölenýär. Ýaşaýanlygyň üçin jaý tölegi, ulag, üçin töleg alynýar. Gazet-žurnallar, radioýaýlymlar kärhanalara belli bir

bahalarda mazamlama hödürleýär. Žurnalist. aýdaly, bir gurama tarapyndan ýygnalan agzalyk gatançlaryny ogurlamaga ýardam edip, para alan çinownik hakda ýazylan öz makalasy üçin galam hakyny alýar.
Çinownigiň bahasy onuň alan haky, işçiniň bahasy – onuň aýlygy bolýar. Satyjy harydy satanlygy üçin komissionnynyň göteriminiň hasabyna ýaşaýar.
**Nyrh-** satyjy tarapyndan anyk haryt (hyzmat) üçin satyn alyjydan alynýan pul möçberi.
Aslynda, ähli täjirçilik we köp täjirçilik däl guramalar, adamlaryň köpüsi, goý ol hakyna tutulyp işledilýän, ýa-da özbaşdak işleýän bolsun,parhy ýok, öz harydy ýa-da hyzmaty üçin nyrh bellemek meselesi bilen öüzbe-ýüz bolmaly bolýarlar.

Gadymdan bäri her bir harydyň nyrhyny goýup, onsoň alyjy bilen özara söwdalaşyp, ýokary düşewünt arzuwlan satyjy bilen has arzanrak nyrhdan satyn almagy niýetlän alyjynyň arasynda bir netijä gelnen nyrh. Bazarda köplenç häzirem şeýle edilýär. Söwda etmekde Gündogar we Günorta ýurtlaryň ýaşaýjyllarynyň häsiýetli aýratynlygy bolup durýar.

Emma ösen bazarda şeýle hem gözegçilikde saklanýan (kadalaşdyrylýan) ykdysasdyýetde nyrhlar ortalaşan ýeke-täk nyrha ymtylýarlar. Bölek satuw söwda iri söwda kärhanalarynyň ösmegi bilen, anyk haryt üçin bir meňzeş nyrh diýen düşünje döredi. Ol teklip bilen islegiň deňagramlylygynyň netijesi hökmünde kesgitlenilýär. Bu bazarda bolup geçýän köp geleşikleriň nyrhy bolup durýar. Nyrh satyn

alyjynyň haryt saýlap almakda iň baş faktory bolupdy, şeýle bolmagynda hem galar.

**Nyrhyň emele gelmeginiň shemasy-** has pes nyrh- girdeji gazanmak mümkin däl. Mümkin bolan nyrh-özüne düşýän gymmaty, basdeşleriň nyrhy harydyň täsin oňat tarapy. Has ýokary nyrh- islegi emele getirmek mümkin bolmaýar.

Adatça, nyrh emele getirmek boýunça wezipe goýlanda, isleg anyklanylýar, harajatlara baha berilýär, bäsdeşleriň nyrhlary seljerilýär, nyrh emele getirmegiň usullary saýlanylyp alynýar we gutarnykly nyrh goýulýar. Özen bazar ykdysadyýetinde alyjynyň haryt saýlamagyna nyrh däl faktorlar, ýagny, satylmagyny höweslendirmek, harydyň guramaçylykyly paýlanylmagy, hyzmatlar, müşderiler üçin serwis hem güýçli täsir edip biler.

Pes nyrhlar, haçan-da, bazardaky öz eýeleýän pozisiýaňy saklap galmaklyk girdejiden has möhüm bolan mahaly goýulýar.

Başga bir tarapdan, iň ýokary girdejä ymtylmak bolar.

***E D E B I Ý A T***

1. Gurbanguly Berdimuhamedow. Meniň iň esasy we iň ygtybarly daỳanjym halkym bolar. -Aşgabat, 2007.
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söymek bagtdyr.-Aşgabat, 2007.

3. Gurbanguly Mälikgulyỳewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehal. Aşgabat, 2007.
4. Gurbanguly Berdimuhamedow. “Türkmenistanda saglygy goraýyşy ösdürmegiň ylmy esaslary” – Aşgabat, 2007.
5. Gurbanguly Berdimuhamedow. “Eserler ýygyndysy” – Aşgabat, 2007.
6. Gurbanguly Berdimuhamedow. “Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhybelentligiň ýurdy” – Aşgabat, 2007.
7. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty – Aşgabat, 2007.
8. Gurbanguly Berdimuhamedow. “Ösüşiň täze belentliklerine tarap” – Saýlanan eserler. 1-nji tom – Aşgabat 2008.
9. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap – Saýlanan eserler. 2-nji tom – Aşgabat 2009.
10. Türkmenistanyň Kanunlary – “Bilim hakynda”, “Ylmy işgäriň hukuk ýagdaýy hakynda” – “Türkmenistan” gazeti, 2009-njy ýylyň 20-nji awgusty.
11. Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli Baş ugry Milli maksatnamasy., A., 2003.
12. ,, Ata arzuwyny amala aşyrýan agtyk”, A., 2010.
13. ,,Görnükli mugallym, ilhalar ynsan, watançy esger”, A.,

14. Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna”, ..Türkmenistan” gazeti, 10.05.2010.

## II. Goşmaça edebiýatlar:

1. „Menejment” okuw kitaby, A., 2001.
2. „Makroykdysadyýet” okuw kitaby, A., 2001.
3. „Mikroykdysadyýet” okuw kitaby, A., 2001.
4. „Türkmenistanyň ykdysadyýeti” okuw kitaby, 2001.
5. „Türkmenistanyň altyn asyry” žurnaly, 2000-2008 ý.ý.
6. W.W. Gluhow, Menedžment, Sant-Peterburg., 1999.
7. M.R. Wesnini, „Osnowy menejmenta”, M., 1999.
8. M.M. Meskon, M. Albert, F. Hedouri. „Osnowy menedžmenta., M., 1995.
9. Lebedew W.I., Psihologiýa uprawleniýa”, M., 1990.
10. AlehinaA. „Imidž I etika delowogo çeloweka”.M., 2001.
11. Botawina R.N., „Etika delwyh otnoşeniý” , M., 201.
12. A.A. Tompson, ml. A.Ž. Striklend , „Strategiçeskiý menedžment”, M., INFRA-M 2001.
13. Kotler, K.L. Keller, Marketing, menedžment”, Piter, 2008.

*14.Алешина И.* Паблик рилейшнз для менеджеров и маркетеров. М., 1997.

*15.Вартанова Е.Л.* Медиаэкономика зарубежных стран. М., 2003.

*16,Гуревич С.М.* Газета и рынок: как добиться успеха. М., 1999.

*17.Гуревич С.М.* Экономика средств массовой информации. 2-е изд. М., 2001.

*18.Иваницкий В.Л.* Практические методы достижения экономической стабильности независимых СМИ. М., 2000.

*19.Каверин В.И.* Экономика редакции газеты. М., 2002.

*20.Кулев В.С.* Методические материалы к курсу «Основы экономики СМИ». М., 2001.

21.Менеджмент СМИ в 2002 году/ Под ред. В.Л. Иваницкого. М., 2002.

*22. Назайкин Р.* Рекламная деятельность газет и журналов. М., 2002.

23.Региональная пресса: проблемы менеджмента. М., 2001.

24. Семь нот менеджмента. 3-е изд. М., 1988.